Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

O. KARIMOWA, N. ISMATOWA, Ş. SARIKOW, O. AMANOWA

# ÖZBEGISTANYŇ DÖWLET WE HUKUK ESASLARY

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi umumy bilim berýän mekdepleriň 8-nji synpy üçin derslik hökmünde hödürleýär

http://eduportal.uz

"Huquq va Jamiyat" neşirýaty
Daşkent – 2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 372.83(075)
BBK 67.0(5O‘)
O‘-21

**Awtorlar topary:**

**O. Karimowa**
**N. Ismatowa**
**Ş. Sarikow**
**O. Amanowa**

**E. Sarikowyň usuly redaksiýasy bilen.**

**Jogapkär redaktor:**

***H. Odilkariýew*** *– ýuridik ylymlaryň doktory, professor.*

**Syn ýazanlar:**

***A.A. Dadaşewa*** *– DYDU kafedra müdiri, yuridik ylymlaryň kandidaty, dosent; Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrliginiň hukuk wagyzy we hukuk bilimi müdirliginiň başlygy;*

***N.Z. Hakimow*** *– Respublikan tälim merkeziniň metodisti; "Döwlet we hukuk nazaryýeti we taryhy" kafedrasynyň dosenti;*

***O.I. Orziýew*** *– Daşkent şäheriniň Ýunusabat tümenindäki 265-nji mekdebiň hukuk predmeti mugallymy;*

***K.U. Ehsonow*** *– Daşkent şäheriniň Ýunusabat tümenindäki 265-nji mekdebiň hukuk predmeti mugallymy;*

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan kärende üçin çap edildi.**

ISBN 978-9943-5875-7-1

© **«Huquq va Jamiyat» MCHJ** shaklidagi nashriyot, 2019

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DERSLIKDEN PEÝDALANMAK BOÝUNÇA UMUMY GÖRKEZMELER

Her bir tema degişli materiallar aşakdaky bentlere bölünen we mälim tertip esasynda dersligiň sahypalarynda ýerleşdirilen.

1. Dersiň tertip nomeri we temanyň ady.
2. Tema degişli, esasan, öýde okamak üçin niýetlenen esasy tekst.
3. Okuwçylary ugrukdyryjy hem-de pikirlenmäge ündeýän görkezmeli materiallar, soraglar we ýumuşlar.
4. Tema boýunça daýanç adalgalaryň kesgitlemesi.
5. Özleşdirilen bilimleri berkitmek, gaýtalamak we öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar.
6. Tema boýunça logiki pikirlenmä daýanmak bilen toparlara bölünip döredijilikli iş bilen meşgullanmak üçin ýumuşlar.
7. Tema degişli taryhy maglumatlar.
8. Amalyýete degişli ýumuşlar.
9. Düşündiriş üçin tekstler, sitatalar, hukuk resminamalaryndan maddalar.
10. Tema degişli goşmaça maglumatlar we sitatalar.




Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyndan getirilen maddalar.




Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksinden getirilen maddalar.




Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksinden getirilen maddalar.

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 1-nji tema

# Özbegistan Respublikasy – özbaşdak döwlet











## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Ýokardaky suratlardan peýdalanyp soňky ýyllarda döwletimizde alnyp barylýan her taraplaýyn özgertmeler adamyň, halkyň bähbitlerini gözläp amala aşyrylýar " diýen pikiri düşündirip beriň .*
2. *Döwletimiz özbaşdak döwlet bolman beýleki döwletlere tabyn bolanda halkymyzyň, her bir ynsanyň , siziň we biziň peýdalarymyz,*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*hukuklarymyz we azatlyklarymyz, milli gymmatlyklarymyz şeýle gadyrlanarmydy? Garaşsyzlyk halkymyza näme berdi?*

3. *Ýurdumyzyň ähli çäklerinde soňky ýyllarda ençeme Halk kabulhanalarynyň açylmagynyň sebäbi näme? Olaryň işi hakynda nämeleri bilýärsiňiz ? Olar kime hyzmat edýär? Ol ýere kim, näme sebäpden ýüz tutýar?*
4. *"Hukuk sowatsyzlygy" diýende nämäni düşünýärsiňiz?*
5. *Kanunlary bilmeýänligiňiz üçin gynanan pursatlaryňyz boldumy?*
6. *Öz hukugyňyzy bilýänligiňiziň kömek eden ýagdaýlaryna mysal getiriň.*

Ýurdumyzda soňky ýyllarda şeýle özgerişler, täzelikler bolup geçýär, bu täzelikleriň joşgunyndan, geriminden, her taraplaýynlygyndan aklyň haýran galýar. Gysga wagtyň dowamynda gurulýan binalar we gurluşyklar, işe düşürilýän zawod we fabrikler, peýdalanmaga tabşyrylýan mekdepler we saglygy goraýyş mesgenleri, dynç alyş jaýlary , sport, sungat, medeniýet mesgenleriniň ählisi halk üçin , siz we biz üçin gurulýar .

Soňky ýyllarda, garaşsyzlygy gazananymyzdan soňky döwürde ilkinji gezek garaşsyzlygyň düýp manysyny aňladýan taglym — ynsan bähbitlerini döwletimiziň işiniň merkezine alyp çykmak taglymy öňe sürüldi.

Erkin, özbaşdak ýaşamak, özüniň mümkinçiliklerini, ukybyny doly ýüze çykarmak ähli şertler taýýar edilen ýerde ýaşamak, güzeran geçirmek her bir adamzadyň ozaldan arzuwy bolup gelipdir. Adamyň bu arzuwunyň amala aşmagy, onuň ýaşaýan ýurdunyň hakyky erkin, bagtly durmuşy üpjün edip bilmegi üçin şu ýurtda belli bir ykdysady-sosial we syýasy-hukuk şert bolmalydyr. Bu ýerde adam hukuklaryna we azatlyklaryna bolan üns iň ýokary derejede bolmalydyr. Çünki adam özüni özbaşdak we bagtly duýmagy üçin, ilki bilen, hökman onuň hukuklary we azatlyklary üpjün edilen bolmaly

Her bir jemgyýetiň esasy ölçegi hasaplanýan adam hukuklary halkara hukugyň obýekti hökmünde 1948-nji ýylda "Adam hukuklarynyň ählumumy Deklarasiýasynyň" kabul edilmegi bilen resmi taýdan ykrar edildi. BMG Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen şu resminamanyň taryhy ähmiýeti-de, ilkinji gezek dünýä bileleşigi adam we onuň hukuklaryny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goramagy halkara mesele derejesinde ykrar edenliginde. Garaşsyz ýurtlaryň hatarynda Özbegistan Respublikasy hem garaşsyzlygyny gazanandan soň belli bir hukuklara we borçlara eýe boldy. Bularyň içinde iň möhümi we ileri tutulýany ýurdumyzyň çäginde adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek, ýurdumyzyň raýatyny giň manydaky erkin we özbaşdak şahsyýete öwürmekdir.

Ýurdumyzyň ähli çäklerinde iş alyp barýan Halk kabulhanalary, döwlet edaralarynyň halkyň problema we arzalary boýunça ýerlerde iş alyp barmagy, kem üpjün bolan maşgalalara aýratyn gamhorlyk görkezilip başlamagy, ýaşlaryň terbiýesine, olary iş bilen üpjün etmäge bolan üns, bularyň ählisi ýurdumyzda halkyň bähbitleriniň ileri tutulmagynyň aýdyň subudydyr. Iň esasysy, ynsanyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek döwletimizdäki her taraplaýyn özgertmeleriň esasy taglymy, maksady edip bellendi.

Adam bähbitlerini, hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek bilen ýurduň garaşsyzlygynyň arasynda göni we aýrylmaz baglanyşyk bar.

Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygyny gazanmagy netijesinde aşakdaky hukuklara eýe boldy:

— eldegrilmesizlik, öz çägine we araçägine eýelik hukugy;

— şahslary raýatlyga kabul etmek we raýatlykdan mahrum etmek hukugy;

— öz esasy kanuny — Konstitusiýasyny, kodekslerini we kanunlaryny kabul etmek hukugy;

— kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine eýelik hukugy;

— öz ýaragly güýçlerini guramak hukugy;

— halkara hukuk subýekti hökmünde daşary ýurtlar bilen özbaşdak ýagdaýda aragatnaşyklary ýola goýmak hukugy;

— öz emlägine eýelik, býujet, salgyt we maliýe ulgamlaryny guramak hukugy;

— öz gaznasy we pul birligi – milli walýutasyny girizmek hukugy;

— öz sud ulgamyny guramak we sud işlerini özbaşdak ýöretmek hukugy;

— öz gerbine, baýdagyna, senasyna we paýtagtyna eýe bolmak hukugy;

— döwlet diline eýelik hukugy;

— öz ösüş ýoluny, öz adyny, öz administratiw gurluşyny özi kesgitlemek hukugy;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



— umumy sala-salşygy (referendum) geçirmek hem-de häkimiýet we dolandyryş organlarynyň tertibini bellemek hukugy.

Görşümiz ýaly, garaşsyzlyk Özbegistan Respublikasyna ençeme aýrylmaz hukuklary berdi. Bu hukuklar ýurt möçberindäki hukuklardyr.

Garaşsyzlyk Özbegistan Respublikasy bilen onuň her bir raýatynyň arasyndaky gatnaşyklara-da öz täsirini ýetirmän galmaýar.

Özbaşdak adam diýende biz öz ýurdunda erkin we bagtyýar ýaşamak üçin ähli zerur hukuklara eýe bolan, olardan arkaýyn peýdalanyp bilýän şahsyýete düşünýäris. Ähli adamlara, ýurduň ähli raýatlaryna deň hukuklary we azatlyklary bolsa döwlet üpjün edýär. Ýöne öz raýatlaryna hukuklary we azatlyklary üpjün etmek, olary giň manydaky özbaşdak etmek üçin döwletiň özi özbaşdak bolmalydyr. Çünki diňe hakyky özbaşdak döwlet öz raýatlarynyň bähbitlerinden gelip çykyp, olaryň parahat, asuda we bagtyýar ýaşamaklaryny üpjün edýän sosial-hukuk şertleri düzüp bilýär. Diňe hakyky özbaşdak döwlet adam hukuklary we azatlyklary ileri tutulýan kanunçylygy döredip biler. Diňe hakyky özbaşdak döwlet öz raýatlarynyň şu kanunçylyk esasynda ertirki güne bolan ynam bilen ýaşamaklaryny üpjün edip bilýär.

Prezidentimiz Şawkat Mirziýaýewiň başlangyjy bilen 2017 - 2021-nji ýyllarda Özbegistany ösdürmegiň 5 sany esasy ugry boýunça Hereketler strategiýasynyň kabul edilmegi ýurdumyzda siz we biziň, her bir raýatyň, bütin Özbegistanyň halky üçin, parlak gelejek , hem-de hukuklaryň we azatlyklaryň üpjün edilmegi baradaky esasy özgertmeleri amala aşyrmaga itergi berdi. Hereketler strategiýasynyň “Kanun üstünligini üpjün etmek we sud-hukuk ulgamyny has-da kämilleşdirmek ” diýip atlandyrylan 2-nji ugrunda “raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny ynamly goramak kepilliklerini pugtalandyrmak” aýratyn bellenmegi-de döwletimiziň adam bähbitleri, onuň hukuklaryna we azatlyklaryna bolan ünsüniň aýdyň subudydyr .

Özbaşdak döwletimiz başga döwletlere tabyn bolmazdan öz syýasatyny ýöretmek, öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugyna eýe bolsa, biz, her bir raýat, şu garaşsyzlyk sebäpli berlen hukuklarymyzdan peýdalanyp erkin we bolelin ýaşamak mümkinçiligine eýe bolýarys.

Garaşsyzlyk mynasybetli siziň bilim almagyňyz, dynç alşyňyz, döredijilikli iş bilen meşgul bolmagyňyz, sport bilen meşgullanmagyňyz,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hünärli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmagyňyza mümkinçilik döredildi. Ýagny siz öz özbaşdak watanyňyzda abat durmuş geçirmek we öz hukuklaryňyzdan peýdalanmak mümkinçiligine eýe bolduňyz. Döwlet bolsa şu mümkinçilikleri döredip berýär we kepillendirýär.

## Düşündiriň!




Raýatlar öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmakda başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitlerine, hukuklaryna we azatlyklaryna putur ýetirmeli däldirler.

*20-nji madda.*

## Döredijilikli iş

*1. Öz hukuklaryňyzyň sanawyny düzüň.*
*2. Öz borçlaryňyzyň sanawyny düzüň.*
*3. "Garaşsyzlyk" sözüne berlen kesgitlemäni depderiňize ýazyň we ony düşündirip beriň.*
*4. Özüňiziň hukuk sowatlylygyňyza özüňiz baha beriň.*
*5. Näme üçin adam hukuklaryny üpjün etmek döwlet üçin esasy wezipe hasaplanýar? Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin döwletimiz nähili çäreleri amala aşyrýar?*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ýurdumyzda soňky ýyllarda amala aşyrylýan özgertmeleriň esasy taglymy— maksady nämede?
2. Döwlet tarapyndan adamyň bähbitlerini gözläp amala aşyrylýan işlere öz ýaşaýan çäkleriňizden mysallar getiriň.
3. Adam hukuklaryna we azatlyklaryna ünsüň artmagynyň sebäbi nämede?
4. "Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy" kabul edilmeginiň ähmiýeti barada gürrüň edip beriň.
5. Garaşsyzlyk Özbegistan Respublikasyna nähili hukuklary berdi?
6. "Garaşsyz adam" diýende siz nähili adamy düşünýärsiňiz?
7. Ýurduň özbaşdak bolmagy onuň her bir raýaty üçin nähili ähmiýeti bar?
8. Adam hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek barada Konstitusiýamyzda nämeler diýilýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Biziň işimiz iň möhüm konstitusiýa esaslanan düzgüne – sosial adalat ugruny üpjün etmäge gönükdirilmelidir.*

*Sosial adalat – bu syýasy garaýyşlaryna , jynsyna, milletine, diline we dini ynamyna garamazdan, kanunyň öňünde ähli raýatlaryň deňligini üpjün etmekdir .*

***Şawkat Mirziýaýew***

# I BAP

# ŞAHS, JEMGYÝET WE DÖWLET




***Şahs***
***Jemgyýet***
***Döwlet***
***Döwletiň funksiýalary***
***Döwletiň dolandyryş şekli***
***Syýasy tertibi***

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 2-nji tema

# Şahs













## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Suratlarda görkezilen adamlar fiziki, maddy, akly we ruhy taraplary bilen biri-birlerinden nähili tapawutlanýarlar diýip oýlaýarsyňyz?*
2. *Siziň pikiriňize görä suratlardaky adamlaryň nähili umumy taraplary bar?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*3. Näme üçin adamlar doglanynda birmeňzeş mümkinçiliklere we aýratynlyklara eýe bolýarlar, emma ulaldygy saýyn biri-birinden tapawutlanyp başlaýarlar?*
*4. Adamyň özüniň maşgalasynda, mekdebinde, ýokary okuw jaýynda ýa-da iş jaýynda abraý gazanmagy nämelere bagly diýip pikir edýärsiňiz?*
*5. Islendik adam üçin iň gadyrly bolan zatlary sanap beriň.*
*6. Aýratyn görnüşli adamlar üçin gadyrly bolan, emma başgalar üçin möhüm hasaplanmaýan zatlara mysal getiriň.*
*7. Milli we umumynsany gymmatlyklara mysallar getiriň. Bu gymmatlyklaryň adam üçin ähmiýetiniň möhüm bolmagy buadam hakynda nähili düşünje oýarýar?*

Adam her bir diri jandar ýaly janly tebigatyň bir agzasy, elementidir. Emma adam tebigatdaky başga jandarlardan özüniň ençeme taraplary bilen tapawutlanýar. Ynsan – tebigatdaky iň ösen, aňly jandardyr . Ol hem edil beýlekiler ýaly diri jandar. Onuň edil haýwanlarda bolşy ýaly , tebigy zerulyklary, ynha şu zerurlyklary kanagatlandyrmaga ymtylýan wagtda ýüze çykýan, instinkt diýip atlandyrylýan sypaty bar. Emma adamyň haýwanlar bilen umumy taraplary şunuň bilen gutarýar. Ýagny, adam aňly, akylly jandar görnüşindäki taraplaryny ýüze çykaryp başlaýar, bu taraplar diňe tebigatyň adamzat diýip atlandyrylýan bölüminiň wekili bolan adama mahsusdyr.

Her bir aýratyn adam – bu indiwid. Ol aýal ýa-da erkek , ýaş ýa-da garry , belent ýa-da pes boýly, arryk ýa-da semiz diýip taryplanýan umumy aýratynlyklara , nahar , suw, başpena , geýim-gejim ýaly umumy zerurlyklara, ata-enä, öz öýüne baglylyk, küýseg, söýgi ýaly tolgunmalarda ýüze çykýan duýgulara eýe. Adamyň bu taraplary ähli adamlara birdeňdir. Ýagny adam doglup ösýän wagtynda bu taraplar özünden-özi az-azdan şekillenýär. Ynha şu indiwid, adam, ynsanyň nähili şahsa öwrülmegi, ýagny adamyň şahs hökmünde şekillenmek hadysasy ynsanyýeti gadym zamanlardan bäri gyzyklandyryp gelýär.

Onda, adam nähili edip şahsa öwrülýär? Nähili adamy biz şahs diýip atlandyryp bileris?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şahs hem , elbetde adam, adam , indiwid. Emma onda tebigy aýratynlyklar, zerurlyklar, duýgulardan başga birnäçe ähmiýetli bolan taraplar bar. Meselem, şahs üçin birnäçe gymmatlyklar möhüm. Bu gymmatlyklara mysal edip öz öýüni – maşgalasyny , döwletini – watanyny, mähellesini – goňşularyny, okuw jaýyny – synpdaşlaryny ýa-da kursdaşlaryny, iş jaýyny – kärdeşleri ýalylary getirmek mümkin. Bu gymmatlyklary gazanmak, olary saklamak we goramak onuň ýaşaýyşdan maksady, mazmuny bolup hyzmat edýär. Şahsa ýaşaýyş prinsipleri, töwerekdäkiler bilen gatnaşyk düzgünleri, özüniň ýaşaýan, işleýän şertinde abraýa, mertebä eýe bolmak islegi ýalylar mahsusdyr.

Şahs özüniň duýgularyny we zerurlyklaryny jylawlap bilýär. Onda aň we erk-isleg güýçli. Şahs öz içki dünýäsini bilýär, düşünýär we belli bir sistema salyp bilýär.

Şahs öz-özüni we öz durmuşyny döredýär. Munda ol özüni we öz töweregindäki şertleri üýtgedýär, şekillendirýär. Şahs diňe özüni alada etmeýär. Ol töweregindäkileri, ýaşaýşy, mähelläni, döwleti, watany hakynda hemişe oýlaýar, alada edýär, gamhorluk edýär. Adamyň nähili derejede şahs bolup şekillenenliginiň ölçegi, normasy hökmünde onuň öz şahsyýeti bilen nähili derejede töwerekdäki başga adamlara, watanyna we durmuşa täsir edip bilýänligini görkezmek mümkin.

Biz Emir Temur, Jelaletdin Menguberdi, Alyşir Nowaýy, Zahiriddin Muhammet Babur ýaly babalarymyzy dile alanymyzda olary beýik şahslar diýip hormatlamagymyz hem şahs düşünjesiniň nähili mertebelidigini aňladýar.

Adamyň şahs görnüşinde şekillenmeginde maşgala, mekdep, oba-goňşular, mähelle we dostlarynyň täsiri uly. Maşgala çaga üçin iň birinji esaslary döretse, çagalar bagy, mekdep ýa-da başga bilim mesgenleri zerur bilim, başarnyk we ukyplary berýär. Oba-goňşular we mähelle däp-dessurlar bilen tanyşdyrýar, töwerekdäkiler bilen gatnaşyk etmegi öwredýär. Adamyň nähili şahsa öwrülmegi köp tarapdan döwletiň ýaş nesliň terbiýesine gönükdirilen syýasatyna bagly. Özbegistanda soňky ýyllarda Prezidentimiz Şawkat Mirziýaýewiň başlangyjy bilen amala aşyrylýan özgertmeleriň iň möhüm ugurlaryndan biri ýaş nesliň terbiýesine, gelejekde parlak durmuş



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



we gülläp ösýän döwletiň gurujylary bolan şahslary kemala getirmäge gönükdirilendir. Özgertmeleriň merkezine hut şahs, onuň azatlygy, bähbitleri, arzuw-islegleri, hereketleri goýlan.

***Şahs*** diýende özboluşly aýratynlyklara, isleglere, arzuw-umytlara, bilimlere, başarnyklara, ukyplara eýe, ruhy dünýäsi baý bolan adama düşünilýär.

Şahs hökmünde şekillenen adam ýeterli derejedäki akyla, bilime, talanta, güýç-kuwwata, tejribä, kär ukybyna, ylma, fiziki we ruhy saglyga, ýagny ynsan kapitaly diýip atlandyrylýan baýlyga eýe bolmalydyr.

Ynsanyň ruhy baýlygy - onuň dünýägaraýşy, özüni alyp barşy, edebi, medeniýeti ýaly ruhy dünýäsi bilen bagly häsiýetleri ynsan kapitalynyň esasy düzüjilerinden hasaplanýar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň esasy maksady edip edil ynsan kapitalyny ösdürmegiň bellenenligi hem ýöne ýere däl. Çünki, ynsan kapitaly – döwletimiziň dünýä arenasyndaky bäsdeşligini üpjün edip berýän faktordyr. Bu soňky ýyllarda döwletimiz tarapyndan kabul edilýän täze kanunçylyk resminamalarynda hem öz beýanyny tapýar.

Siz ösüp, ulalyp şahs hökmünde kemala gelende özüňizde watana bolan söýgüni terbiýeläp barmalysyňyz. Sizdäki watançylyk ruhy we döwletiň siziň şahsy kemala gelmegiňiz boýunça gamhorlygy siz we watanyň arasyndaky maksatlaryň, hereketleriň birliginden habar berýär. Ynha şu birlik siziň şahslygyňyzyň ösüşi, siz ýaly ýaş nesliň kemala gelmegi, bularyň hemmesi öz gezeginde watanyň gelejekdäki ösüşini kepillendirip berýär. Çünki Watanyň gelejegi siz ýaş nesliň eliňizde.

## Döredijilikli iş

*Özüňiziň basyp geçen ömür ýoluňyzy analiz ediň. Munda:*

1. *Geçen ömrüňizi döwürlere bölüp alyň: a)çagalyk döwrüňiz; b) mekdebe çenli bolan döwrüňiz ; ç) başlangyç synplardaky döwrüňiz; d)ýokary synplardaky döwrüňiz .*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*2. Her bir döwürdäki özüňiziň mümkinçilikleriňizi bahalap ýazyp çykyň. Her bir döwürde siz şahs diýip atlandyrmaga nähili derejede mynasyp bolduňyz ?*
*3. Siziň kämil şahs diýip at almagyňyz üçin size nämeler ýetişmeýär?*
*4. Geljekki durmuşyňyzy döwürlere bölüp çykyň: a) mekdep döwrüňiz; b)mekdepden soňky tälim döwrüňiz (kollež, ýokary okuw jaýy we başgalar.); ç) zähmet döwrüňiz ; e) garrylyk döwrüňiz .*
*5. Bu döwürler boýunça hem edil ýokardaky ýaly analiz we bahalamagy ýazma görnüşde amala aşyryň.*
*6. Siz haçan özüňizi kämil şahs diýip bilýärsiňiz?*
*7. Bu kämilligi gazanmagyňyz üçin haýsy döwürde nämeler etmeli bolarsyňyz ?*
*8. Işiňiziň netijesini synpdaşlaryňyz bilen deňeşdiriň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Adamyň ony beýleki diri jandarlardan tapawutlandyryp durýan taraplaryny sanap beriň.
2. Tolgunmalar we zerurlyklar adamyň durmuşynda nähili orun tutýar?
3. Adamyň şahs görnüşinde şekillenmegine nähili faktorlar täsir edýär?
4. Şahs üçin gymmatlyklaryň nähili ähmiýeti bar?
5. Şahs üçin möhüm bolan gymmatlyklara mysallar getiriň.
6. Şahsyň şekillenmeginde döwletiň nähili ähmiýeti bar?
7. Döwletimiz ýaş nesliň kämil şahslar bolup kemal tapmagy üçin nähili mümkinçilikler döredip berýär? Bu mümkinçiliklere mysallar getiriň.
8. Özbegistanda Prezidentimiziň başlangyjy bilen amala aşyrylýan her taraplaýyn özgertmeleriň esasynda ynsan, onuň bähbitleri, ýaş nesli kämil şahslar edip kemala getirmegiň ýola goýulmagy sizi, siziň deňduşlaryňyzy nämä çagyrýar ?
9. Ynsan kapitalynyň adamyň şahsa öwrülmegindäki ähmiýetini düşündiriň.
10. Nähili taryhy şahslary "beýik şahslar" diýip atlandyrmak mümkin? Siz beýle şahslardan kimleriň atlaryny aýdyp bilersiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 3-nji tema Jemgyýet



## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Siz jemgyýet diýende nämäni düşünýärsiňiz?*
2. *Özüňizi jemgyýetiň agzasy diýip hasaplaýarsyňyzmy?*
3. *"Jemgyýet" we "jemagat" düşünjeleriniň arasyndaky tapawudyny nähili düşündirýärsiňiz?*
4. *Suratlarda görkezilen adamlaryň ählisini jemgyýet agzalary diýip atlandyrmak mümkinmi? Munda käbir adamlaryň daşary ýurt raýatlary bolmagy mümkinligini hem hasaba alyň.*
5. *Suratlara seredip, olarda görkezilen her bir şahsyýeti häsiýetlendirip bermäge çalşyň. Munda olaryň arasyndaky umumylyklary we tapawutlary aýry-aýry görkeziň.*
6. *Bäbek doglanda biz adatda, "jemgyýetiň täze agzasy dünýä indi", – diýýäris. Bu pikir dogrumy? Pikiriňizi esaslandyryň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7. *“Jemgyýet” we “ilat” adalgalarynyň haýsy ýagdaýlarda ulanylýandygyny bilýärsiňizmi? Bilýän bolsaňyz şeýle ýagdaýlara mysallar getiriň.*
8. *Suratlardaky dürli taýpadaky adamlary näme we nähili serişde arkaly birleşdirýär diýip oýlaýarsyňyz?*

Siz “jemgyýet” sözüni durmuşda köp gezek eşidensiňiz. Meselem, ençeme firmalaryň adynyň ýanyna “jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet” diýip ýazylyp goýlan bolýar. Beýle firmalary birnäçe adam bilelikde telekeçilik işini ýöretmek maksadynda döredilýär. Ýagny olar bilelikde iş ýöretmek maksadynda kiçi jemgyýet düzýärler. “Sarp edijiler jemgyýeti”, “Körler jemgyýeti”, “Filosoflar jemgyýeti” ýaly adalgalary hem eşidensiňiz, ähtimal. Bu jemgyýetlere öz gezeginde sarp edijiler öz hukuklaryny bilelikde goramak maksadynda, körler bilen bilelikde önümçilik ýa-da döredijilikli iş bilen meşgullanmak maksadynda, filosof alymlar filosofiýa ugrundaky çylşyrymly soraglara bilelikde jogap tapmak, hyzmatdaşlykda ylmy barlaglary alyp barmak maksadynda birleşýärler.

Ynha şu agzalan jemgyýetleriň haýsy birini alsaň-da belli bir adamlar topary belli bir maksatlary amala aşyrmak maksadynda özara birleşendiklerini görýäris. Ýöne bu jemgyýetleriň her biri dar manydaky jemgyýete mysal bolup biler.

“Jemgyýet” adalgasynyň giň, doly manysyny öwrenmek üçin ýene siziň durmuşyňyzdan mysal getirýäris. Ulular size ýa-da ýoldaşlaryňyza “ösüp, ulalyp parahat abat jemgyýetimiziň mynasyp agzasy bolup kemala ýetsin” diýen dilegler bildirenliginiň köp gezek şaýady bolansyňyz. Eýsem, bu ýagdaýda nähili jemgyýet barada gürrüň edilýär? Siz bilen biz hut şu siz-hem biz, uly we kiçi ählimiz agzasy bolan giň manydaky jemgyýet bilen tanyşarys.

Iň gadymy zamanlarda — ilkidurmuş obşina gurluşy döwründe adamlaryň arasynda özboluşly kadalar bolupdyr. Adamlar ilkinji gezek süri, urug obşinalaryna we taýpalara birleşenlerinde özlerine ýolbaşçy, urug baştutany we taýpa başlayklaryny belläpdirler. Zähmet enjamlarynyň kämilleşmegi zähmet bölünişigini getirip çykarypdyr we adamlaryň arasyndaky gatlaklanmagyna alyp gelipdir. Şonuň üçin hem esasy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



maksady we işi hususy mülkçilik gatnaşyklary we mülkdarlaryň peýdasyny goramakdan ybarat bolan adamlaryň ýörite toparlary emele gelipdir.

Şeýlelikde emele gelen toparlar ýa-da adamlar köpçüligi giň manydaky jemgyýetiň ilkinji, iň sada görnüşidir.

**Jemgyýet** bilelikdäki gündelik durmuş işlerinde birleşen adamlaryň belli bir çylşyrymly gurluşydyr. Bu gurluş oňa giren agzalaryň, ýagny adamlaryň ýönekeý topary ýa-da toplumy däl, eýsem belli bir kadalara esasan birleşen jemagatydyr. Adamlar öz zerurlyklary üçin gerekli zatlary taýýarlap, öndürip alýarlar we özleri ýaşamaklary üçin zerur bolan durmuş şertlerini hem özleri döredýärler. Adam jemgyýetiň agzasy bolmak bilen şu durmuş şertleriniň içinde ýaşaýar.

***Jemgyýet** – belli bir çäkde ýaşaýan, öz isleglerine we bähbitlerine görä birleşen adamlardan ybarat jemagat.*

Jemgyýet dürli adamlar topary ýa-da köpçüligi däl. Jemgyýet – çylşyrymly sosial gurluşdyr. Ol – adamlaryň özara gatnaşyklarynyň, aragatnaşyklarynyň önümi. Adamlaryň durmuşyny, ilki bilen, önümçiligi, durmuş abadançylygyny üpjün edýän sarp edilýän zatlary döretmek we olary özara alyş-çalyş etmek bilen bagly belli bir umumy iş esasynda geçýär.

Başgaça aýdanda, jemgyýet biologik kanunlar däl, eýsem adamlaryň sosial kanunlary ileri bolan, ýokary derejede şekillenen umumy birligidir.

***Jemgyýet** – arapça söz bolup, **jemagat**, **jemlenen**, **birleşen** diýen manylary aňladýar.*

Islendik jemagat hem jemgyýet bolubermeýär. Ýöne islendik jemgyýet jemagat hasaplanýar. Jemgyýet çylşyrymly janly gurluş bolup, yzygider özgerip, ösüp durýar.

Jemgyýeti düzýän adamlar köp ýa-da az, baý ýa-da garyp, deň hukukly ýa-da deň hukukly bolmadyk, meňzeş ýa-da her hili bolmaklaryna seretmezden belli bir jemgyýetiň agzalary hasaplanýarlar. Ýagny jemgyýet adamsyz, adam bolsa jemgyýetsiz bolup bilmeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. *Jemgyýete berlen aşakdaky üç kesgitlemäni okaň we:*
*1) olaryň arasyndaky tapawutlary tapyň;*
*2) olardaky umumy taraplary aýdyp beriň;*
3) *näme üçin jemgyýete üç hili kesgitleme berlen diýip oýlaýarsyňyz?*

A) Jemgyýet — mälim çäkde ýaşaýan öz bähbitlerini bilelikde goramak we zerurlyklaryny bilelikde kanagatlandyrmak üçin birleşen adamlaryň köpçüligi.

B) Jemgyýet — tutýan ornuna, sosial gelip çykyşyna we gyzyklanmalaryna görä birleşen adamlar topary.

D) Jemgyýet — käbir maksat ugrunda hemişelik hereketdäki gurama.

2. *Aşakda agzalan elementlerden haýsylary gatnaşmasa hem, jemgyýet emele gelmegi mümkin?*

*– Halk, ykdysat, medeniýet, döwlet, taglym, hukuk, kanun.*

*Jogabyňyzy esaslandyryň. Munda jemgyýete berlen her hili kesgitlemä ýüzleniň.*

*Suratdaky adamlar toparyny jemgyýet diýip atlandyrsak bolýarmy? Näme üçin?*





**Abu Ali ibn Sina (980 -1037)**

*Abu Ali ibn Sina meşhur ensiklopedik alym, tebigatşynas, filosof, agronom, dilçi, matematik, sazşynas, hukukşynas, ýazyjy we şahyrdyr.*

*Ibn Sina dünýä "Şeýh-ur-rais" ("Alymlaryň ýolbaşçysy") ady bilen hem tanalan. Ibn Sina hukukşynaslyga degişli birnäçe taglymlaryň we pikirleriň awtorydyr. Onuň jemgyýet, raýatlyk, döwlet dolandyryşyna degişli taglymlary, aýratynam, gymmatlydyr.*

*Ibn Sinanyň ylmy-edebi mirasyny 450-den artyk eserler düzýär. Şolardan 160-a golaýy bize çenli ýetip gelipdir.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Düşündiriň!



Maşgala jemgyýetiň esasy bogunydyr hem-de jemgyýet we döwlet goragynda bolmak hukugyna eýe.

Nika taraplaryň erkin razylygy we deň hukuklylygyna esaslanýar.

*63-nji madda.*

## Döredijilikli iş




*5-6 adamdan bolup toparlara bölüniň.*

1. *Şekili her bir topar aýratyn derňew etsin.*
2. *Her iki tegelegiň bir-biri bilen kesişmegi nämäni aňladýar?*
3. *Üç tegelegiň bir-biri bilen birden kesişmegi nämäni aňladýar?*
4. *Her bir topar çyzgydan peýdalanyp "jemgyýet" adalgasyna kesgitleme bermäge synanyşsyn.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ilkidurmuş obşina gurluşy döwründe adamlar nähili ýaşapdyrlar?
2. "Islendik jemgyýet jemagatdyr" diýen pikiri esaslandyryp beriň.
3. "Islendik jemagat hem jemgyýet bolup bilmeýär" diýen pikiri esaslandyryp beriň.
4. Jemgyýet üçin ykdysady gatnaşyklaryň nähili ähmiýeti bar?
5. Özüňiziň jemgyýetdäki roluňyzy güýçlendirmek üçin geljekde nämeleri gazanmak isleýärsiňiz?
6. "Jemgyýeti dolandyryşsyz göz öňüne getirip bolmaýar" diýen pikire siz nähili garaýarsyňyz? Pikiriňizi esaslandyryň.
7. "Jemgyýet – sosial gatnaşyklar toplumy, ýygyndysy", – diýen tassyklamanyň esasynda nämeler ýatyr diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 4-nji tema | **Döwlet** |
|---|---|














## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Suratlarda Özbegistan Respublikasynyň döwlet senasyny ýerine ýetirýän ýaşlar, Özbegistan Respublikasynyň döwlet baýdagy we gerbi görkezilen. Näme sebäpden sena, baýdak, gerb adalgalarynyň öňünde döwlet sözi goşulyp aýdylýar. Şu baradaky pikiriňizi synpdaşlaryňyz bilen pikir alyşyň.*
2. *Siz ýaşaýan çäkde nähili ykdysady ýa-da sosial meseleler bolsa-da olaryň çözüwi şol ýerdäki häkimiýete baryp direlýär. Munuň sebäbi nämede diýip oýlaýarsyňyz? Jogap berende häkimiýetiň döwlet ýerli dolandyryş organydygyny hasaba alyň.*
3. *Ýurdumyzdaky kanunlar kim tarapyndan döredilýär we olaryň ýerine ýetirilişine kim tarapyndan gözegçilik edilýär? Ynha şu kanunlaryň bolmagy we olara amal edilmegi nähili derejede zerur? Şu kanunlarsyz ýaşap bolarmy? Jogabyňyzy esaslandyryň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*4. Pul kim tarapyndan dolanyşyga girizilýär we puluň aýlanyşyna kim tarapyndan gözegçilik edilýär? Beýle gözegçilik nähili derejede zerur diýip oýlaýarsyňyz?*
*5. Siz gündelik durmuşyňyzda döwletiň täsirini nähili duýýarsyňyz?*
*6. Döwletsiz nähili ýaşap bolýanlygyny göz öňüne getirip görüň. Bu ýagdaýda siz nähili borçlaryňyzdan gutulardyňyz we nähili meselelere duş gelerdiňiz?*
*7. "Döwlet" bilen "jemgyýet" düşünjeleri birmeňzeş many aňladýarmy ýa-da dürli? Bu düşünjelerden haýsy birini giňräk diýip oýlaýarsyňyz?*
*8. Näme üçin "biziň döwletimiz" diýen jümläni ulanýarys?*

Hukukşynaslyk ylmynda "döwlet" we "jemgyýet" düşünjeleri bar. Emma döwlet we "jemgyýet" düşünjeleri birmeňzeş däl. Döwlet jemgyýetiň şekillenen syýasy institutydyr. Jemgyýet ösüşiň kämilleşen belli bir döwründe peýda bolupdyr. Başgaça aýdanda, jemgyýet – döwletiň enesi. Döwlet bolsa jemgyýetiň "perzendi", onuň önümi. Şeýlelikde, jemgyýet nähili bolsa, döwlet hem şeýle bolýar. Jemgyýet öz ösüşinde nähili basgançaklary geçen bolsa, döwlet hem degişli ýagdaýda özgerip, kämilleşip barýar. Bu – kanunalaýyklykdyr.

Döwletiň peýda bolmagy bu – adamzadyň ilki durmuş obşina gurluşyndan siwilizasiýa tarap öwrülişigidi.Dünýäde ilkinji siwilizasiýalaşan döwletler Gadymy Gündogarda miladydan ozalky IV-III müňýyllyklarda peýda bolupdyr. Merkezi Aziýanyň çäklerinde miladydan ozalky I müňýyllygyň başlarynda ilkinji döwlet birleşikleri peýda bolup başlapdyr.

Miladydan ozalky I müňýyllygyň birinji ýarymynda, miladydan ozalky VII-VI asyrlarda Özbegistanyň çäginde ilkinji döwlet birleşmeleri bolan Gadymy Horezm, Gadymy Baktriýa, Sogdiana peýda bolan döwründen başlap ýurdumyzda döwletlilik esaslary üzül-kesil emele geldi.
Gadymy Horezm we Baktriýa döwlet birleşmesiniň çägine Syrderýadan Orta Owganystana çenli bolan ýerler giripdir. Küýzeligyr (Horezm) şäheri Horezm döwletiniň merkezi bolupdyr.

Jemgyýet ilkibaşda jemgyýetçilik häkimiýeti, ýagny ähli adamlaryň bilelikdäki häkimiýeti tarapyndan dolandyrylypdyr. Adamlar dürli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taýpalara birleşip, şol taýpada ýüze çykan möhüm meseleleri bileleikde çözüpdirler. Taýpanyň işini dolandyrmaga hemmeler gatnaşypdyr. Bu demokratiýa, ýagny halk häkimiýetiniň ilkinji sada görnüşidi. Önümçiligiň ösmeginiň, öňe gidişligiň netijesinde jemgyýetde kem-kemden syýasy gatnaşyklar ýüze çykyp başlapdyr.

Obşina häkimiýetiniň (ilkidurmuş demokratiýasy) ýerine aýratyn adamlaryň häkimiýeti peýda boldy. Jemgyýet baýlara we garyplara, dolandyrýanlara we dolandyrylýanlara bölündi.

Şeýlelikde, dolandyryjylaryň syýasy häkimiýeti hökmünde döwlet peýda boldy. Oňa çenli adamzat örän uzak taryhy döwri başdan geçirdi. Döwlet ýüze çykandan soň adamlaryň durmuşy bütinleý üýtgedi.

Döwlet jemgyýetiň ösüşiniň belli bir basgançagynda ýüze çykyp, ol öz şekillenişinde we ösüşinde uzak we çylşyrymly ýoly geçdi. Deslapky basgançakda döwlet dolandyrylyşy ilki bilen mejbur ediş usulyna esaslanypdyr.

Ýöne ýuwaş-ýuwaşdan umumy bähbitleriniň daşyna jemlenen adamlaryň ýaranlygy şu bähbitlere ýetmek üçin, bilelikde iş alyp barmak üçin belli bir kada-talaplara zerurlyk duýup başlady. Ynha şu zerurlyk sebäpli şu ýaranlygyň ähli agzalary üçin mejbury bolan hukuk-düzgün kadalary – kanunlar emele gelip başlapdyr. Bu bolsa bitewi çäkde jemlenen adamlaryň üstünden adalatly terzde hökümdarlyk etmek mümkinçiligini döretdi. Ine şu hukuk-düzgün häkimiýetiň kämilleşmegine getirdi. Netijede häzirki zaman manysyndaky döwlet görnüşi şekillenip başlady. Ynha şu döwleti aşakdaky ýaly, ýönekeýje kesgitlemek mümkin: Döwlet belli bir hukuk-düzgün esasynda birleşen, bitewi çäkde agalygyny ýola goýan we ýeke-täk häkimiýete boýun egýän adamlar ýaranlygydyr.

Ýöne bu kesgitleme döwletiň bu günki gündäki ähli alamatlaryny öz içine almaýar. Döwlete gutarnykly kesgitleme bermek üçin onuň aýratyn alamatlaryny öwrenmelidiris.

Döwleti ilkidurmuş, urugçylyk jemgyýetinden tapawutlandyrýan aýratynlyklar şulardyr:

1. Döwlet peýda bolan jemgyýetde raýatlar belli bir çäge birleşýärler;

2. Döwlet öz işini amala aşyrmagy üçin çylşyrymly gurluşdan ybarat bolan dolandyryş apparatyna eýe bolýar we şu dolandyryş ulgamynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



kömegi bilen ahli raýatlar üçin hökmany bolan döwlet häkimiýetini amala aşyrýar.

3. Döwlet öz häkimiýetini doly amala aşyrmak üçin kanunlary we kadalaşdyryjy resminamalary kabul edýär. Ýagny döwlet bar ýerinde hukuk hem bolýar.

4. Öz işini ýöretmek üçin zerur bolan harajatlaryň üstüni ýetirmek üçin maliýe çeşmelerine eýe bolýar. Salgytlary we beýleki ýygymlary ýygnap alýar. Ýagny öz býujetine eýe bolýar.

5. Döwlet öz işini doly bahaly ýerine ýetirmek üçin onuň suwerenitete (garaşsyzlygyna) eýe bolmagy zerurdyr.

Diýmek, döwlet özboluşly alamatlara eýe. Eger olaryň haýsy-da bolsa biri bolmasa, biz beýle guramany döwlet diýip bilmeris.

***Döwlet*** *– mejbur ediş güýjüne, ýagny häkimiýete eýe bolan, öz raýatlarynyň, şeýle hem, öz çäklerinde ýaşaýan ähli adamlaryň bähbitlerini goraýan, beýleki döwletler bilen syýasy, ykdysady, medeni aragatnaşyklary amala aşyrýan özbaşdak syýasy guramadyr.*



**Emir Temur (1336-1405)**

*Babakelanymyz Emir Temur tarapyndan orta asyrlarda gurlan döwletde ony adaty jemgyýetden tapawutlandyryp durýan ähli alamatlary bolupdyr.*

*Emir Temur Kuragan ibn Emir Taragaý Bahadyr — iri döwlet işgäri, ýeňilmez serkerde, orta asyrlarda iň uly döwletlerden biriniň düýbüni tutan, daşky gatnaşyklarda iň akylly ýollary tapmagy başaran ýolbaşçy, söweş sungatyny we kanunlaryny işläp çykan meşhur leşgerbaşy.*

***Pähimler hazynasyndan*!**

Döwletdir soltanlyk üç zat bilen: emläk, hazyna we leşger bilen dikdir. Dana wezir bularyň üçüsini-de işewürlik bilen gowy ýagdaýda abat saklaýar. (*Emir Temur*)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Halk döwlet edaralaryna däl-de , döwlet edaralary halkymyza hyzmat etmelidir .***

**Şawkat Mirziýaýew**

Prezidentimiziň ýokardaky gysga we anyk pikirinde döwletiň mazmuny, onuň barlygy şerti, döwlet edaralarynyň ady we wezipeleri jemlenen. Siz ynha şundan gelip çykyp:

1. Maşgalaňyzdaky ululardan soňky ýyllara çenli ýönekeý raýat döwlet edarasyna ýüz tutmakçy bolsa nähili kynçylyklara duş gelenligini sorap biliň.
2. Ýurdumyzyň ähli çäklerinde iş alyp barýan “Halk kabulhanalary”nyň wezipeleri hakynda maglumat toplaň.
3. Döwlet hyzmatlary merkezleriniň işi Prezidentimiziň ýokardaky pikiriniň amaldaky subuty ekenligini esaslandyryň.

## Döredijilikli iş

1. *Şertli döwlet düzüň. Oňa at dakyň.*
2. *Döwletiňizi ýokarda girizilen 5 sany alamat boýunça häsiýetlendiriň.*
3. *Eger-de şu alamatlardan biri ýa-da ikisi bolmasa nähili ýagdaýyň emele gelmeginiň mümkindigini modelleşdirip görüň we onuň netijelerini göz öňüne getirmäge synanyşyň..*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Döwlet we jemgyýet düşünjeleri nähili umumy we tapawutly taraplara eýe.
2. Döwletsiz jemgyýetiň bolup bilermi? Jemgyýetsiz döwlet näme?
3. Döwletiň peýda bolmagy adamzada näme berdi?
4. Ýurdumyzyň çäklerinde döwletlilik haçan peýda bolupdyr?
5. Ilkinji döwlet gurluşyny häsiýetlendirip beriň.
6. Döwlet gurluşynyň ösüşine we kämilleşmegine nämeler täsir edýär?
7. Ilkinji basgançakda döwletler öz işini nämäniň esasynda gurapdyrlar?
8. Döwletiň esasy alamatlaryny sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*5-nji tema*

# Döwletiň funksiýalary












## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Siziň maşgalaňyzda garrylyk pensiýasyny, talyp hakyny we döwlet kömek pullaryny alýanlar barmy? Bu tölegleri kim amala aşyrýar?*
2. *Häzir ýerlerde Döwlet hyzmatlary merkezleri iş alyp barýar. Bu merkezler nähili hyzmatlary görkezýänligini bilýärsiňizmi? Döwlet tarapyndan bu merkezler arkaly ilata görkezilýän hyzmatlara birnäçe mysal getiriň.*
3. *Şäheriňiziň (obaňyzyň) köçelerinde ýöräniňizde bu ýollary kimiň guranlygy we abatlaýanlygy hakynda oýlanyp gördüňizmi? Bu işler näme üçin edilýär diýip pikirlendiňizmi?*
4. *Içeri işler, sud, prokuratura organlary bolmadyk bolsa nähili meseleleriň ýüze çykmagy mümkin? Siz şeýle ýagdaýda ýaşamak islärmidiňiz?*
5. *Öz gündelik durmuşyňyzdan döwlet bilen bagly bolan ýagdaýlara mysallar getiriň.*
6. *Döwletsiz çözülmegi kyn bolan meselelere mysallar getiriň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir döwlet öz işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Bu ugurlar onuň esasy wezipelerinden gelip çykýar.

Döwletiň bolmagy, onuň zerurlygy döwletiň funksiýalarynda öz beýanyny tapýar. Döwlet öz işinde birnäçe funksiýalary (iş ugurlaryny) amala aşyrýar.

***Döwletiň funksiýalary*** *– döwletiň işiniň esasy ugurlary bolup, olarda döwletiň sosial taraplary ýüze çykarylýar.*

Döwletiň funksiýalaryny öwrenmekde bu funksiýalary häsiýetlendirmek (toparlamak) usuly amatlydyr. Häsiýetnamalary aşakdaky alamatlar boýunça amala aşyrmak maksada laýykdyr:

**1.** Iş alyp barýan ýeri boýunça:
– içerki;
– daşary.

**2.** Iş alyp barýan möhleti boýunça:
– hemişelik;
– wagtlaýyn.

**3.** Sosial taýdan möhümligi boýunça:
– esasy;
– esasy bolmadyk.

**4.** Amala aşyrmagyň hukuk şekli boýunça:
– hukugy döretmek;
– hukugy ýerine ýetirmek;
– hukugy goramak (goramak).

Biz iş alyp barýan ýeri boýunça häsiýetnamany giňişleýin öwrenýäris. Çünki hukukşynaslyk ylmynda hut şu alamata görä häsiýetlendirmek örän möhüm hasaplanýar.

Döwletiň içki funksiýalaryna ýurduň içinde amala aşyrylýan funksiýalar girýär. Ýurduň daşarsynda amala aşyrylýan funksiýalar bolsa döwletiň daşky funksiýalaryny düzýär.

Döwlet öz funksiýalaryny berjaý etmek bilen bu ondan ençeme wezipeleri ýerine ýetirmegi talap edýär. Ynha şu wezipeleri ýerine ýetirmek öz gezeginde döwletiň öz funksiýalaryny amala aşyrmaga getirýär. Döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri hem ugurlar boýunça görnüşlere bölmek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Döwletiň içki funksiýalaryny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilýän wezipeleri görnüşlere bölüp, giňişleýin öwrenýäris. Munda biz döwletiň wezipelerini gowy, adalatly döwlet mysalynda garaýarys. Ýöne aslynda, ähli döwürlerdäki döwletler hem şeýle – adalatly, halkçyl bolubermeýänligini hem ünsden düşürmeli däldiris. Döwletiň içki funksiýalaryna degişli wezipeler aşakdakylardan ybarat:

**Ykdysady wezipeler:**

- Ykdysady syýasaty işläp çykmak we ykdysadyýete täsir etmek;
- Ykdysadyýetiň döwlet sektoryny (zawod-fabrikler, ekin meýdalary, känler) dolandyrmak;
- Bazar gatnaşyklarynyň hukuk esaslaryny we nyrh syýasatyny ýola goýmak.
- Ilatyň kömege mätäç bölegini goramak;
- Saglygy goraýyş we tälim ulgamyny goldamak;
- Ilaty sosial nygmatlar bilen üpjün etmek.

**Syýasy-hukuk wezipeleri**:

- Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak;
- Kanunylygy we tertibi üpjün etmek;
- Parahatçylygy we milletlerara agzybirligi saklamak.

**Medeni-aň-bilim wezipeleri:**

- Ylym-bilimi, tälimi ösdürmek;
- Milli medeniýeti we sungaty ösdürmek.

**Maliýe wezipeleri:**

- Salgyt ulgamy we gümrükhana gözegçiligi;
- Pul dolanyşygynyň üstünden gözegçilik;
- Maliýe ugrundaky başga işler.

**Howpsuzlyk we goramak boýunça wezipeler:**

- Ilatyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek;
- Tebigaty goramak;
- Emläk eldegrilmesizligini üpjün etmek;
- Hukuk düzgünini wagyz etmek.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**DÖWLETIŇ FUNKSIÝALARY**

**Içki funksiýalary**

- raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek;
- ähli eýeçilik şekillerindäki emlägi goramak;
- ýurduň ykdysady ugurdaky ösüşini üpjün etmek;
- raýatlaryň medeni-aň-bilim kämilligi gazanmagy üçin şert döretmek;
- ilaty durmuş taýdan goramak, sosial ugry ösdürmek.

**Daşky funksiýalary**

- parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek;
- daşky howp-hatardan goramak;
- daşary ýurtlar bilen syýasy aragatnaşyklary ýola goýmak;
- halkara ykdysady iş;
- daşary ýurtlar bilen medeni aragatnaşyklar.

Başga döwletler bilen özara gatnaşyklary alyp barmak döwletiň daşky funksiýalaryny kesgitleýär.

Islendik döwlet dünýädäki başga döwletler bilen dürli aragatnaşyklary ýola goýmaga mejbur. Diňe şonda ol dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi mümkin. Bu aragatnaşyklara aşakdakylary girizmek bolýar:

1. Diplomatik aragatnaşyklar; 2. Söwda-satyk aragatnaşyklary;
3. Medeni aragatnaşyklar; 4. Harby aragatnaşyklar we başgalar.

Döwlet, şonuň ýaly-da, halkara guramalar bilen hem özara aragatnaşyklary ýola goýmaly. Halkara guramalara Birleşen Milletler Guramasy, Umumjahan Söwda Guramasy we başgalary girizmek mümkin.

Bu halkara guramalaryň iň abraýlylaryna Özbegistan Respublikasy hakyky agza bolup girdi.

## Düşündiriň!

Döwletiň bolmagy, onuň zerurlygy döwletiň funksiýalarynda öz beýanyny tapýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





*1. Suratlarda görkezilen adamlaryň haýsy taýpa degişlidigini anyklamaga synanyşyň.*

*2. Şol bir taýpadaky adamlara görä döwlet nähili funksiýalary amala aşyrýar?*

*3. Bu babatda ol nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?*

## Döredijilikli iş

1. *Öz guran şertli döwletiňizde siz raýatlar üçin nähili şertler döredерdiňiz?*
2. *Bu şertleri döretmek üçin siziň guran döwletiňiz nähili wezipeleri ýerine ýetirmeli bolardy?*
3. *Bu wezipeleriň durmuşa geçirilmegi siziň guran döwletiňize nähili funksiýalary ýerine ýetimäge mümkinçilik bererdi?*
4. *Öz guran döwletiňiziň haýsy halkara guramalaryna agza bolup girmegini gurardyňyz? Näme üçin?*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. "Döwletiň funksiýasy" diýen düşünjäniň manysyny düşündiriň.
2. Döwletiň funksiýalarynyň görnüşlerini tapawutlandyryp görkeziň.
3. Döwletiň esasy wezipelerini sanap beriň.
4. Döwletiň wezipelerini "möhüm" we "onçakly möhüm däl" diýen toparlara bölmek mümkinmi?
5. Siz gündelik durmuşyňyzda döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirişine mysal getiriň.
6. Döwletiň öz funksiýalaryny ýerine ýetirmegi üçin siziň hut özüňiziň nähili kömek bermegiňiz mümkin?



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6-njy tema

# Döwletiň dolandyryş şekli





## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Suratlardaky baýdaklar haýsy döwletlere degişli?*
2. *Şu döwletlerdäki döwlet ýolbaşçylary nähili atlandyrylýar?*
3. *Baýdaklary çep topardaky ýurtlaryň döwlet dolandyryş ulgamynda nähili umumylygyň bardygny bilýärsiňizmi? Sag topardaky ýurtlarda nähili?*
4. *Siz monarhiýa we respublika düşünjeleri bilen tanyşmy? Bu düşünjeleriň nämäni aňladýanlygyny bilýäňizmi?*
5. *Bu düşünjeler siziň bilýän haýsy ýurtlaryňyzyň atlary bilen goşulyp aýdylýar?*
6. *Taryhdan size belli bolan monarhiýa we respublika döwletlerini ýadyňyza salyň we olary sanap berjek boluň.*
7. *Özbegistan babatda ýokardaky düşünjeleriň haýsy ulanylýar? Näme üçin şeýledigi hakynda oýlanyp gördüňizmi? Eger oýlap gören bolsaňyz nähilil netije çykardyňyz?*

*Döwlet aşakdaky esaslara görä* ***görnüşlere*** *bölünýär:* dolandyryş şekli; territorial gurluşy; syýasy düzgün (režim).

**Dolandyryş şekline** görä döwletler **monarhiýa** we **respublika** görnüşlerine bölünýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Döwlet şekilleri*** *diýlende, döwletiň dolandyryş, territorial gurluşy we syýasy düzgüni taýdan nähili şekillere bölünýändigi düşünilýär.*

***Dolandyryş şekli*** *diýende, döwlet häkimiýeti, onuň edaralarynyň ilat bilen özara gatnaşyklary, ilatyň şu edaralary döretmäge gatnaşyş derejesi düşünilýär.*

**Monarhiýa** – ýokary häkimiýet ýeke-täk häkim – döwlet baştutanynyň elinde bolan döwlet dolandyryş şekli. Munda häkimiýet köp ýagdaýlarda ýeke-täk-häkimyň(monarh) perzentlerine, käbir ýagdaýlarda bolsa ýeke-täk-häkimiň kararyna görä başga şahsa miras bolup geçýär.

***Monarhiýa*** *– grekçe söz bolup,* ***ýeke-täk häkimlilik*** *manysyny aňladýar.*

Özbegistanyň çäginde taryhda bar bolan monarhiýa dolandyryşyna mysal edip Temuriler döwri döwletçiligini getirmek mümkin.

Beýik Sahypgyran Emir Temur we Temuriler döwri döwlet dolandyryşy we hukugyň ösüşinde täze döwür bolupdyr. Emir Temur döwleti dolandyrmak ugrunda geçmişde bar bolan syýasy dolandyryş tejribelerinden giň peýdalanmagy başarypdyr. Onuň taryhdaky hyzmaty şundan ybarat, ýagny ol döwletliligiň dolandyryş ulgamy, içeri we daşary syýasatynyň tertip-kadalary, hukuk esaslaryny täze taryhy şertde kämilleşdirdi. Döwlet dolandyryşy ulgamy yslam kanun-kadalaryna esaslanypdyr. Kazylar Emir Temuryň göni özboluşlyabat berip durupdyrlar. Temur berk düzgünleri we kanunlary öz tuzuklarynda beýan edipdir.

Monarhiýanyň esasy **alamatlary** aşakdakylardan ybarat:

1) monarh döwleti şahsylaşdyrýar, daşary we içeri syýasatda döwlet baştutany hökmünde meýdana çykýar;

2) monarh döwleti ýeke özi dolandyrýar;

3) monarh häkimiýeti mukaddes we ylahy diýlip yglan edilýär;

4) monarh öz işinde özbaşdakdyr;

5) häkimiýeti ornaşdyrmak, kabul etmegiň aýratyn düzgüni bar;

6) ömürlik dolandyryş;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7) monarh öz dolandyryşynyň netijesi üçin ýuridik taýdan jogapkär däl.

Monarhiýa **absolýut** we **çäklendirilen (ýa-da parlamentar)** şekillerde bolýar.

Eger monarh öz döwletini dolandyrmakda onuň dolandyryşy başga bir edara bilen çäklendirilmese, beýle monarhiýa **absolýut monarhiýa** diýilýär.

Eger monarhyň hökümdarlygy Konstitusiýa daýanýan käbir edara bilen çäklendirilen bolsa, beýle monarhiýa **çäklendirilen, Konstitusion, parlament dolandyryş şeklindäki monarhiýa** bolýar (meselem, Beýik Britaniýa, Daniýa, Norwegiýa, Şwesiýa).

**Respublika** döwlet dolandyryşynyň şeýle şekili bolup, onda häkimiýet ýokary edaralary mälim möhlete saýlanýar.

Respublika şeklindäki dolandyryşa eýe bolan döwletiň esasy alamatlary aşakdakylardan ybarat:

- häkimiýet ýokary edaralarynyň saýlanyp goýulmagy;
- häkimiýet ygtyýarlyklarynyň paýlanmagy;
- häkimiýet ýokary edaralarynyň öz kararlaryny saýlanan möhleti dowamynda kabul etmegi;
- adalatly sudy amala aşyrýan edara bolan sudlaryň abraýynyň artmagy;
- raýatlaryň döwlet işlerini dolandyryşda gatnaşmagy.

***“Respublika”*** *sözi grekçe “umumy iş” manysyny aňladýar.*

Respublikalar **prezidentlik respublikasy** we **parlamentar respublika** görnüşlerine bölünýär.

Prezidentlik Respublikasynda döwleti gönüden-göni halk saýlaýan we örän giň ygtyýarlyklara eýe bolan Prezident dolandyrýar. Ol ýerine ýetiriji häkimiýetiň gönüden-göni dolandyryjysy hasaplanýar.

Prezident respublikasyna aýdyň mysal edip ABŞ, Braziliýa, Argentina we Meksika döwletlerini getirmek mümkin.

Parlamentar respublikada döwlet baştutany – prezident saýlanýan wezipeli şahs bolup, esasan, parlament tarapyndan saýlanýar.

Parlamentar respublika aýdyň mysal edip Italiýa, Germaniýa, Portugaliýa, Gresiýa, Irlandiýa we Hindistan döwletlerini getirmek mümkin.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Bilimli döwlet onuň ilatynyň özara kömek bermegine, adamkärçiligine, ynsany mähir duýgusyna, onuň iň ýokary baýlykdygyny duýmagyna, gowulandyrmaga esaslanmalydyr.**

**Faraby**

*Aşakdaky jedweli depderiňize göçüriň we dolduryň.*

| *Döwletleriň atlary* | *Monarhiýa* | *Respublika* |
|---|---|---|
| Özbegistan | | |
| Russiýa | | |
| Meksika | | |
| Fransiýa | | |
| Kuweýt | | |
| Polşa | | |
| Nigeriýa | | |
| Eýran | | |
| Owganystan | | |
| Belgiýa | | |
| Islandiýa | | |
| Daniýa | | |
| Saud Arabystany | | |
| Marokko | | |
| Çili | | |
| Kuba | | |

## Düşündiriň!

Döwlet işleriniň dokuz ülşi geňeş, çäre we maslahat, galan bir ülşi bolsa gylyç bilen ýerine ýetirilmelidigini aňdym.

*(Emir Temur)*

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Pähimler hazynasyndan***!

Eger häkimiýetiň töwereginde adalat hökүm sürmese, ol pese gaçýar.

(*Abu Bekr Horezmi*)

## Döredijilikli iş

*Aşakdaky jedweli depderiňize çyzyň we döwlet dolandyryş alamatlary esasynda dolduryň.*

| *Monarhiýa dolandyryşy* | *Respublika dolandyryşy* |
|---|---|
| *Nusga:* <br> *– monarh döwleti şahsylaşdyrýar. Daşary we içeri syýasatda döwlet baştutany hökmünde meýdana çykýar.* ______ <br> ______ <br> ______ <br> ______ | *Nusga:* <br> *– häkimiýetiň ýokary edaralary saýlanyp goýulýar.* <br> ______ <br> ______ <br> ______ <br> ______ <br> ______ |

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Döwletler görnüşlere bölünende nämeler esas edilip alynýar?
2. Dolandyryş şekli diýlende nämä düşünýärsiňiz? (Jümleleriň manysyna üns beriň).
3. “Monarhiýa” sözüniň doly manysy bu adalganyň mazmunyna laýyk gelýärmi?
4. Monarhiýanyň esasy alamatlaryny sanap beriň.
5. “Absolýut monarhiýa” we “çäklendirilen monarhiýa” düşünjeleriniň tapawutly we umumy taraplaryny sanap beriň.
6. Temurileriň döwlet gurluşynda dolandyryş haýsy esasda ýola goýlupdyr?
7. “Respublika” sözüniň manysy bu adalganyň mazmunyny nähili derejede açyp görkezýär?
8. Respublika şeklindäki dolandyryşa eýe bolan döwletiň esasy alamatlaryny sanap beriň.
9. Respublikanyň nähili görnüşleri bar?
10. Olaryň tapawutly we umumy taraplaryny sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## *7-nji tema* Döwletiň gurluş şekli



Unitar



Federatiw



Konfederatiw







### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Teswirine seredip”unitar”, “federatiw” we “konfederatiw” sözlerini düşündirjek boluň.*
2. *Russiýa Federasiýasynyň näme üçin şeýle atlandyrylýanlygy hakda oýlanyp gördüňizmi? Bu soraga öz pikiriňizi beýan edip bermäge çalyşyň.*
3. *“Ýewropa Soýuzy” jümlesini eşidipdiňizmi? Şu jümläniň takmyny manysyny aýdyp bermäge synanyşyň.*
4. *Wengriýa, Latwiýa, Polşa ýaly döwletleriň atlary tutulanda näme üçin federasiýa ýa-da konfederasiýa jümlesiniň goşulyp aýdylmaýanlygynyň sebäbini anyklajak boluň.*
5. *Özbegistan Respublikasyny siz haýsy döwletleriň hatarynda agzardyňyz? Näme üçin?*

Döwletler gurluşy boýunça sada **(unitar)** we çylşyrymly **(federatiw, konfederatiw)** bolmagy mümkin.

**Unitar** döwletde bir ýurduň içinde umumy ulgama eýe bolan kanunçylyk, edara ediş we sud edaralary bolýar.

*Unitar döwletiň alamatlary:*

- bitewi Konstitusiýa, bitewi kanunçylyk ulgamynyň bolmagy;
- bitewi armiýa eýe bolmak;
- ýeke-täk pul birliginiň amal etmegi;

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- düzüm bölekler, ýagny administratiw-territorial gurluşlara böünmek;
- ähli administratiw-territorial birlikler üçin umumy bolan salgyt we kredit syýasatynyň girizilenligi;
- ýeke-täk raýatlygyň bolmagy.

*Döwletiň **gurluş şekli** onuň administratiw-territorial taýdan guralyşydyr.*

*__Unitar__ — latynça söz bolup, __adaty, ýeke-täk__ diýen manyny aňladýar.*

**Bitewi Konstitusiýa**
**Bitewi kanunlar**
**Ýeke-täk raýatlyk**
**Ýeke-täk pul**
**Bitewi salgyt we kredit syýasaty**
**Bitewi armiýa**

Unitar döwletden tapawutlylykda **federatiw döwlet** çylşyrymly bolýar. Federatiw döwlet birnäçe döwletleriň birleşmeginden emele gelýär. Olaryň subýektleriniň ştat, ülke, respublika, emirlikler diýlip atlandyrylmagy mümkin. Federasiýanyň subýektleri öz administratiw-territorial bölünmelerine eýe.

Şu döwletler özara birleşenden soň federasiýa agzalary hasaplanyp, häkimiýetiň esasy ygtyýarlyklary federasiýanyň merkezi organlaryna berilýär.

*__Federatiw döwlet__ — birnäçe döwletleriň birleşmeginden emele gelen çylşyrymly, ýaran döwlet.*

*Federatiw döwletiň alamatlary aşakdakylar:*

- federasiyanyň çägi onuň subýektleriniň çükleriniň jeminden ybarat bolýar;
- ýokary kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti federal döwlet edaralaryna degişli bolýar;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



- federasiýanyň umumy Konstitusiýasy onuň subýektleriniň we federasiýanyň özüniň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýär;
- federasiýanyň subýektleriniň her biriniň aýratynlykda öz Konstitusiýasy, ýokary kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud organlary bolýar;
- federasiýanyň ýokary kanun çykaryjy edarasy iki palataly bolýar. Munda ýokary palata federasiýa agzalarynyň bähbitlerini aňladýar.




Häzir dünýäde 20-den gowrak federatiw döwlet bar. Federasiýanyň we olaryň subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklar hemişe ylalaşykly bolup durmaýar. Muny dargap giden Sowet Soýuzynyň, Çehoslowakiýa, Ýugoslawiýa ýaly federasiýalaryň mysalyndan görmek mümkin.

***Konfederasiýa*** *(latynça – ýaranlyk, bileleşik) – suwereniteti we özbaşdaklygyny saklap galan ýagdaýda käbir maksada ýetmek üçin birleşen döwletler ýaranlygy.*

Döwletleriň ol ýa-da beýleki maksatlary yzarlap öz suwerenitetini we garaşsyzlygyny saklan ýagdaýda birleşmekleri hem mümkin. Bu ýagdaýda oňa **konfederasiýa** diýilýär. Konfederasiýada bitewi çäk, ýeke-täk raýatlyk bolmaýar. Her bir döwlet halkara hukugynyň deňhukukly subýekti bolýar.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Konfederasiýanyň alamatlary aşakdakylardan ybarat:*

- özbaşdak döwletler belli bir maksatlary göz öňünde tutup birleşýärler;
- konfederasiýa berk bolmadyk gurluşdyr;
- bitewi çäk bolmaýar (oňa agza döwletleriň çäklerinden ybarat);
- umumy raýatlyk bolmaýar;
- konfederasiýanyň agzalary ondan erkin çykmak hukugyna eýedirler;
- konfederasiýanyň agzalary soýuzdaş häkimiýetiň kanun resminamalaryny ykrar etmezlik ýa-da goldanmazlyk (nulifikasiýa etmek) hukugyna eýe.
- konfederasiýanyň ygtyýaryna onçakly köp bolmadyk meseleleri çözmek girýär;
- konfederasiýanyň pul serişdeleri onuň agzalarynyň pul gatançlaryndan ybaratdyr.

*Özbaşdak döwlet*

*Erkin birleşik*

*Konfederasiýa kanunlaryny inkär etmek hukugy*

**Belli bir maksatlary göz öňünde tutup birleşýärler**

**Berk bolmadyk gurluş**

**Bitewi çäk bolmaýar**

**Gaty çäklendirilen meseleleri çözmek hukugy**

**Agzalarynyň erkin gatançlaryndan ybarat pul serişdeleri**

*Merkezi häkimiýete gatanç tölemek erkin*

*Erkin bölünip çykmak hukugy*

*Aýratyn çäk*

*Öz raýatlygy*

## Düşündiriň!

Döwletiň gurluş şekli onuň administratiw-territorial taýdan guralyşydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Döredijilikli iş

1. *Guran şertli ýurduňyzyň gurluş şekilini kesgitläň.*
2. *Synpdaşlaryňyz bilen dürli gurluşly döwletleri guruň.*
3. *Gurluş şekli boýunça birmeňzeş bolan döwletlere eýe bolan okuwçylar birleşip, üç topar düzüň.*
4. *Her bir topar öz saýlap alan gurluşynyň gowy taraplaryny aýdyp bersin.*
5. *Garşylykly toparlar, tersine, olaryň kemçiliklerini aýdyp bersin.*

## Döredijilikli iş

*Aşakdaky jedweli depderiňize çyzyň, ata-eneňiziň ýa-da ulularyň kömeginde ony dolduryň.*

| *Döwletler* | *Dolandyryş şekli* | *Gurluş şekli* |
|---|---|---|
| *Özbegistan* | *respublika* | *unitar* |
| *Russiýa* | | |
| *ABŞ* | | |
| *Eýran* | | |
| *Ispaniýa* | | |
| *Braziliýa* | | |
| *Gazagystan* | | |
| *Beýik Britaniýa* | | |

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Döwletleriň gurluş şekillerini sanap beriň.
2. Döwletleriň dürli hilli gurluşynyň bolmagynyň sebäbi näme?
3. Üç dürli şekilde gurlan döwletleriň umumy we tapawutlanýan taraplaryny aýdyp beriň.
4. Unitar döwletlere mysallar getiriň.
5. Federatiw döwletlere mysallar getiriň.
6. Konfederatiw döwletlere mysallar getiriň.
7. Federatiw we konfederatiw döwletleriň kähalatlarda dargap gitmeginiň sebäbi näme?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *8-nji tema* Syýasy düzgün (režim). Döwlet organlary. Döwlet mehanizmi

**Döwletiň şekilleri**

- ***Dolandyryş şekli***
  - *Monarhiýa*
  - *Respublika*
- ***Gurluş şekli***
  - *Unitar*
  - *Federatiw*
  - *Konfederatiw*
- ***Syýasy düzgün***
  - *Demokratik*
  - *Demokratik däl*

### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Demokratiýa sözüni köp gezek eşidensiňiz. Şu sözüň manysy hakynda oýlanyp gördüňizmi? Pikiriňizi synpdaşlaryňyz bilen maslahatlaşyň.*

*2. Demokratik däl diýen adalganyň manysyna düşünjek boluň. Şonda sözüň düzümine üns beriň.*

*3.Faşistler hakynda köp okansyňyz ýa-da filmler görensiňiz. Faşistleriň özlerini alyp barşyndan gelip çykýan "faşizm" hakyndaky öz pikiriňizi aýdyp beriň.*

*4.Ozalky soýuzyň köplenç "totalitar döwlet "diýlip aýdylýanlygyny eşidensiňiz. Bu nämäni aňladýandygy barada oýlanyp gördüňizmi? Pikiriňizi aýdyp beriň.*

*5. Ýokardaky çyzga seredip nämelere düşünenligiňizi aýdyň.*

*6. Çyzgydaky adalgalardan gelip çykyp her bir döwlet şeklini häsiýetlendirjek boluň.*

Döwlet häkimiýetini amala aşyrmak usulyna **syýasy režim** diýilýär. Ýurtdaky syýasy ýagdaýy, ýagny jemgyýetdäki syýasy azatlyk derejesini hut syýasy režim kesgitleýär. Käbir ýurtdaky syýasy režim barada gürrüň edilende, ilkinji nobatda şu ýurtda döwlet häkimiýetiniň nähili ýönelişde guralanlygy, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilenligi, syýasy pikirleriň köpdürlüliginiň ýagdaýy, ilatyň sosial işeňňirligi hasaba alynýar. Ýurtdaky kanunylyk, jenaýatçylyga garşy göreş we hukuk düzgüni boýunça

nitroeduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



işlerde amala aşyrmakda ulanylýan usullar hem syýasy düzgüni kesgitleýän alamatlardandyr.

*Häkimiýet başynda duran syýasy güýçleriň döwleti dolandyrmakdaky ulanýan usullarynyň we ýollarynyň bitewi ulgamyna* ***syýasy režim*** *diýilýär.*

Syýasy düzgün esasan iki hili bolýar:

**1. Demokratik**;

**2. Demokratik däl**.

Demokratik režim şertinde adamyň syýasy we raýatlyk hukuklary hormat edilýär. Raýatlar döwlet häkimiýetiniň edaralaryny düzmäge we olaryň işinde işeňňir gatnaşýarlar. Demokratik häkimiýetiň ýeke-täk çeşmesi halk hasaplanýar.

***"Demokratiýa"*** *– grekçe söz bolup, "halk häkimiýeti" diýen manyny aňladýar.*

Eger döwletde demokratik režim höküm sürýän bolsa, bu döwletde raýatlar umumy ykrar edilen hukuklardan we azatlyklardan doly peýdalanýarlar, döwlet bolsa olary her taraplaýyn kepillendirýär we goraýar.

*Adamyň syýasy we raýatlyk hukuklary ykrar edilip, hormat edilýän, döwlet dolandyryşy azlygyň köpçülige boýun egmek prinsipi esasynda amala aşyrylýan we azlygyň bähbitleri goralýan syýasy režim* ***– demokratik*** *syýasy režim diýlip atlandyrylýar.*

Demokratik düzgüniň alamatlary:

1) şahsyýetiň ykdysady taýdan erkin bolmagy;

2) adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ykrar edilmegi we kepillendirilmegi;

3) döwlet dolandyryşy azçylygyň köpçülige boýun egmegi prinsipi esasynda amala aşyrylmagy;

4) häkimiýetiň ygtyýarlyklarynyň bölünmegi;

5) jemgyýetçilik durmuşynda pikirleriň dürlüligi (plýuralizm), jemgyýetçilik birleşmeleriň köplügi;

6) kanunyň ileri tutulmagy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Demokratik döwletde taglymy we syýasy köpdürlülik Konstitusiýa tarapyndan goldanylyp, syýasy partiýalaryň işine rugsat edilýär. Syýasy partiýalar bolsa ýokary we ýerli häkimiýetiň edaralaryna deputatlar saýlamak arkaly özleri mümkin boldugyndan köpräk agzalaryny häkimiýet edaralaryna girizmäge çalyşýarlar. Demokratik saýlawlarda ýeňiş gazanan syýasy partiýalar häkimiýeti düzmek we şonuň üsti bilen öz syýasatyny ýöretmek hukugyna eýe bolýarlar.

Gönüden-göni we wekillik demokratiýalar tapawutlanýar. Gönüden-göni demokratiýada esasy kararlar ähli raýatlar tarapyndan gös-göni referendumlar, saýlawlar, ýygnaklarda kabul edilýär. Wekillik demokratiýasynda bolsa kararlar saýlaw arkaly düzülýän syýasy organlar – kanun çykaryjy organlar (Senat, Kanunçylyk palatasy), ýerli geňeşler tarapyndan kabul edilýär.

Demokratiýa garşy režime **demokratik däl režim** diýilýär. Bular ýaly režimde döwlet edaralary häkimiýeti dolandyranda demokratik usullary we kadalary berjaý etmeýärler.Tersine olary hemişe ýa-da tiz-tizden bozýarlar. Şeýle syýasy düzgünde raýatlaryň hukuklary we azatlyklary basgylanýar, gödeklik bilen bozulýar, käte oppozisiýa rehimsizlik bilen ýok edilýär. Kä halatlarda bolsa parlament ýaly demokratik institutlar ýatyrylýar.

*Demokratiýa ters düzgüne – **demokratik däl režim** diýilýär.*

Demoratik däl düzgünleriň arasynda faşistik we totalitar düzgünler hakynda aýratyn durup geçmek maksada laýykdyr.

**Faşistik** düzgüniň höküm sürýän ýurdunda islendik oppozisiýa ýok edilýär. Jynsparazlyk syýasaty yglan edilýär. Beýleki ýurtlary basyp almak üçin hereket edilýär. 1933-1945-nji ýyllardaky faşistik Germaniýa we şol döwürdäki faşistik Italiýa faşistik düzgünli döwletlere mysal bolup biler.

Ýeke-täk partiýanyň hökmürowanlygy, hukuklaryň we azatlyklaryň basgylanmagy ýaly ýaramaz aýratynlyklara eýe bolan düzgüne **totalitar režim** diýilýär. Totalizator düzgünde başgaça pikirlere garşy göreşilýär, saýlawçylaryň saýlawlarda bäsdeş deputatlary saýlamaga mümkinçiligi bolmaýar. Totalitar döwlete mysal edip ozalky Sowet Soýuzyny görkezmek bolar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Döwleti dolandyrmak ýörite edaralar tarapyndan amala aşyrylýar we bu edaralara hukukşynaslyk ylmynda **döwlet organlary** diýilýär.

***Döwlet organy** – kanuna laýyklykda öz ulgamyna, jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir ugruny dolandyrmak boýunça anyk kesgitlenen ygtyýarlyga eýe bolan döwlet edarasy.*

Döwlet organlary aşakdaky görnüşlere bölünýär:

a) Wekillik organlary: kanun çykaryjy, ýerli häkimiýet organlary;

b) Ýerine ýetiriji organlar: döwlet baştutany (prezident, monarh), hökümet, ministrlik we döwlet komitetleri, hukuk goraýjy edaralar (prokuratura, içeri işler ministrligi we onuň organlary, adalat ministrligi we başg.);

ç) Ýerli organlar (welaýat, tümen we şäher häkimlikleri);

d) Sud we Konstitusion gözegçilik edaralary: Konstitusion sud, Ýokary sud we umumy sudlar, Ýokary Hojalyk sudy we onuň welaýat (şäher bogunlary).

Döwlet dolandyryşyny amala aşyrýan ähli döwlet organlary bitewi ulgamy emele getirýär we bu ulgama **döwlet mehanizmi** diýilýär.

***Döwlet mehanizmi** – jemgyýeti dolandyrmak we halkyň bähbitlerini goramagy amala aşyrýan döwlet organlarynyň bitewi ulgamy.*

Diýmek, döwlet organlary döwlet mehanizminiň düzüm bölekleri bolup, olar jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir ugruny dolandyrmak boýunça zerur ygtyýarlyklara eýedir. Her bir döwlet organy başga döwlet organlary bilen, ýagny döwlet mehanizmi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

***Özbegistan Respublikasynda demokratiýa umumynsany prinsiplere esaslanýar, olara görä ynsan, onuň ömri, azatlygy, abraýy, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyk hasaplanýar.***

***Demokratik hukuklar we azatlyklar Konstitusiýa we kanunlar bilen goralýar.***

**13-nji madda**

1. Konstitusiýamyzyň ýokarda getirilen maddasynyň mazmunyny durmuşdaky mysallaryň kömeginde düşündirmäge hereket ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Öz ýaşaýan çägiňizdäki Halk kabulhanalarynyň işi, respublika we welaýat döwlet organlarynyň “Göçme kabul”laryny gurnamagynyň döwletimizdäki demokratik özgertmeleriň nusgasydygyny subut etmäge hereket ediň.

***Pähimler hazynasyndan*!**

Patyşa özlerini adalat bilen bezemelidirler, halk beýle patyşa hormatly gatnaşykda bolmalydyrlar.

(*Abdullah Mukni’*)

## Döredijilikli iş

1. *Guran şertli döwletiňizdäki syýasy režimi anyklaň. Şonda synpdaşlaryňyzyň guran şertli döwletlerindäki syýasy gurluşlaryň dürli bolmagyny gazanjak boluň.*
2. *Syýasy gurluş babatdan birmeňzeş şertli döwletleri bar bolan topar beýleki toparyň döwletindäki syýasy düzgüni häsiýetlendirip bersin.*
3. *Garşy topar bu döwletiň kemçiliklerini tapjak bolsun.*
4. *Şertli döwletiňiziň döwlet mehanizmi düzümine nähili döwlet organlarynyň girýändigini ýazyp görkeziň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Syýasy düzgün (režim) näme?
2. Syýasy düzgüniň görnüşlerini aýdyp beriň.
3. “Demokratiýa” sözi bilen “demokratiýa däl” adalgasynyň manysyny deňeşdiriň.
4. Demokratik düzgüniň esasy alamatlaryny sanap beriň.
5. Demokratik düzgüniň höküm sürýän ýurdunyň raýatlarynyň ýagdaýy hakynda aýdyp beriň. Şeýle döwletlere mysal getiriň.
6. Demokratik däl düzgün näme?
7. Totalitar düzgün barada nämeleri bilýärsiňiz?
8. Ozalky Sowet Soýuzynda raýatlaryň syýasy azatlyklary nähili ýagdaýdady? Hukuklary nähili ýagdaýdady?
9. Siz döwlet organy diýende nämäni düşünýärsiňiz?
10. Döwlet organlarynyň görnüşlerini sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

**Adalgalara laýyk kesgitlemeleri bellik ediň.**

***1.Syýasy düzgün (režim)***

***2. Döwlet***

***3. Jemgyýet***

***4. Döwletiň funksiýalary***

***5. Döwlet organy***

***6. Döwletiň şekilleri***

***7. Döwletiň gurluş şekli***

***8. Döwlet mehanizmi***

**a)** – *onuň administratiw-territorial taýdan guralyşydyr.*

**b)** – *döwlet häkimiýetini amala aşyrmak usullarynyň ulgamy.*

**ç)** – *belli bir çäkde ýaşaýan, öz islegine we bähbitlerine görä birleşen adamlaryň mälim terzde guralan topary.*

**d)** – *köpçülikleýin döwlet häkimiýeti, onuň edaralary, ilatyň şu edaralary şekillendirmekde gatnaşygy derejesi.*

**e)** – *döwlet işiniň esasy ugurlary bolup, olarda döwletiň sosial taraplary ýüze çykarylýar.*

**ä)** – *kanuna laýyklykda öz ulgamyna, jemgyýetçilik durmuşyň belli bir ugruny dolandyrmak boýunça anyk kesgitlenen ygtyýarlyga eýe bolan döwlet edarasy.*

***f)*** – *jemgyýeti dolandyrmagy we halkyň bähbitlerini goramagy amala aşyrýan döwlet organlarynyň bitewi ulgamy.*

**g)** – *häkimiýete eýe, öz çägindäki adamlaryň bähbitlerini goraýan, halkara gatnaşyklary amala aşyrýan özbaşdak syýasy gurama.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça test nusgalary

**1. “Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy” haçan kabul edilen?**

a) 1948-njy ýyl 10-njy dekabrda; b) 1946-njy ýyl 10-njy dekabrda;
ç) 1991-nji ýyl 18-nji noýabrda; d) 1945-nji ýyl 18-nji noýabrda.

**2. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň giriş bölümi nähili atlandyrylýar?**

a) Esasy prinsipler; b) Mukaddima;
ç) I bölüm; d) Netije.

**3. Döwlet häkimiýetini amala aşyrmagyň usullarynyň ulgamynyň ýuridik adalgasyny görkeziň.**

a) Döwletiň dolandyryş şekli; b) Döwletiň gurluş şekli;
ç) Döwletiň funksiýasy; d) Syýasy düzgün.

**4. “Suwerenitet” sözi nähili manyny aňladýar?**

a) Döwletiň öz içki durmuşynda başga döwletlerden özbaşdaklygyny;
b) Döwletiň öz içki durmuşda we daşky gatnaşyklarynda başga döwletlerden özbaşdaklygyny;
ç) Döwletiň öz içki durmuşynda we başga döwletler bilen gatnaşygynda tabynlygyny;
d) Döwletiň başga döwlet düzümindedigini.

**5. Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygy haçan yglan edildi?**

a) 1990-njy ýyl 20-nji iýunda; b)1991-nji ýyl 31-nji awgustda;
ç) 1992-nji ýyl 10-njy dekabrda; d)1992-nji ýyl 8-nji dekabrda.

**6. “Demokratiýa” sözi nähili manyny aňladýar?**

a) Halk häkimiýetini; b) Prezident dolandyryşyny;
ç) Ýeke-täk häkimligi; d) Garaşsyzlyk.

**7. Konstitusiýada berkidilişi ýaly, Özbegistan bu – …**

a) suweren demokratik respublika;
b) özbaşdak demokratik respublika;
ç) özbaşdak halk-demokratik respublikasy;
d) suweren, özbaşdak demokratik respublika.

**8. Dolandyryş şekline görä döwletleriň nähili görnüşleri bar?**

a) Monarhiýa, Unitar; b) Respublika, Federasiýa;
ç) Monarhiýa, Respublika; d) Federasiýa, Konfederasiýa.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*«Halk döwlet organlaryna däl-de, eýsem döwlet organlary halka hyzmat etmelidir» diýen prinsip ähli bogundaky ýolbaşçylaryň işinde esasy düzgüne öwrülmelidir.*

***Şawkat Mirziýaýew***

# II BAP

## RAÝATLYK JEMGYÝETI WE HUKUK DÖWLETI







***Hukuk döwleti***
***Raýatlyk jemgyýeti***
***Özbegistan Respublikasynda raýatlyk jemgyýetiniň esaslary***
***Özbegistan Respublikasynda hukuk özgertmeleri***
***Şahsyň hukuk aňy we medeniýeti***

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

9-njy tema

# Raýatlyk jemgyýeti

Abu Nasr Faraby özüniň “Bilimli adamlar şäheri” eserinde, “Talhis-u nawomisi Aflotun” (“Platonyň kanunlarynyň manysy”) atly esere esaslanyp şeýle diýipdir: “Platonyň aýtmagyna görä, iň kyn iş kanuny girizmekdir. Kanuna şübhe bilen garamak hem-de kanunyň üstünden arz etmek bolsa iň aňsat işdir. Halkyň kanunlara zerurlyk duýmaly we olary öwrenmelidir, çünki olar soňluk bilen halkyň özüne peýda getirýär”.

Adalatly jemgyýetiň esasyny Faraby aşakdaky ýaly beýan edipdir:

- Bilimli (12 sypaty özünde jemlän) döwlet ýolbaşçysynyň we döwlet agzalarynyň bolmagy;
- Kanun-kadalaryň bolmagy we olara döwlet ýolbaşçylarynyň we ähli ilatyň boýun egmegi;
- Ylym-bilimiň ösmegi;
- Adamlarda gowy ahlak we gylyk-häsiýetiň şekillenenligi;
- Döwlet uruş we basybalyşlara garşy bolmagy, ýurtda parahatçylygyň, durnuklylygyň ornadylmagy.

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *“Bilimli adamlar şäheri” eserinde Abu Nasr Farabynyň adalatly jemgyýetiň esasy alamatlary häzirki zaman jemgyýetinde bar bolsa, şeýle jemgyýetde ýaşaýan raýatlary bagtly raýatlar diýip atlandyrmak mümkin bolarmydy?*
2. *“Raýatlyk jemgyýeti” adalgasyny köp gezek eşidensiňiz. Ynha şu adalganyň nämäni aňladýandygy barada oýlap gördüňizmi. Oýlap gören bolsaňyz şu adalganyň mazmuny barada öz takmynlaryňyzy beýan ediň.*
3. *“Raýatlyk jemgyýeti islendik jemgyýet agzalarynyň ozaldan gelýän arzuwydyr” diýen pikir hemişe aýdylýar. Ine şu pikiriň hakykatlygyny Abu Nasr Farabynyň ýokardaky eserinden getirilen parçadan peýdalanyp subut etjek boluň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Raýat we raýatlyk hakyndaky düşünjeler peýda bolan döwürlerden başlap raýatlaryň umumy birleşmesi hökmünde jemgyýet düşünjesi ýüze çykdy. Bu düşünje ilki Gündogarda, şol sanda, gadymy Wawilonda “Hammurapiniň kanunlary”, gadymy Turanda “Awesto” syýasy we hukuk-ahlak taglymaty bilen bagly bolan otparazlyk, ýagny zarduştylyk döwründe, soňra gadymy Elladada we Rimde peýda boldy.

Raýatlyk jemgyýetini göz öňüne getirmegi aňsatlaşdyrmak üçin onuň esasy alamatlaryny sanap geçmek maksada laýykdyr. Raýatlyk jemgyýetiniň esasy alamatlary aşakdakylardan ybarat:

– dürli görnüşdäki eýeçilik şekilleriniň barlygy;

– ähli eýeçilik şekillerine birmeňzeş gatnaşykda bolunmagy, ýagny eýeçilik şekilleriniň deňligi;

– erkin zähmet çekmek we kär saýlamak mümkinçiligi;

– telekeçilige giň mümkinçilikler döredilenligi;

– syýasy azatlyklaryň barlygy;

– pikirleriň köpdürlüligi we habar erkinliginiň barlygy;

– adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillendirilenligi;

– öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ösenligi;

– adalatly hukuk häkimiýetiniň barlygy;

– kanunyň ileri tutulmagynyň üpjün edilenligi.

***Raýatlyk jemgyýeti*** *– kämil raýatlardan, ýagny aýrylmaz baglylykda bolan hem-de ahlak, hukuk we syýasy medeniýete eýe adamlardan ybarat jemgyýet.*

Raýatlyk jemgyýeti onuň agzalary bolan raýatlaryň özleri tarapyndan dolandyrylyp durulýan we düýpli dörän jemgyýet. Bular ýaly jemgyýet öz-özüni ýokary derejede gurlanlygy bilen tapawutlanýar. Raýatlyk jemgyýetinde döwlet jemgyýetiň gözegçiligi astynda bolmalydyr, çünki döwlet raýat jemgyetiniň “hakyna tutulan hyzmatkäridir”. Beýle jemgyýet diňe bir özüniň syýasy we medeni durmuşyny däl-de, eýsem ykdysady, sosial durmuşy hem dolandyryp durýar.

Hemme jemgyýete raýat jemgyýeti diýip bolmaz. Raýat jemgyýeti ep-esli ýokary derejedäki ykdysady ösüşiň alamaty diýilse dogry bolar.

Raýatlyk jemgyýetini dolulygyna göz öňüne getirmek üçin onuň



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýratynlyklaryny bilmek uly ähmiýete eýedir. Raýatlyk jemgyýetiniň aýratynlyklary ykdysady, sosial syýasy we ruhy ugurlarda aýdyň öz beýanyny tapýar.

**Raýatlyk jemgyýetiniň aýratynlyklary aşakdakylarda ýüze çykýar:**

**Ykdysady ugurda:** döwletden daşary täjirçilik bolmadyk guramalaryň, şirketleriň, paýdarlar kompaniýalarynyň, korporasiýalaryň, firmalaryň barlygy we olaryň üstünlikli iş alyp barmaklary üçin ähli şertleriň döredilenligi.

**Sosial syýasy ugurda**:raýatlar, maşgalalar, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik guramalary, sosial hereketler, öz-özüňi dolandyryş organlary, döwletden daşary köpçülikleýin habar serişdeleri, sosial gapma-garşylyklary kanun çäginde çözmek mümkinçilikleri, ilatyň pikirini öwrenmek, şekillendirmek we beýan etmek üçin şertleriň barlygy.

**Ruhy ugurda**: söz we pikir azatlygy, wyždan azatlygy, döredijilik birleşmeleriniň özbaşdaklygy, ylmy birleşmeleriň özbaşdaklygy, ruhy hüjümlerden goragyň üpjün edilenligi.

Häzirki zamanda raýatlyk jemgyýeti şertindäki durmuş hukuga esaslandyrylan durmuş bolmalydyr. Çünki, raýatlyk jemgyýetinde hukuk ýokary derejede ösen bolmaly. Şonuň üçin hem raýatlyk jemgyýeti şertinde şahsyň başga şahs bilen ýa-da döwlet bilen özara gatnaşyklary hukuk normalaryna esaslandyrylan bolmagy, ýagny şu gatnaşyklaryň hukuk meýdanynda amala aşyrylmagy talap edilýär.

Raýatlyk jemgyýeti, döwletiň täsirisiz, kanun çäklerinde emele gelen belli bir raýatlyk jemgyýetiniň islendik özüni-özi dolandyrmagy diýip düşünilýär. Hut raýatlyk jemgyýetini ösdürmek respublikamyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň düýp maksadydyr.

Özbegistanda raýatlyk jemgyýetiniň aşakdaky belgileri bar:

1. Syýasy partiýalar we sosial -syýasy hereketler. 2. Jemagat guramalary. 3. Döwlete degişli bolmadyk guramalar. 4. Tälim-terbiýe edaralary. 5. Dini guramalar. 6. Milli-medeni merkezler. 7. Jemgyýetçiligiň pikirini öwrenýän guramalar. 8. Maşgala hem-de onuň peýdalaryny aňladýan ýörite guramalar. 9. Raýatlaryň özüni-özi dolandyryş organlary. 10. Köpçülikleýin habar serişdeleri. 11. Demokratik saýlaw sistemasy.

Bu günki güne gelip döwletimizde **raýatlyk institutlarynyň** roly we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ähmiýetini güýçlendirmäge, raýatlaryň iň möhüm sosial-ykdysady problemalaryny çözmäge garadylan kanun resminamalary kabul edilenligi we edilýänligi, müňlerçe **döwletden daşary täjirçilik bolmadyk guramalar**yň iş alyp barýanlygy, şol sanda, syýasy partiýalar, profsoýuz guramalary, Özbegistan aýal-gyzlar guramasy, “Sagdyn nesil üçin”, “Nurany” fondy, “Döredijilik” fondy, Özbegistan ýaşlar soýuzynyň işi döwletimizde raýatlar jemgyýetiniň ösýänliginiň aýdyň subutydyr. 2018-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna görä, döwletimizde Adalat ministrliginiň hasabatyndan geçen raýatlyk jemgyýeti institutlarynyň sany 9.478 -i düzýär.

Özbegistan raýatlarynyň özüni-özi dolandyryş gurluşlary bar bolup, munda **mähelle** aýratyn ähmiýete eýedir. Ýaşaýan ýerindäki milli özüni-özi dolandyryşyň özboluşly modeli bolan mähelle, halkymyzyň azaly däpleri we urp-adatlaryna esaslanyp, möhüm guramaçylyk-ykdysady we terbiýeçilik funksiýalaryny ýerine ýetirýär.

Döwletimizde iş alyp barýan **adam hukuklary** boýunça guramalar hem raýatlyk jemgyýeti institutlaryna mysal bolup bilýär. Olar aşakdakylardyr: Ombudsman; adam hukuklary boýunça milli merkez; “Jemgyýetçilik pikir” jemgyýetçilik merkezi; Amaldaky kanun resminamalary monitoring instituty we başgalar.

Prezidentimiz Şawkat Mirziýaýewiň “Döwleti demokratik täzelemekde raýatlyk jemgyýeti institutlarynyň roluny artdyrmak çäreleri barada”ky permany esasynda Özbegistan Respublikasynyň ýanyndaky Raýatlyk jemgyýetini ösdürmek boýunça maslahat geňeşiniň gurluşy “üçünji sektor” diýip at alan raýatlyk jemgyýeti institutlaryny goldamak we döwletimizde raýatlyk jemgyýetiniň ösüşini täze basgançaga alyp çykmakda möhüm ädim boldy.

Soňky ýyllarda raýatlyk jemgyýeti institutlaryny şekillendirmek we ösdürmäge garadylan birnäçe **kanunçylyk resminamalary** kabul edildi. Bu kanunçylyk resminamalarynyň kabul edilmegi:

– raýatlyk jemgyýeti institutlaryny guramak we ösdürmek;

– olaryň özbaşdaklygyny we doly iş görkezmegi üçin kanunçylyk şertini döretmek;

- olaryň maddy-tehniki üpjünçiligini ýola goýmak;

– olaryň sosial aktiwligini güýçlendirmek;

– olaryň döwlet we häkimiýet gurluşlarynyň işine bolan gözegçiligi amala aşyrmakdaky roluny güýçlendirmäge hyzmat edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hukukyň üstünligi Özbegistanda raýatlyk jemgyýetini ösdürmegiň möhüm elementidir.

Bagrygiňlik we arkalaşykda iş alyp barmak özbek halkynyň mentalitetine hasdyr. Özbegistanda raýatlyk jemgyýetini ösdürmekde ynha şu aýratynlyklar öňdebaryjylyk edýändigine umyt bildirmek mümkin.

Özbegistanda raýatlyk jemgyýetiniň ösmegini aşakdaky ugurlarda amala aşyrmak maksada laýykdyr:

1) Mülki döwlet garamagyndan çykarmak;
2) Köppartiýalylyk sistemasyny ösdürmek;
3) Önümçiligi ösdürmek;
4) Makul sosial maksatnamalar işläp çykmak.

Özbegistanda ýaşlar raýatlyk jemgyýeti sosial esasynyň düýbüni tutmalydyr.

Raýatlyk jemgyýeti şertinde döwlet we şahs hukukyň deň subýektleri hökmünde iş alyp barýarlar. Bu bolsa, öz nobatynda hukuky demokratik döwlet şertinde bolup geçmegi mümkin bolan ýagdaýdyr.

Mundan şeýle netije çykarmak mümkin, raýatlyk jemgyýetinde döwlet tarapyndan belli bir kepillikler sistemasy düzülmelidir. Häzirki wagtda Özbegistan Respublikasynda kabul edilýän kanun, perman we buýruklar ynha şu sistemalara mysal bolup biler.

***Pähimler hazynasyndan*!**

Adalat – ahyretde nejat, dünýäde bagt başy.

(*Ali ibn Abu Tolib*)

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Raýatlyk jemgyýetine nähili düşünje hökmünde garamak we kesgitleme bermek mümkin?
2. Raýatlyk jemgyýeti nähili alamatlary bilen tapawutlanýar?
3. Raýatlyk jemgyýetiniň aýratynlyklaryny sanap beriň.
4. Raýatlyk jemgyýeti şertinde döwletiň roly nähili bolýar?
5. Özbegistanda raýatlyk jemgyýetiniň nähili belgileri bar?
6. Özbegistanda raýatlyk jemgyýetiniň nähili institutlary bar?
7. Özbegistanda raýatlyk jemgyýetini ösdürmek barasynda nähili işler amala aşyrylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## *10- njy tema* Hukuk döwleti

Aşakdaky üç dürli döwletiň taryplaryny okaň we berlen ýumuşlary ýerine ýetiriň.

1-nji döwletde: Merkezleşen syýasy we ykdysady ulgam bolýar. Bu döwletde dolandyryş işleri merkezden iberilýän berk permanlar, buýruklar we maksatnamalar arkaly amala aşyrylýar. Bu resminamalarda ykdysady we sosial ugurlarda ähli raýatlaryň we guramalaryň nähili işleri etmelidigi anyk kesgitlenýär. Görkezmeleriň bozulanlygy üçin nähili jeza çäreleriniň görülmelidigi hem anyk görkezilendir.

2-nji döwletde: Ösüş maksatnamalary halk tarapyndan saýlanan parlamentde seredilýär we tassyklanýar. Permanlar we kararlar bilen bir hatarda ine şu parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar hem bolýar. Emma bu kanunlaryň üstünden halk gözegçiligi ýola goýulmadyk.

3-nji döwletde: Döwlet häkimiýeti üçe bölünýär:
1) kanun çykaryjy;
2) ýerine ýetiriji;
3) sud häkimiýeti;
Döwlet öz işini adamyň we jemgyýetiň abadançylygy ugrunda, sosial adalat we kanunçylyk prinsipleri esasynda amala aşyrýar.

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1.Siz üç dürli döwletiň umumy taraplaryny görkezip bilýäňizmi? Tapawutlaryny-nä? Aýry-aýrylykda ýazyň.*
*2. Bu döwletlerdäki häkimiýetleriň netijeli we adalatly işlemegi üçin nähili esaslar bar diýip pikir edýärsiňiz?*
*3. Siz ýaşamak üçin haýsy döwleti saýlap alardyňyz? Näme üçin?*
*4. Hukuk döwleti adalgasynyň manysy hakynda näme diýip bilersiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*5.Siziň hukuklaryňyz bozulmazlygy üçin siz nähili eýe bolmaly diýip pikir edýärsiňiz?*
*6. Saýlawlar hakynda ululardan eşidensiňiz. Näme üçin saýlawlara uly üns berilýär we ulular saýlawlara hiç kim mejbur etmese hem öz islegleri boýunça barýarlar?*

Dünýädäki döwletler köp babatlarda bir-birinden tapawutlanýarlar. Şol bir wagtyň özünde olaryň meňzeşlikleri hem bar. Şol meňzeş taraplary, ýagny umumy aýratynlyklary boýunça döwletleri toparlara bölmek mümkin.

Döwletleri hukuk gatnaşyklaryna garap aşakdaky toparlara bölmek mümkin:

1. Etatik;
2. Hukuk döwleti.

**Etatik döwletde:**

1) Köplenç berk buýruklar we görkezmeler kanunyň ýerini tutýar;

2) Döwlet öz raýatlarynyň we guramalarynyň azatlyklaryny berk çäklendirýär;

3) Döwlet ykdysady-sosial gatnaşyklary we hatda raýatlaryň şahsy durmuşyny hem özüniň gol astynda saklamaga çalyşýar;

4) Döwlet organlaryna we wezipeli adamlara çenden aşa köp ygtyýarlyklar berilýär.

Etatik döwlete Kubany, ozalky Sowet Soýuzyny mysal görkezmek bolar. Şeýle hem muňa ähli totalitar we awtoritar düzgünli döwletler hem mysal bolup bilýär.

**Hukuk döwleti**de dolandyryşda hukugyň artykmaçlygy öňe sürülýär. Munda döwlet dolandyryşy raýatlaryň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň subýektleriniň hukuklaryny, azatlyklaryny we bähbitlerini üpjün etmegi hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

***Hukuk döwleti** – hukugyň kanunyň we suduň öňünde deňligi üpjün edilýän, adam hukuklary we azatlyklary kepillendirilýän, häkimiýet ygtyýarlyklaryň bölünmegi esasynda amala aşyrylýan demokratik döwletdir.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hukuk döwletiniň esasy alamatlary aşakdakylar:

**1. Hukugyň ileri tutulmagy.**

Ýurtdaky ähli şahslar – raýatlar, daşary ýurt raýatlary, raýat bolmadyk şahslar, wezipeli adamlaryň hemmesi kanunyň talaplaryna boýun egýärler. Munda, Konstitusiýa hukuk normalary ulgamynda ýokary ýuridik güýje eýe;

**2. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi we goralmagy.**

Adam, onuň durmuşy, mertebesi, gadyr-gymmaty, hukuklary we azatlyklary hem-de bähbitleri ýokary gymmatlykdygy;

**3. Döwlet we raýatyň bir-birleriniň öňündäki jogapkärligi.**

**4. Häkimiýetiň kanunylygy.**

Häkimiýet demokratik saýlawlar ýoly bilen döredilýär. Döwlet häkimiýeti ýurduň içersinde we halkara möçberde ykrar edilýär;

**5. Häkimiýetiň ygtyýarlyklarynyň bölünişi.**

Döwlet häkimiýeti: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünýär. Döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklary şu üç häkimiýetiň arasynda bölüşilýär;

**6. Suduň özbaşdaklygy.**

Suduň işine hiç kim gatyşmaýar. Sudlar diňe kanunyň talaplaryna boýun egýärler;

**7. Hukuk goraýjy edaralaryň netijeli işlemegi.**

Olar adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin gerek;

**8. Ýokary derejedäki hukuk medeniýeti.**

Hukuk medeniýeti hereket edýän kanunlary bilmekde, olara hormat goýmakda we berjaý etmekde ýüze çykýar;

**9. Demokratiýanyň ösmegi we kämilleşdirilmegi.**

Halk döwleti dolandyrmaga gatnaşýar, syýasy hukuklar we azatlyklar kepillendirilýär.

Netije çykaryp aýdýan bolsak, hukuk döwletinde:

– hukugyň ähli subýektleri, şol sanda, döwlet organlary, wezipeli şahslar we ýönekeý raýatlar kanunlara berk amal etmelidir;

– raýatyň we döwletiň kanunlaryň çäginde bir-birleriniň öňünde jogapkärdigi;

– syýasy ideologik we ykdysady köp pikirlilik döwlet tarapyndan kanunylaşdyrylanlygy we kepillendirilenligi;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilenligi döwletiň bu görnüşiniň artykmaçlyklaryndandyr.

Ynha şonuň üçin hem dünýäniň iň öňdebaryjy ýurtlarynda hukuk döwletini gurmak ileri tutulýan wezipe edilip goýlandyr.

Döwletiň üçünji aralyk görnüşi hem bolup, olar ozalky iki döwlet görnüşleriniň aýratynlyklaryny özünde jemleýärler. Bu döwletleriň käbirleri öz aýratynlygy, tebigaty we ugry boýunça etatik döwletlere, käbirleri bolsa hukuk döwletine ýakyn dursalar-da, käbir tarapdan olardan tapawutlanýarlar.



Özbegistan Respublikasynyň raýatlary jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda gönüden-göni hem-de öz wekilleri arkaly gatnaşmak hukugyna eýedirler. Beýle gatnaşyk öz-özüňi dolandyryş, referendumlar geçirmek we döwlet organlaryny demokratik terzde guramak ýoly bilen amala aşyrylýar.

*32-nji madda.*

*1. Konstitusiýanyň ýokardaky maddasy döwletiň nähili görnüşine degişli diýip oýlaýarsyňyz?*
*2. Şu maddanyň birinji we ikinji bölümleri hukuk döwletiniň haýsy aýratynlyklaryna laýyk gelýär?*

*Biziň işimiz iň möhüm konstitusiýa esaslanan düzgüne – sosial adalat prinsipiniň üpjün edilmagine garadylmalydyr .*

*Jemgyýetde sosial adalaty üpjün etmegi karar tapdyrmak barasyndaky esasy wezipämiz – bu adalatly kanunlary kabul etmekden ybaratdyr.*

*Şawkat Mirziýaýew*

*1. Prezidentimiziň ýokardaky pikirlerinde hukuk döwletiniň esasy belgilerinden haýsylary öz beýanyny tapýar?*

*2. Hukuk döwleti şertinde sosial adalatyň ähmiýeti hakynda öz pikiriňizi bildiriň.*

*3. Daş töweregimizdäki durmuşdan Prezidentimiziň ýokardaky sözlerini tassyklaýan mysallar getiriň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar.

1. Hukuga bolan gatnaşyga garap döwlet nähili görnüşlere bölünmegi mümkin?
2. Etatik döwletiň nähili döwletdigini häsiýetlendirip beriň.
3. Nähili döwlete hukuk döwleti adalgasyny ulanmak mümkin?
4. Hukuk döwletiniň esasy alamatlaryny sanap beriň.
5. Döwletiň aralyk görnüşine girýän döwletleriň nähili özboluşly taraplary bar?
6. “Raýatlyk jemgyýeti” adalgasynyň “jemgyýet” adalgasyndan nähili tapawutlary bar?
7. Abu Nasr Faraby “Bilimli adamlar şäheri” eserinde adalatly jemgyýeti nähili häsiýetlendirýär? Şol häsiýetnamany raýatlyk jemgyýetiniň alamatlary bilen deňeşdiriň. Pikiriňizi beýan ediň.
8. Özbegistan Respublikasynda raýatlyk jemgyýetiniň nähili elementleri şekillenýär?
9. Özbegistanda raýatlyk jemgyýetini şekillendirmegiň nähili özboluşly taraplary bar?

**Adalgalara laýyk kesgitlemeleri bellik ediň.**

***1. Hukuk döwleti***

***2. Etatik döwlet***

***3. Döwletiň aralyk görnüşi***

***4. Raýatlyk jemgyýeti***

***a)*** *– döwlet dolandyryşy buýruga esaslanan, raýatlaryň we guramalaryň azatlyklary çäklendirilen döwletdir.*

***b)*** *– hukugyň hökümdarlygy üpjün edilen, adamyň hukuklary we azatlyklary kepillendirilen, häkimýet ygtyýarlyklary bölünen döwletdir.*

***ç)*** *– hem hukuk döwletiniň, hem etatik döwletiň alamatlaryny belli bir derejede özünde jemleýän döwlet.*

***d)*** *– kämil raýatlardan, ýagny aýrylmaz baglylykda bolan hem-de ahlak, hukuk we syýasy medeniýete eýe adamlardan ybarat jemgyýet.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça test nusgalary

**1. Özbegistan Respublikasynyň “Jemgyýetde hukuk medeniýetini ýokarlandyrmagyň milli maksatnamasy”haçan kabul edilen?**

a) 1997-nji ýyl 29-njy awgustda; b) 2001-nji ýyl 4-nji ýanwarda;
ç) 1998-nji ýyl 29-njy awgustda; d) 2001-nji ýyl 18-njy ýanwarda.

**2. Syýasy partiýalary düzmek we olaryň işine gatnaşmak raýatlaryň nähili hukugy hasaplanýar?**

a) Ykdysady hukuklary; b) Sosial hukuklary;
ç) Syýasy hukuklary; d) Şahsy hukuklary.

**3. Özbegistan Respublikasynyň “Syýasy partiýalar barada”ky kanuny haçan kabul edilen?**

a) 1991-nji ýyl 1-nji noýabrda; b) 1994-nji ýyl 18-nji fewralda;
ç) 1997-nji ýyl 26-njy dekabrda; d) 1996-njy ýyl 26-njy dekabrda.

**4.Ýurtda zähmet çekýän ilatyň hukuklaryny döwlet guramalary bilen bir hatarda goraýan iň köpçülikleýin jemgyýetçilik birleşmesi nähili atlandyrylýar?**

a) Syýasy partiýa; b) Döredijilik birleşigi;
ç) Kärdeşler bileleşikleri; d) Weteranlar guramalary.

**5. Döwletiň hukuga bolan gatnaşygyna garap…**

a) etatik, kanuny we hukuk; b) hukuk, raýatlyk we etatik;
ç) etatik, hukuk we aralyk; d) raýatlyk, etatik we aralyk.

**6. Döwletiň zor salmazdan, kanunyň çäginde emele gelen belli bir adamzat bileleşiginiň erkin öz-özüňi dolandyryşy … ni aňladýar?**

a) hukuk döwleti; b) jemgyýet;
d) raýatlyk jemgyýeti; d) erkin ýurt.

**7. Hukuk döwletinde döwlet dolandyryşy ... esaslanýar.**

a) berk kanunlara; b) parlament gözegçiligine;
d) ýerine ýetiriji häkimiýetiň kararlaryna; d) hukugyň üstünligine.

**8. Esasy kanun näme?**

a) Konstitusiýa; b) Prezidentiň permany;
d) Hökümet karary; d) Aly Mejlisiň kanuny.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Biziň maksadymyz – halk häkimiýetini sözde däl, eýsem amalda üpjün etmekden ybarat. Bu – biziň ýaşaýan bu günki wajyp döwrüň esasy talabydyr.*

***Şawkat Mirziýaýew***

# III BAP

# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ GURALYŞY









***Garaşsyz Özbegistan Respublikasynda döwlet dolandyryşy***
***Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti***
***Özbegistan Respublikasynda kanun çykaryjy organ***
***Özbegistan Respublikasynda ýerine ýetiriji organ***
***Özbegistan Respublikasynyň sud häkimiýeti***

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 11-nji tema

# Özbegistan Respublikasynda döwlet dolandyryşy



















## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. 1-3-nji suratlardaky döwlet edaralary nähili iş bilen meşgullanýar diýip oýlaýarsyňyz?
2. Bu edaralar kimiň bähbidini gorap iş alyp barýarlar?
3. Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň Halk kabulhanalary we Wirtual kabulhanasy barasynda nämeleri eşitdiňiz? Olara kimler, nähili meseleler bilen ýüzlenýärler diýip oýlaýarsyňyz?
4. Raýat sosial ýa-da hukuky meselä duş gelende birinji nobatda haýsy edara ýüzlenmeli? Şeýle meselelere mysallar getiriň we her bir hususy ýagdaýda raýat haýsy edara ýüzlenmelidigini derňäp görüň.
5. Raýatlaryň meselelerini çözmek bilen meşgullanýan ýene nähili döwlet edaralaryny bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*6. Eger şeýle edaralar bolmadyk bolsa raýatlar we guramalar nähili kynçylyklara duçar bolardy?*

Özbegistan Respublikasynda “halk – häkimiýetiň ýeke-täk çeşmesidigi” onuň konstitusiýasynda kesgitlenendir. Şu döwlet-hukuk işiniň mazmuny konstitusion prinsiplere esaslanýar. Döwlet häkimiýetiniň halk bähbitlerini gözläp öz işini ýola goýmalydygy Konstitusiýada berk nygtalýar, döwlet häkimiýetiniň üstüne ýüklenen baş wezipedir.

Döwlet häkimiýetiniň işi halk häkimiýetini amala aşyrmagyň esasy şekillerinden biri hasaplanýar. Bu iş, ilki bilen, konstitusiýa we kanunlar bilen bellenilen tertipde döwletiň Konstitusiýada kesgitlenen organlary we wezipeli şahslary tarapyndan amala aşyrylýar. Olar hem öz gezeginde wagtal-wagtal geçirilýän saýlawlar arkaly düzümi şekillenip ýa-da çalşyp durýar.

Özbegistanyň suwerenitetiniň kanuny esasy – Esasy kanuny **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy** bolup, şu resminama Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň on ikinji çagyryş XI sessiýasynda, 1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda kabul edilen.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy adam hukuklaryna we azatlyklaryna degişli halkara resminamalary, şol sanda, “Adam hukuklary umumjahan deklarasiýasy”, ösen demokratik döwletlerde bar bolan demokratik prinsipler we gymmatlyklar, watanymyzyň taryhyndaky birnäçe müň ýyllyk milli we gündogara mahsus bolan döwleti edara etmek däplerini özünde jemledi.

Ýurdumyzyň Konstitusiýasy suweren Özbegistan Respublikasynyň jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm taraplaryny Konstitusion taýdan kadalaşdyrmagyň umumy prinsiplerini pugtalandyrýar, döwlet dolandyryşynyň manysyny kesgitläp berdi.

Konstitusiýada nazarda tutulmadyk tertipde döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny özleşdirmek, häkimiýet edaralarynyň işini togtadyp goýmak ýa-da ýatyrmak, häkimiýetiň täze düzümlerini düzmek Konstitusiýa ters hasaplanýar we kanuna görä jogapkärçilige çekmäge esas bolýar.

Özbegistanyň halkynyň adyndan diňe ol saýlan respublikanyň Aly Mejlisi we Prezidenti iş alyp barmagy mümkin.

Döwlet öz işini adamyň we jemgyýetiň abadanlygyny gözläp, sosial adalat we kanunylyk prinsipleri esasynda amala aşyrýar.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Konstitusiýa Konstitusion düzümüň esasy şertlerinden biri bolan halk häkimiýetini berkidip berýär.

Konstitusiýada Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýeti ýokary organlarynyň gurluşy, häkimiýetleriň bölüniş prinsipi esaslandyrylan




**Özbegistan Respublikasy döwlet häkimiýetiniň ulgamy häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetine bölünişi prinsipine esaslanýar.**

*11-nji madda.*

**Prezident**

- Kanun çykaryjy
  - Aly Mejlis:
    - Senat (ýokary palata)
    - Kanunçylyk palatasy (aşaky palata)
- Ýerine ýetiriji
  - Ministrler Kabineti, ministrlikler, döwlet komitetleri, häkimlikler
- Sud häkimiýeti
  - Konstitusion sud, Ýokary Sud, sudlar.

Häkimiýetiň ygtyýarlyklaryny bölmek prinsipi – hukuk döwletiniň iň möhüm alamatlaryndandyr. Bu prinsip ähli ösen demokratik döwletlerde amal edýän esasy Konstitusion kadalardan biridir. Bu dürli ýurtlaryň Konstitusiýalarynda ýöne bellenip goýlan ýönekeý demokratik düzgün däl, eýsem häkimiýetiň bir organda toplanmagynyň öňüni almaga gönükdirilen Konstitusion düzgündir. Çünki, köp asyrlyk döwletçilik ösüşiniň tejribeleriniň görkezişi ýaly, häkimiýet bir organda toplananda ygtyýarlyklardan kanunsyz peýdalanmagyň ýüze çykmagyna şert döreýär.

Häkimiýetiň bölünmeginde Konstitusion prinsip ulanylyp, döwlet dolandyryşy özgertmesi amala aşyrylmak bilen, ýurdumyzda aşakdaky kadalara amal edildi:

1. Ýurdumyzda häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud pudaklary özara bitewi döwlet mehanizmi hökmünde özara baglylykda iş alyp barmaklary bilen bir wagtda, olar özara özbaşdak hemdir;

2. Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de sud funksiýalaryny ýerine ýetirýän respublika möçberindäki döwlet organlarynyň arasynda häkimiýet ygtyýarlyklarynyň belli bir gatnaşygy bardyr. Ýagny olaryň ygtyýarlyklary

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



deňagramlaşdyrylandyr. Ynha şu deňagramlylygy saklamak üçin hukuk özgertmeleri amala aşyrylyp durulýar.



**Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýeti kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetlerden, syýasy partiýalardan, başga jemgyýetçilik birleşmelerinden özbaşdak ýagdaýda iş alyp barýarlar.**

*106-njy madda.*



**Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýar... Ministrler Kabineti öz işinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti we Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň öňünde jogapkärdir ...**

*98-nji maddadan.*

Döwlet dolandyryşynyň ýokary respublika möçberindäki organlary özleriniň aşaky-ýerli organlary bilen hem üznüksiz baglylykda iş alyp barýarlar. Döwlet dolandyryşynyň ýerli organlarynyň işiniň möhümligi, ilki bilen, olaryň raýatlar, raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary we guramalar bilen gönüden-göni işleýändikleridir. Şonuň üçin hem döwlet dolandyryşynyň ýerli organlarynyň işine ýurdumyzda aýratyn üns berilýär

Konstitusiýamyzyň ýene bir demokratik tarapy, jemgyýet we döwlet durmuşynyň iň möhüm meseleleri halka ara alyp maslahatlaşmaga berilýär, umumy sese (referenduma) goýulýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda we amaldaky kanunlarda döwlet bilen raýatyň arasyndaky hemişelik syýasy-hukuk aragatnaşyk kesgitlenendir.

Soňky ýyllarda döwletimiz döwlet dolandyryşynda misli görülmedik özgertmeler amala aşyrylýar. Döwletiň durmuşyna degişli her bir karar halk bilen ara alyp maslahatlaşylandan soň kabul edilýär. Munda ara alyp maslahatlaşmaklar dogrudan-dogry mylakat görnüşinde alyp barylmagy üns merkezindedir.

Döwletimiz döwlet dolandyryşynda şeýle praktika ýola goýuldy,oňa görä, döwlet işgärleri, birinji ýolbaşçylardan başlap, öz kabinetlerinde oturmazdan, ýerlere baryp, ilatyň iň zerur we wajyp problemalarynyň çözgüdini tapmak bilen meşgullanýar.

Döwletimizde halk bilen duşuşmak, onuň durmuşdaky meselelerini



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çözmek boýunça düýpgöter täze sistema döredildi, ýagny bu sistema döwlet dolandyryşynyň möhüm boguny hasaplanýar. Bu sistemanyň esasy bolup Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Halk kabulhanalary we Wirtual kabulhanasy hyzmat edýär.

***Pähimler hazynasyndan!***

Başsyz ýurt jansyz bedene meňzeýär. Jansyz teniň ahwaly weýrançylyga ýakyndyr. (*Emir Temur*)

## Döredijilikli iş

*Özüňiz düzen şertli döwletiňiziň döwlet dolandyryş ulgamyny häkimiýetleriň bölüniş prinsipine esaslanan ýagdaýda shema esasynda şekillendiriň. Munda, döwlet dolandyryşynyň ýokary organlary bilen bir hatarda, ýerli organlaryny hem özara baglylykda görkeziň. Özüňiziň şertli döwletiňiziň dolandyryş ulgamyny synpdaşlaryňyzyň şertli döwletleri dolandyryş ulgamlary bilen deňeşdiriň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Döwlet dolandyryşy näme?
2. Döwlet dolandyryşynyň ýurduň raýatlary üçin nähili ähmiýeti bar?
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda döwlet dolandyryşy barada nämeler ýazylan?
4. Häkimiýetleriň bölünişiniň konstitusion prinsipi barada nämeleri bilýärsiňiz?
5. Ýurdumyzda döwlet dolandyryş ulgamy özgertmelerinde nähili kadalara amal edilmeli?
6. Kanun çykaryjy häkimiýetiň düzümini aýdyp beriň. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň düzümi nähili? Sud häkimiýetiniňki nähili?
7. Olaryň esasy wezipelerini aýdyp beriň.
8. Özbegistan döwlet häkimiýeti taýdan hukuk döwletiniň talaplaryna jogap berýärmi? Jogabyňyzy esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# *12-nji tema* Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti

1



2


3



4


## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Döwlete ýolbaşçy näme üçin zerur diýip oýlaýarsyňyz? Eger haýsy-da bolsa bir ýurtda döwlet ýolbaşçysy umuman bolmasa, bu ýurtda nähili ýagdaýyň ýüze çykmagynyň mümkinligini göz öňüne getirip bilersiňizmi? Şeýle ýagdaýy dostlaryňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň we şonda aýdylan pikirlerden peýdalanyp, “Ýurt*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*üçin döwlet baştutany näme üçin zerur?" diýen soraga jogap bermäge synanyşyň.*

2. *Ýokarda Prezidentimiziň kitaplarynyň görnüşleri berlen. Kitaplaryň atlaryny üns bilen okaň. Şu kitaplaryň atlaryndan görnüşi ýaly Prezidentimiziň size we bize, bütin halka, Watana bolan gatnaşygyny , arzuw-isleglerini duýmak kyn däl. Prezidentimiziň hereketleri, işleri boýunça nähili maglumatlara eýe bolanlygyňyzy aýdyp beriň?*
3. *Prezidentimiz öz işini siziň we biziň göz öňümizde , açyk-aýdyň amala aşyrýar. Ynha şundan peýdalanyp onuň işi döwletimiziň bu günki durmuşynda haýsy pudaklary gurşap alýandygyny sanap beriň. Munda, köpçülikleýin habar serişdelerinden alan maglumatlaryňyzdan peýdalanyň.*
4. *Siz Prezident saýlawy hakynda nämeleri bilýärsiňiz? Bilýänleriňizi synpdaşlaryňyz bilen pikir alyşyň.*
5. *Prezident öz işini nähili hukuk resminamalar esasynda ýöredýär diýip pikir edýärsiňiz?*

Biziň ýurdumyzda **Prezident döwlet baştutany** hasaplanýar. Prezident halkymyz tarapyndan gönüden-göni saýlanany üçin döwletiň adyndan, halkyň adyndan iş ýöretmek Prezidentimiziň birlenji ygtyýarlygy hasaplanýar.

**"Prezident" sözi latyn dilinden alnan bolup, onuň düýp manysy "öňde oturýan" diýmekdir.**

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Özbegistan Respublikasynyň raýatlary tarapyndan umumy, deň we gönüden-göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek arkaly ýedi ýyllyk möhlete saýlanýar. Prezidenti saýlamak düzgüni Özbegistan Respublikasynyň kanuny bilen kesgitlenilýär.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti döwlet häkimiýeti organlarynyň ylalaşylan ýagdaýda iş ýöredilişini hem-de hyzmatdaşlygyny üpjün edýär. Prezident Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň ýygnagynda kasam kabul eden wagtdan başlap öz wezipesine girişen hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti wezipesine kandidat bolan şahslara aşakdaky talaplar goýlan

- otuz bäş ýaşdan kiçi bolmaly däl
- döwlet dilini gowy bilmeli
- saýlanmaga çenli azyndan 10 ýyl Özbegistanyň çäginde hemişelik ýaşan bolmaly
- Özbegistanyň raýaty bolmaly




Prezident Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň ýygnagynda kasam kabul eden wagtdan başlap öz wezipesine girişen hasaplanýar:

**«Özbegistan halkyna sadyklyk bilen hyzmat etmäge, respublikanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna berk amal etmäge, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna kepillik bermäge, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň üstüne ýüklenen wezipeleri ak ýürekden ýerine ýetirmäge dabaraly kasam edýärin ».**

*92-nji madda.*

Prezidentiň şahsy eldegrilmesizdir we kanun bilen goralýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Konstitusiýa we kanunlara esaslanyp hem-de olary ýerine ýetirmek boýunça respublikanyň tutuş çäginde mejbury güýje eýe bolan permanlary, kararlary we buýruklary çykarýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hukuklary:

- raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklarynyň üpjün edilmegi hem-de Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygynyň kepilidir;
- döwlet özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreler görýär;
- Özbegistan Respublikasynyň adyndan döwletiň içinde we halkara gerimde gepleşikler alyp barýar, şertnama we ylalaşyklara gol çekýär hem-de olaryň ýerine ýetirilişini üpjün edýär;

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- Baş ministriň kandidatyny Aly Mejlise tassyklamak üçin hödürleýär, Ministrler Kabinetiniň düzümini tassyklaýar;
- Baş prokurory we onuň orunbasarlaryny wezipesine goýýar we wezipesinden azat edýär;
- Aly Mejlis Senatyna Konstitusion, Ýokary sudlaryň başlyklaryna, olaryň orunbasarlaryna, Merkezi bankyň başlygyna kandidatlary hödürleýär;
- Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyna kabul etmek we ondan çykarmak meselelerini çözýär;
- Döwlet sylaglary we orden medallar bilen sylaglaýar;
- Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti, şeýle hem, Konstitusiýa we kanunlarda belgilenen birnäçe möhüm hukuklary amala aşyrýar. Ygtyýarlygynyň tamamlanmagy mynasybetli otstawka çykan Prezident Senatyň ömürlik agzasy wezipesini eýeleýär.

Prezident Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň Baş Serkerdebaşy hasaplanýar. Ol Ýaragly Güýçleriniň baş komandirlerini wezipesine belleýär we wezipesinden boşadýar, harby derejeler berýär.

Prezident zerur bolan wagtynda bütin döwlet boýunça ýa-da käbir çäklerde adatdan daşary ýagdaý ýa-da uruş ýagdaýyny yglan etmek hukugyna hem eýe. Munda üç günüň içinde bu netije Aly Mejlise tassyklamak üçin hödürlenmelidir.

Kanunçylyk palatasynda ýa-da Senatyň düzüminde olaryň normal işine howp salýan, çözüp bolmaýan dawalar ýüze çyksa ýa-da olar birnäçe gezek Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna garşy kararlar kabul eden ýagdaýda, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýa esaslanan sudy bilen maslahatlaşyp kabul eden karary esasynda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy, Senaty dargadyp goýberilmegi mümkin.




**Prezident öz wezipesini ýerine ýetirip duran döwürde başga hak tölenýän wezipäni eýelemegi, wekillik organynyň deputaty bolmagy, telekeçilik işi bilen meşgullanmagy mümkin däl.**

*91-nji madda.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Pähimler hazynasyndan!***

Gudratymyza şek-şübhäňiz bolsa, biz guran binalara bakyň.

(*Emir Temur*)

## Döredijilikli iş

*Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyndan peýdalanyp aşakdaky jedweli dolduryň.*

| *Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hukuklary* | *Özbegistan Respublikasynyň Prezidentligine nähili şahslar saýlanmagy mümkin?* |
|---|---|
| | |
| | |
| | |

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti haçandan başlap öz işini başlamagy mümkin?
2. Özbegistanyň Prezidenti wezipesine nähili raýatlar saýlanmagy mümkin?
3. Respublikamyzda Prezidentlige saýlaw nähili geçirilýär?
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyklaryny sanap beriň.
5. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan nähili hukuk resminamalary çykarylýar?
6. Ygtyýarlygy tamamlanan Prezident nähili iş bilen meşgullanýar?
7. Prezident Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçlerinde nähili ada eýe?
8. Adatdan daşary ýagdaýlar bolanda Prezident nähili hukuklardan peýdalanmagy mümkin?
9. Nähili ýagdaýlarda we nähili tertipde Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy we Senaty dargadyp goýberilmegi mümkin?

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*13-nji tema*

## Özbegistan Respublikasynda kanun çykaryjy organ





### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Parlament, parlamentarizm ýaly aňlatmalary köp gezek eşidensiňiz. Olar hakynda bilýänleriňizi aýdyp beriň.*
2. *ABŞ -nyň Kongresi we Senaty, Russiýa Federasiýasynyň Döwlet Dumasy we Federasiýa Geňeşi ýaly adalgalaryň nämäni aňladýanlygy hakynda oýlanyp gördüňizmi? Olar hakda bilýänleriňizi ýa-da çaklamalaryňyzy synpdaşlaryňyz bilen maslahatlaşyň.*
3. *Siziň pikiriňizçe gerekli kanunlary esasy işi kanun taýýarlamak bolan professional deputatlar taýýarlasa gowumy ýa-da esasy iş ýerinden ýylda birnäçe gezek kanyn taýýarlamak üçin wagylaýynça gaýdyp kanunşynaslyk bilen meşgullanýan deputatlar taýýarlasa gowumy? Jogabyňyzy esaslandyryň.*
4. *Döwletimiziň Aly Mejlisine iň soňky saýlawlaryň haçan bolup geçenligi ýadyňyza düşýärmi? Onda ýakynlaryňyzdan kimler gatnaşdylar? Olar kimleri deputat edip saýladylar?*

Döwlet we jemgyýet dolandyryşy saýlaw arkaly demokratik esasda döreýär, halkyň saýlawlar ýoly bilen wekilçilikli organlary düzüp, olara öz wekillerini saýlamagy saýlawly organlaryň işiniň ugurlaryny kesgitlemek mümkinçiliginde raýat jemgyýetiniň düýp mazmuny öz beýanyny tapýar. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi – döwlet häkimiýetiniň ýokary wekillik organy bolup, kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýar.

**Kanun çykaryjy häkimiýeti** amala aşyrýan Aly Mejlisi iki palataly görnüşde - Kanunçylyk palatasy we Senatdan ybarat edip düzmekden gözlenýän esasy maksatlar aşakdakylardan ybaratdyr:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



– **Aly Mejlisi**ň işi prosesinde özara saklanyp durmak we bähbitler deňagramlylygy ulgamyny şekillendirmek;

– **kanun döredijiligi**niň hilini düýpli artdyrmak;

– umumdöwlet we territorial bähbitleryň sazlaşygyny gazanmak.



**Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi ýokary döwlet wekillik organy bolup, kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýar.**

**Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi iki palatadan – Kanunçylyk palatasyndan (aşaky palata) we Senatdan (ýokary palata) ybarat.**

**Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň ygtyýarlylyk möhleti – bäş ýyl.**

*76-njy madda.*

“Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy barada”ky Konstitusion kanunda parlamentimiziň Kanunçylyk palatasynyň, “Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty barada”ky Konstitusion kanunda bolsa Senatyň derejesi, ygtyýarlyklary we iş mehanizmleri anyk kesgitlenendir.

Bu palatalaryň düzümi olaryň öňüne goýlan maksatlara we wezipelere laýyklykda şekillendirilmelidigi kanun ýoly bilen bellenilen.

Munda **Senat**yň çäkleriň bähbitlerini aňlatmalydygyny hasaba almak bilen onuň düzümi esasan halk deputatlarynyň ýerli Geňeşleriniň wekillerinden düzülýär. Senat başgaça at bilen **parlamenti**ň **ýokary palatasy** diýip hem atlandyrylýar. **Kanunçylyk palatasy** öz işini hemişelik professional esasda amala aşyrýar we onuň düzümi esasan kanun we başga hukuk resminamalary döretmek üçin zerur bilim, tejribe we başarnyga eýe ýokary derejedäki hünärmenlerden ybarat bolýar. Kanunçylyk palatasy başga at bilen **parlamentiň aşaky palatasy** diýip hem atlandyrylýar.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň ygtyýarlylyk möhleti – bäş ýyl.

Döwletimiziň Konstitusiýasynyň 77-nji maddasyna görä, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň kanunçylyk palatasy kanuna laýyklykda saýlanýan bir ýüz elli deputatdan ybarat. Şonuň ýaly-da, Kanunçylyk palatasynyň bir ýüz elli deputatyndan – bir ýüz otuz bäş sanysy territorial



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bir mandatly saýlaw okruglary boýunça köppartiýalylyk esasynda umumy, deň we gönüden-göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek ýoly bilen saýlanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty territorial wekillik palatasy bolup, Senat agzalaryndan (senatorlardan) ybarat.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň agzalary, Garagalpagystan Respublikasynyň Ýokary Geňeşi, welaýatlar, tümenler we şäherler döwlet häkimiýeti wekillik organlary deputatlarynyň degişli bilelikdäki mejlislerinde şol deputatlaryň arasyndan gizlin ses bermek ýoly bilen Garagalpagystan Respublikasyndan, welaýatlardan we Daşkent şäherinden deň mukdarda – alty adamdan saýlanýar. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň on alty sany agzasy ylym, sungat, edebiýat, önümçilik pudagynda hem-de döwlet we jemgyýetçilik işiniň başga pudaklarynda uly amaly tejribä eýe bolan hem-de aýratyn at gazanan iň abraýly raýatlaryň arasyndan Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

Saýlaw güni ýigrimi bäş ýaşyna ýeten hem-de azyndan bäş ýyl Özbegistan Respublikasynyň çäginde hemişelik ýaşaýan Özbegistan Respublikasynyň raýaty Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputaty, şonuň ýaly-da, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň agzasy bolmagy mümkin. Deputatlyga dalaşgärlere goýulýan talaplar kanun bilen kesgitlenýär.

Şol bir şahs bir wagtyň özünde Özbegistanyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputaty we Senatynyň agzasy bolmagy mümkin däl.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy öz düzüminden Kanunçylyk palatasynyň Spikerini we onuň orunbasarlaryny saýlaýar. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty öz düzüminden Senatyň Başlygyny we onuň orunbasarlaryny saýlaýar. Senatyň Başlygy Özbegistanyň Prezidentiniň görkezmegi boýunça saýlanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputaty we Senatynyň agzasy eldegrilmesizlik hukugyndan peýdalanýarlar. Olar Kanunçylyk palatasynyň ýa-da Senatyň razylygyny almazdan jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi, saklanmagy, tussag edilmegi ýa-da sud tertibinde berilýän dolandyryş jeza çärelerine çekilmegi mümkin däl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Aly Mejlis işiniň esasy bölegi – bu sessiýadyr. Aly Mejlisiň sessiýasynyň esasyny onuň mejlisleri düzýär. Sessiýanyň mejlisleriniň aralygynda Aly Mejlis guramalary, komissiýalary we başga organlarynyň mejlisleri geçirilýär. Aly Mejlisiň sessiýasy bir ýylda iki gezekden kem bolmadyk görnüşde çagyrylýar.

Kanunlar Aly Mejlise kanunçylyk başlangyjy hukugyna eýe bolan organlar tarapyndan hödürlenýär. Şondan soň Aly Mejlis bu kanunlary görüp çykýar, düzedişler girizýär we kabul edýär.




**Kanunçylyk başlangyjy hukugyna Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti, öz döwlet häkimiýetiniň Aly wekillik organy arkaly Garagalpagystan Respublikasy, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputatlary, Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýa esaslanan sudy, Aly sudy, Baş prokurory eýedirler we bu hukuk kanunçylyk başlangyjy hukugy subýektleri tarapyndan kanun taslamasyny Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyna girizmek arkaly amala aşyrylýar.**

*83- njy madda.*

Aly Mejlis, şeýle hem , döwlet organlary we başga organlar, gurama, kärhana, edaralar tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we kanunlarynyň, Aly Mejlisiň kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hukugyna eýe.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

Aly Mejlis Özbegistan Respublikasynyň ýokary wekillik we kanun çykaryjy organy hasaplanýar. Onda jemgyýetiň esasy syýasy partiýalary, ähli sosial gatlaklary we sosial-syýasy güýçleriň bähbitleri aňladylýar. Umuman alanda, Parlament Özbegistanyň halkynyň bähbitlerini aňladýar.

## Döredijilikli iş

*Guran şertli döwletiňiziň parlamentini düzüň. Parlamentiň näçe palatasynyň barlygyny, saýlanan deputatlaryň sanyny (ýurduň ilatynyň sanyndan gelip çykyp), olaryň wezipelerini we ygtyýarlyklaryny ýazyň.*

*Parlamentiňiz tarapyndan kabul edilýän iň möhüm kanunlaryň sanawyny düzüň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Aly Mejlis nähili häkimiýeti amala aşyrýar?
2. Näme üçin Aly Mejlis iki palatadan ybarat edip düzülen?
3. "Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy barada"ky Konstitusion kanunda nämeler bellenip goýlan?
4. "Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty barada"ky konstitusion kanunda nähili?
5. Kanunçylyk palatasynyň düzümine kimler girýär?
6. Senatyň düzümine kimler?
7. Kanunçylyk palatasy nähili tertipde saýlanýar?
8. Senat nähili tertipde düzülýär?
9. Sessiýalaryň mejlisleriniň aralygynda nähili işler amala aşyrylýar?
10. Aly Mejlis nähili işleri amala aşyrýar?
11. Aly Mejlis nämeleriň üstünden gözegçilik edýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 14-nji tema

# Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýet organlary













## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1-2-nji suratlarda Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň merkezi (respublika möçberindäki) organlarynyň jaýlary, 3-nji surat tümen häkimligi, 4-nji suratda bolsa raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organy görkezilen.*

1. *Siz bu organlaryň işi barada nämeleri bilýärsiňiz? Bilenleriňizi synpdaşlaryňyz bilen pikir alyşyň.*
2. *Siz ulularyň "hökümet" sözüni köp agzaýandygyny bilýärsiňiz. Ol nähili ýagdaýlarda ulanylýar? "Hökümet" sözi nämäni aňladýar?*
3. *Çykarylýan kanunlaryň, kabul edilýän kararlaryň ýerine ýetirilmegini guramak zerurmy, ýokmy?*
4. *Siz nähili ministrlikleriň atlaryny bilýärsiňiz? Olaryň nähili iş bilen meşgullanýandyklaryndan habardarsyňyzmy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. *Siziň maşgala agzalaryňyzyň mähelläniň raýatlarynyň ýygnagyna işi düşdümi? Eger düşen bolsa, bu organyň işi we ygtyýarlyklary barada näme bilýärsiňiz?*
6. *Ýerli häkimiýet organlary diýende nämäni düşünýärsiňiz we olar nähili wezipeleri ýerine ýetirýär diýip oýlaýarsyňyz?*

Özbegistan Respublikasynyň hökümet ýolbaşçylygynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň bitewi ulgamy amal edýär. Bu ulgama:

1) Ministrler Kabineti;
2) ministrlikler;
3) döwlet komitetleri;
4) dolandyryş funksiýasyny amala aşyrýan konsern we birleşmeler;
5) welaýat, tümen we şäher häkimlikleri girýär.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda Özbegistanda ýerine ýetiriji häkimiýeti Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti amala aşyrýar.

Ministrler Kabinetiniň düzümi Baş ministriň hödürlän kandidatlaryň içinden saýlap alynýar we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar. Özbegistan Respublikasynyň Baş ministriniň kandidaty Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalary tarapyndan seredip çykylýar we tassyklanýar. Ministrler Kabinetiniň agzalary Özbegistan Respublikasynyň Baş ministriň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň düzümine aşakdaky wezipeli şahslar girýär: Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri; Baş ministriň orunbasarlary; ministrler; döwlet komitetleriniň başlyklary; Garagalpagystan Respublikasynyň hökümetiniň başlygy .

Ministrler Kabineti ençeme wezipeleri öz üstüne alýar, ýagny ykdysadyýetiň, sosial we ruhy ugruň netijeli işine ýolbaşçylyk etmegi, Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň, Aly Mejlisiň kararlarynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlarynyň, kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilişini üpjün edýär.

Mundan başga-da, Ministrler Kabineti amaldaky kanun resminamalaryna laýyklykda Özbegistan Respublikasynyň tutuş çägindäki ähli organlar,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



kärhanalar, edaralar, guramalar, wezipeli şahslar we raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi mejbury bolan kararlary we buýruklary çykarýar.

Ministrler Kabineti öz işini amala aşyranda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň we Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň öňünde jogapkär hasaplanýar.

Aly Mejlisiň täze saýlanmagy bilen Ministrler Kabineti doly otstawka çykýar.

Ministrler Kabineti kanunçylykda nazarda tutulan tertipde iş alyp barýar.



**... Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri:**

**1) Ministrler Kabinetiniň işini guraýar we oňa ýolbaşçylyk edýär, onuň netijeli işlemegi üçin hut özi jogapkär bolýar;**

**2) Ministrler Kabinetiniň mejlislerine başlyklyk edýär, onuň kararlaryna gol çekýär;**

**3) Halkara gatnaşyklarda Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň adyndan iş alyp barýar.**

**4) Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynda nazarda tutulan başga wezipeleri ýerine ýetirýär ...**

*98-nji maddadan.*

Ministrler Kabineti ýene aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- Döwlet býujetini işläp çykýar we Aly Mejlise gowşurýar hem-de onuň ýerine ýetirilişini üpjün edýär;
- Aly Mejlise döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabat berýär;
- bitewi maliýe, pul-kredit syýasatynyň ýöredilmegini üpjün edýär;
- medeniýet, ylym, magaryf, sosial üpjünçilik, ekologiýa ugrunda bitewi döwlet syýasatynyň ýöredilmegini üpjün edýär;
- ýurdy goramak, döwlet howpsuzlygy, daşary syýasaty amala aşyrmagy üpjün etmek çärelerini geçirýär;
- kanunylyk, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek, hususy eýeçilik we jemgyýetçilik tertip-düzgünlerini goramak, jenaýatçylyga garşy göreş boýunça çäreleri amala aşyrýar.

Hökümet Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, kanunlary, Prezidentiň permanlary, başga normatiw-hukuk resminamalary esasynda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we olary ýerine ýetirmek maksadynda Özbegistan Respublikasynyň tutuş çäginde ähli organlar, kärhanalar, edaralar, guramalar, wezipeli şahslar we raýatlar üçin ýerine ýetirilişi hökman bolan kararlary we buýruklary çykarýar. Prezident hökümet mejlisinde başlyklyk etmek hukugyna eýe.

Beýik akyldar Ibn Sina islendik jemgyýet, döwlet belli bir adalaty goraýan, hukuk kanunlary esasynda dolandyrylýan, adalatsyzlyga ýol berilmeýän, kanunyň ileri tutulýan adalatly jemgyýet taglymatyny döretmäge, ony ösdürmäge uly goşant goşupdyr.

**Merkezi ýerine ýetiriji häkimiýeti**ň ygtyýarlyklaryny bazar prinsiplerine uýgunlaşdyrmakda we ykdysadyýeti dolandyrmakda döwlet dolandyryş organlarynyň gatnaşygyny kemeltmek Merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet dolandyryş gurluşlary we administratiw organlarynyň wezipelerini täzeden içgin seredilmegini talap edýär.

Merkezi ýerine ýetiriji häkimiýetiň dolandyryş gurluşlarynyň we administratiw organlaryň wezipelerini üýtgetmek:

– olaryň dolandyryş boýunça ygtyýarlyklaryny gysgaltmak:
– olaryň kadalaşdyrmak boýunça ygtyýarlyklaryny gysgaltmak;
– olaryň paýlamak boýunça ygtyýarlyklaryny gysgaltmak;
– olaryň hojalyk gurluşlarynyň işine gönüden-göni gatyşmagyny ýiti gysgaltmak.

Döwlet dolandyryşynda **wertikal dolandyryş** organlarynyň ygtyýarlyklaryny gysgaltmagyň hasabyna **gorizontal dolandyryş** organlarynyň ygtyýarlyklaryny giňeltmek döwlet dolandyryşy ugrunda merkezleşdirmegi çäklendirmäge mümkinçilik döredýär. Munda dolandyryş boýunça wezipeleriň bir bölegini **respublika** derejesinden **ýerli (welaýat, tümen, şäher)** möçberine geçirmegiň ähmiýeti uly boldy. Aýratynam, ýerli öz-özüňi dolandyryşyň seýrek şekli bolan **mähelle ulgamy** diňe Özbegistanda amal eden özboluşly täzelik bolup döwlet dolandyryşy ylmyna we amalyýetine girdi.

***Pähimler hazynasyndan!***

Hökümet – gepleýän kanun, kanun bolsa lal hökümetdir.

(*Siseron Mark Tulliý*)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Döredijilikli iş

*Öz guran şertli döwletiňizde ýerine ýetiriji organlaryň düzümini düzüň. Şonda siz hökümet agzalarynyň wezipelerini, olaryň ygtyýarlyklaryny we olaryň funksiýalaryny ýazyp beýan ediň. Siz özüňizi şol düzülen hökümetiň başlygy diýip göz öňüne getiriň we öz gol astyňyzdakylara beriljek iň ilkinji we iň möhüm görkezmeleriňizi ýazyň. Hökümetiňiziň bir sany kararyny we bir sany buýrugyny ýazyň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynda ýerine ýetiriji häkimiýeti kim amala aşyrýar?
2. Ministrler Kabinetiniň esasy wezipeleri nämelerden ybarat?
3. Ministrler Kabineti nähili tertipde düzülýär?
4. Ministrler Kabinetiniň düzümine kimler girýär?
5. Ministrler Kabinetiniň esasy ygtyýarlyklary nämelerden ybarat?
6. Hökümet öz işinde haýsy kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryna esaslanýar?
7. Hökümetiň nähili normatiw-hukuk resminamalaryny kabul etmäge ygtyýary bar? Olaryň nähili ýuridik güýji bar?
8. Hökümetsiz ýurdy göz öňüne getirip görüň. Şeýle bolanda nähili ýagdaýyň ýüze çykmagy mümkin?
9. Merkezi ýerine ýetiriji häkimiýetiň işlerini bazar prinsiplerine uýgunlaşdyrmak näme sebäpden derwaýys bolupdyr?
10. Konstitusiýada olaryň wezipelerini nädip üýtgetmek teklip edilipdir?
11. Döwlet dolandyryşy wezipeleriniň bir bölegini respublika derejesinden welaýat, tümen, şäher möçberinde geçirilmeginiň oňyn ähmiýete eýedigini esaslandyrjak boluň.
12. Mähelläňiziň dolandyryş organynyň gurluşy, onuň nähili wezipeleri ýerine ýetirýändigini öwreniň. Öwrenenleriňizi depderiňize ýazyň. Mähelle raýatlar ýygnagyny dolandyrmak boýunça pikirleriňizi synpdaşlaryňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *15-nji tema* Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyndan maddalar**

***106-njy madda.*** Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýeti kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetlerden, syýasy partiýalardan, başga jemgyýetçilik birleşmelerinden özbaşdak ýagdaýda iş alyp barýar.

***112-nji maddadan.*** Sudýalar özbaşdakdyrlar, diňe kanuna boýun egýärler. Sudýalaryň adalatly sudy amala aşyrmak boýunça işine hiç bir terzde gatyşmaga ýol berilmeýär we beýle gatyşma kanuna görä jogapkärlige sebäp bolýar.

Sudýalaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär...

***113-nji madda.*** Hemme sudlarda işler açyk seredilýär. Işleri ýapyk mejlisde diňlemäge diňe kanunda bellenilen ýagdaýlarda ýol berilýär.

***116-njy madda.*** Aýyplanylýan özüni goramak hukugy bilen üpjün edilýär. Derňew we seljeriş işiniň islendik basgançagynda onuň ýuridik kömek almak hukugy kepillendirilýär. Raýatlara, kärhanalara, edaralara we guramalara ýuridik kömek bermek üçin adwokatura iş alyp barýar. Adwokaturany döretmek we onuň iş tertibi kanun bilen kesgitlenýär.

### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Döwlet häkimiýetini sud ulgamysyz göz öňüne getirip görüň. Nähili ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkin?*
2. *Sud ulgamy bilen bagly ýagdaýlara siz ýa-da maşgala agzalaryňyz duş geldimi? Öz täsirleriňiz boýunça pikir alyşyň.*
3. *Raýatlaryň arasyndaky agzalalyklary dürli kazyýetler çözýärler. Näme üçin kazyýetler dürli? Ähli agzalalyklary bir sud çözende bolmaýarmy? Pikiriňizi esaslandyryň.*
4. *Konstitusiýanyň 106-njy we 112-nji maddalarynda sudýalaryň özbaşdaklygynyň aýratyn nygtalmagynyň sebäbi nämede diýip pikir edýärsiňiz? Bu möhümmi? Tersine bolsa nähili?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



5. *Konstitusiýanyň 113-nji maddasynyň ähmiýeti nämede diýip pikir edýärsiňiz?Beýle edilmeginiň nämä täsir etmegi mümkin?*
6. *Aýyplanýanlaryň Konstitusiýanyň 116-njy maddasynda kepillendirilen hukuklary bolmadyk bolanda nähili bolardy?*

Sud häkimiýeti — döwlet häkimiýetiniň bir bogunydyr.

Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy aşakdakylardan ybarat:

– Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy;

– Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy;

– Harby sudlar;

– Garagalpagystan Respublikasynyň raýatlyk we jenaýat işleri boýunça sudlary;

– Raýatlyk we jenaýat işleri boýunça welaýat we Daşkent şäher sudlary;

– Raýatlyk işleri boýunça tümenlerara, tümen (şäher) sudlary, jenaýat işleri boýunça tümen (şäher) sudlary;

– Garagalpagystan Respublikasynyň, welaýatlar we Daşkent şäher ykdysady we administratiw sudlary.

– Tümenlerara , tümen, şäher ykdysady sudlary:

– Tümen, şäher administratiw sudlary.

Sud edaralaryndan başga döwlet edarasy raýatlyk, jenaýat we başga işlere seretmek, çözmek hukugyna eýe däl. Sud häkimiýeti adalatly sudy amala aşyrmak ygtyýarlygyna eýe bolan ýeke-täk häkimiýetdir.

Döwlet sud edaralarynyň netijeli işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçludyr. Sud edaralarynyň özbaşdaklygynyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegi, Konstitusiýada we kanunlarda kesgitlenilmegi BMG tarapyndan kabul edilen “Sud edaralarynyň garaşsyzlygyna degişli esasy ugurlar” atly halkara hukuk resminamasynda hem öz beýanyny tapandyr.



**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetleriň resminamalarynyň Konstitusiýa nähili derejede laýyklygyna degişli işlere garaýar ...**

*108-nji maddadan.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adalatly sud seljerişiniň netijeliligi elbetde sudlar tarapyndan kabul edilýän resminamalaryň hökmanylygy bilen gös-göni baglydyr.

Şu ýerde suduň kararlarynyň döwletiň mejbur ediş güýji bilen üpjün edilýändigini bellemek möhümdir.

Äşgärlik adyl sud seljerişiniň esasyny kesgitleýän möhüm konstitusion ugurlardan biridir. Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamyna girýän ähli sudlarda işlere açyk seredilýär.

Adalatly sud seljermesini amala aşyrmakda dil hakyndaky Konstitusion prinsip möhüm ähmiýete eýedir. Konstitusiýamyzyň 115-nji maddasyna esasan Özbegistan Respublikasynda sud işlerini ýöretmek özbek, garagalpak, belli bir ýerde ýaşaýan ilatyň gepleşýän dilinde alnyp barylýar.

Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamynyň halkara ülňülere laýyklygyny üpjün edýän taraplaryndan biri – bu aýpsyzlyk prezumpsiýasy kadasynyň kanunda öz beýanyny tapanlygydyr. Bu milli hukuk ulgamynyň möhüm üstünligi we raýatlyk jemgyýetiniň möhüm prinsiplerinden hasaplanýar.

Ýurdumyzdaky ähli sudýalar birmeňzeş derejä eýedir. Sudýalaryň adyl sud seljerişini amala aşyrmak işine gatyşmaga ýol berilmeýär.

Kanunda sudýalaryň ygtyýarlylyk möhleti 5 ýyl diýlip görkezilendir.

Ýurdumyzda sud ulgamyny özgertmek we ony kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler, ilki bilen, häkimiýetleriň bölünişine degişli Konstitusion prinsipi yzygider amala aşyrmaga hyzmat etdi. Netijede sud ulgamynyň ýerine ýetiriji häkimiýetden özbaşdak ýagdaýda iş ýöretmegine mümkinçilik döredildi.

Sud-hukuk ulgamyny yzygider *demokratlaşdyrmak* we *liberallaşdyrmak* boýunça soňky ýyllarda alnyp barylan işler:

– sud-derňew işinde derňew hadysasynda, jebirleniji, şaýat, gümandar, günäkär ýa-da sud edilýäniň görkezmesi boýunça(eger anyk subut bolmasa) karar kabul etmek gadagan edildi;
– Ýokary sud we Ýokary hojalyk sudlary birleşdirildi we olar esasynda raýatlyk, jenaýat, administratiw we ykdysady ugurlarda sud işlerini alyp barmak boýunça sud häkimiýetiniň birleşen organy döredildi;
– Ýokary suduň ýanynda sudlaryň işini üpjün etmek boýunça departament düzüldi;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



– Özbegistan Respublikasy Sudýalar Ýokary geňeşi düzüldi we onuň wezipesi edip sud häkimiýetiniň özbaşdaklygy konstitusiýa esaslanan prinsipe amal edilmegini üpjün etmäge kömekleşmek bellenýär;
– Konstitusion suduň hukuklary giňeldildi we onuň hukuklaryna Prezidentiň karar we permanlarynyň Konstitusiýa laýyklygyny anyklamak ygtyýarlygy hem girizildi;
– Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Sud-hukuk sistemasyny ýene-de reforma etmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny ynamly goramak kepilliklerini güýçlendirmek çäreleri barasynda”ky permany kabul edildi. Onda sud-hukuk sistemasyny reforma etmek boýunça zerur wezipeler belgiläp berildi. Permanda sud häkimiýetiniň hakyky özbaşdaklygyny üpjün etmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, adyl sud işini gazanmak mümkinçiligini artdyrmak ýaly meseleler sud-hukuk sistemasy özgertmeleriniň esasy maksady hökmünde belgiläp goýuldy. Bu maksady gazanmak ugrundaky sud, hukuk goraýjy we gözegçilik organlaryna anyk wezipeler ýüklendi.

***Pähimler hazynasyndan!***

Eger sud häkimiýeti ýerine ýetiriji häkimiýeti bilen birleşse, onda sudýanyň ezijä öwrülmegine mümkinçilik döreýär. (*Monteskýo*)

Emir-Temuryň döwletinde adalatly sud seljerişini amala aşyrmak üçin çylşyrymly sud ulgamy bolup, olar aşakdaky dört şaha bölünipdir we kazylar tarapyndan dolandyrylypdyr:

1. Raýat sudy (ilat kazysy).
2. Harby sud (goşun kazysy).
3. Şerigat sudy (Yslam kazysy).
4. Emeldarlar sudy (gullukçylar kazysy).

Şäherleriň, ülkeleriň we welaýatlaryň ilaty jenaýat we raýat işi boýunça seljerilipdir. Munda şerigat, harby adamlar babatda **tribunal** (harby sud) ulanylsa-da, öwütler esasynda hököm çykarylypdyr. Tagtyň mirasdarlary üçin hökümi emiriň özi çykarypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

Sud – adyl seljerişi amala aşyrmaga hukugy bolan ýeke-täk döwlet häkimiýet organlarydyr. Sudýalar öz kararlaryny we hökümlerini döwletiň adyndan çykarýarlar. Munuň özi kararlaryň we hökümleriň hemmeler, şol sanda döwlet organlary tarapyndan gürrüňsiz ýerine ýetirilmelidigini aňladýar.

## Döredijilikli iş

*Guran şertli döwletiňiziň sud ulgamynyň shemasyny çyzyň. Şonda dürli ugurlardaky sudlaryň ygtyýarlyklary, olaryň öňünde goýan wezipeleri olaryň jogapkärçiligini kesgitläp ýazyň. Iki raýatyň we iki guramanyň arasyndaky jedelli ýagdaýlary getiriň we olaryň sud ulgamy arkaly çözgüdini tapmaga çalyşyň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Sud häkimiýeti diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Sud häkimiýeti organlary nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
3. Sudlaryň özbaşdaklygy nädip kepillendirilýär?
4. Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamyna haýsy organlar girýär?
5. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy nähili organ hasaplanýar? Onuň nähili ygtyýarlyklary bar?
6. Sudlaryň we sudýalaryň özbaşdaklygy nädip üpjün edilýär?
7. Sud ulgamyny ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň gözegçiliginden we täsirinden çykarylmagynyň ähmiýeti barada öz pikiriňizi aýdyň.
8. Sud häkimiýetini özgertmek we ony özbaşdak döwlet institutyna öwürmek boýunça amala aşyrylan çäreler nähili netijeleri berdi?
9. Täze düzülen Özbegistan Respublikasy Sudýalar Ýokary geňeşi nähili maksatda düzüldi?
10. Konstitutsion suduň hukuklary nähili özgerdildi?
11. Prezidentimiz Şawkat Mirziýaýewiň sud-hukuk ulgamyny reforma etmek boýunça permanynyň ähmiýeti hakynda aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar.

1. Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygyny nädip gazandy?
2. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilmeginiň ähmiýetini we onuň özboluşly aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna esasan döwlet dolandyryşy ygtyýarlyklary nähili paýlanýar?
4. Kanun çykaryjy häkimiýetiň düzümini aýdyp beriň.
5. Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
6. Senat näme? Onuň nähili ygtyýarlyklary bar?
7. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň düzümi barada aýdyp beriň.
8. Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň düzüminde nähili özboluşlylyklar bar?
9. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň nähili ygtyýarlyklary bar?
10. Özbegistan Respublikasynda Sud häkimiýetine aýratyn häkimiýet hökmünde garalmagyna sebäp nämede diýip oýlaýarsyňyz?

**Adalgalara laýyk kesgitlemeleri bellik ediň.**

***1. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy***
***5. Sud häkimiýeti***
***2. Kanunçylyk palatasy***
***3. Senat***
***6. Ministrler Kabineti***
***4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti***
***7. Kanun çykaryjy häkimiýet***

**a)** *döwlet başlygydyr .*

**b)** *garaşsyz ýurdumyzyň esasy kanuny.*

**ç)** *Aly Mejlisiň ýokary palatasy.*

**d)** *Aly Mejlis: 1. Senat; 2. Kanunçylyk palatalaryndan ybarat.*

**e)** *Konstitusion sud, Ýokary sud, Ýokary hojalyk sudy we başga sudlary öz içine alýar.*

**f)** *döwletimizde ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýar.*

**ä)** *Aly Mejlisiň aşaky palatasy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça test nusgasy

**1.Haýsy organ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna düşündiriş bermek hukugyna eýe?**

a) Ýokary sud;
b) Konstitusion sud;
ç) Ýokary hojalyk sudy;
d) Prokuratura.

**2. Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklarynyň paýlanyşy aşakdaky ýaly amala aşyrylýar:**

a) Aly Mejlisiň deputatlarynyň arasynda;
b) Garagalpagystan Respublikasynyň we welaýatlaryň arasynda;
ç) Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetleriniň arasynda ;
d) Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy bilen Senatyň arasynda.

**3. Döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklary aşakdaky organlaryň arasynda paýlanýar:**

a) prokuratura, içeri işler, daşky gatnaşyklar, milli howpsuzlyk we goranma organlary;
b) kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti ulgamy;
ç) hukuk goraýjy döwlet organlary;
d) sud, prokuratura, ýaragly güýçler.

**4. Kim Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýeti organlarynyň ylalaşylan ýagdaýda iş ýöretmegini hem-de hyzmatdaşlygyny üpjün edýär?**

a) Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti;
b) Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri;
ç) Özbegistan Respublikasynyň Baş sudýasy;
d) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi.

**5. Şu Konstitusion kadada ýetişmeýän sözleri anyklaň.** *“Özbegistan Respublikasynda ähli raýatlar ... bolup, jynsyna, nesline, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna, ygtykadyna, şahsy we sosial ornuna seretmezden, kanun öňünde deňdirler”.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



a) birmeňzeş hukuk ukybyna eýe;
b) birmeňzeş borçlara eýe;
ç) birmeňzeş hukuklara we azatlyklara eýe;
d) birmeňzeş hukuklara we borçlara eýe.

**6. Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly güýçleriniň Ýokary Baş komandiri kim?**
a) Prezident;
b) Ministrler Kabineti;
ç) Baş ministr;
d) Prokuror.

**7. Düşürlip galdyrylan sözleri ýerine goýuň.** *Prezident öz wezipesini ýerine ýetirip duran döwürde başga ... eýelemegi, ... telekeçilik işi bilen meşgullanmagy mümkin däl.*
a) başga hak tölenýn wezipäni eýelemegi;
b) telekeçilik işi bilen meşgullanmagy;
ç) Senator bolmagy;
d) Deputat bolmagy.

**8. Özbegistan Respublikasy döwlet dolandyryş şekline görä nähili döwlet hasaplanýar?**
a) Prezident respublikasy;
b) Parlamentar respublika;
ç) Garyşyk şekildäki respublika;
d) Monarhiýa şeklindäki.

**9. Raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, Konstitusiýa we kanunlara amal edilmeginiň kepili kim?**
a) Aly Mejlis;
b) Döwlet;
ç) Prezident;
d) Prokuror.

**10. Döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesi bu …**
a) halk;
b) döwlet organlary;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

d) raýatlar;
e) kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti.

**11. Adamlaryň gylyk-häsiýetine, olaryň hereketlerine we adatlaryna täsir etmek mümkinçiligine näme diýilýär?**
a) Jemgyýet;
b) Häkimiýet;
ç) Döwlet;
d) Jemagat.

**12. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä kanunçylyk başlangyjy hukugy kimlere berlen?**
a) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine, Aly Mejlisiň deputatyna;
b) Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetine, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion suduna;
d) Ýokary suda, Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Hojalyk suduna, Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuroryna;
e) Ýokardakylaryň hemmesi dogry.

**13. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä Özbegistanda ýerine ýetiriji häkimiýeti... amala aşyrýar.**
a) Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti;
b) Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti;
ç) ýerli häkimlikler;
d) ministrlikler we guramalar.

**14. Sud organlarynyň öz wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmekleri üçin zerur şertleri döredip bermek borjy... niň wezipesidir.**
a) Konstitusion sud;
b) Ministrler Kabineti;
ç) döwlet;
d) halkara guramalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini barha ýokarlandyrmak kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmegiň we kanunylygy pugtalandyrmagyň iň möhüm şertlerinden biri hasaplanýar.*

***Şawkat Mirziýaýew***

# IV BAP

# AHLAK WE HUKUK. HUKUK GATNAŞYKLARY








***Ahlak we hukuk***
***Hukuk normalary***
***Hukuk pudaklary***
***Hukuk gatnaşyklary***
***Özbegistanda hukuk çeşmeleri***
***Hukuk aňy we hukuk medeniýeti***

http://edu-portal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**16-njy tema** | **Ahlak we hukuk**













## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Mekdebiňizde siz hökman berjaý etmeli bolan nähili talaplar we kadalar bar?*
2. *Bu talaplaryň we kadalaryň haýsylary okuwçylara, haýsylary bolsa mugallymlara niýetlenen? Maşgalaňyzda siz nähili talaplara we kadalara boýun egýärsiňiz?*
3. *Siz mekdepde mugt okaýarsyňyz. Bu hukugy size kim beripdir? Bu hukuk nädip we kim tarapyndan ornaşdyrylan? Siziň bu hukugyňyz nirede ýazylyp goýlan?*
4. *Siz köçede barýarkaňyz hökman, “Ýol hereketi kadalary”na berk amal etmelisiňiz. Eýsem, siz mekdepde ýa-da maşgalaňyzda amal edilýän kadalaryň “Ýol hereketi kadalary”ndan nähili möhüm tapawudy bar? Jogap berende bu kadalaryň kim tarapyndan ornaşdyrylandygyny we olara amal edilmeginiň kim tarapyndan gözegçilik edilýändigini hasaba alyň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*5. Ýokardaky mysallaryň haýsysynda sizden köpräk jogapkärçilik talap edilýär? Näme üçin?*
*6. Ýokarda agzalan kadalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek kimiň üstüne ýüklenen diýip oýlaýarsyňyz?*
*7. Şu kadalary bozmazdan mekdepde, maşgalada we dostlaryňyzyň arasynda nähili hukuklara eýediginizi sanap beriň.*
*8. Bu hukuklaryňyzyň näme üçin hut* ***"hukuk"*** *diýlip atlandyrylýandygy barada oýlanypdyňyzmy? Pikiriňizi esaslandyryp beriň.*

Adamyň jemgyýetdäki özüni alyp baryşyny tertibe salýan kadalar ulgamy **ahlak**dyr. Özbegistanyň çäginde müň ýyllaryň dowamynda emele gelen milli ahlagymyzyň normalary milli hukuk ulgamymyzyň şekillenmeginde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýar.

***Ahlak*** *– adamyň jemgyýetde özüni alyp baryşyny tertipleşdirýän talaplaryň we kadalaryň jemi.*

Hukuk düşünjesini düşündirmek aňsat bolar ýaly hukugyň alamatlaryny we aýratynlyklaryny sanap geçmek maksada laýykdyr.

Hukuk özüňi alyp barmagyň normalarynyň ýa-da kadalarynyň jeminden ybaratdyr. Ýöne bu normalar ýa-da kadalar bitewi, tertipli ulgam ýagdaýynda ýüze çykýar. Bu ulgam hökman döwlet tarapdan kesgitlenen we rugsat edilen bolmalydyr.

Hukuk döwletiň erk-islegini aňladýar. Hukuk döwletinde döwletiň erk-islegi jemgyýetiň, halkyň erk-islegi bilen gabat gelenligi sebäpli beýle döwletde hukuk jemgyýet ýa-da halk erk-islegini aňladýar diýmek mümkin.

Hukuga degişli normalardaky we kadalardaky talaplar jemgyýetiň ähli agzalary tarapyndan ýerine ýetirilmegi mejburydyr. Ýagny hukuga degişli normalar we özüňi alyp barmagyň kadalary umummejburydyr.

***Hukuk*** *– döwlet tarapyndan bellenen we goralýan özüňi alyp barmagyň hemmeler üçin hökmany bolan kadalarynyň ulgamy.*

Eger-de hukuga degişli normalar we özüňi alyp barmagyň kadalary bozulsa, döwlet kanuny bozanlara jeza we mejbur ediji çäreleri görýär. Ýagny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hukuk döwlet tarapyndan goralýar we döwlet peýda bolmagy bilen hukuk hem peýda bolýar. Hukuk ilki ahlak garaýyşlary, gymmatlyklary esasynda ýüze çykypdyr. Soňra bolsa *hukuk döwleti tarapyndan* ornaşdyrylan ýa-da makullanan we onuň güýji bilen goralýan hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp barmagyň kadalarynyň ulgamyna öwrülipdir.

"Hukuk" adalgasy iki obýektiw hem-de subýektiw hukuk manysynda ulanylýar. *Obýektiw hukuk* – hukuk normalarynyň jemi. *Subýektiw hukuk* bolsa belli bir şahsa ýa-da topara degişli bolan hukuk. Mysal üçin kimiňdir öý-jaýa bolan ýa-da haýsy-da bolsa bir emläge görä bolan hukugy. Subýektiw hukuk obýektiw hukuksyz bolmaýar. Hukugyň özi bolsa döwlet bilen aýrylmaz baglydyr. Olaryň aýry-aýry bolmagy mümkin däl.

Hukuk aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär: tertibe salmak, goramak we terbiýelmek. Bu bolsa öz gezeginde hukugyň funksiýalarynda ýüze çykýar.

**Hukugyň (obýektiw) funksiýalary**

- *Tertibe salmak* → Jemgyýetdäki sosial gatnaşyklary we aýry-aýry şahsyň tertibini gerekli ugra gönükdirmek.
- *Goramak* → Hukuk goragyny we ýuridik jogapkärçilik çärelerini, olaryň ulanylyş tertibini ýola goýmak.
- *Terbiýelemek* → Durmuşda nämeleri etmek mümkin, nämeler gadagan edilýär. Dürli ýagdaýlarda nähili hereket etmelidigini kesgitlemekden ybarat. Zerur bolanda mejburlamak usulyny, hatda jezalandyrmagyda nazarda tutýar.

Ilatyň köp böleginiň garaýyşlary we düşünjeleri hem, ahlagy hem hukugy aňladýar.

Ahlak bilen hukugyň arasyndaky esasy tapawutlar aşakdakylardyr:

1) hukuk döwlet tarapyndan kesgitlenýär, ahlak (ýagşylyk we ýowuzlyk, adalat we nähaklyk ýalylar) bolsa öz-özünden (döwlet gatyşmazdan) emele gelýär;

http.eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



2) hukuk döwletiň erk-islegini, ahlak bolsa jemgyýetiň agzalarynyň pikirini, dünýägaraýşyny hem-de adamkärçilik sypatlary we düşünjelerini aňladýar;
3) hukuk normalary, zerur bolanda, döwletiň mejbur ediş güýji arkaly, ahlak normalary bolsa jemgyýetçilik pikiri arkaly berkarar bolýar;
4) ahlak normalary sosial gatnaşyklaryň giň toparyny (dostlugy, ýoldaşlygy, hatda söýgüni hem) tertibe salýar. Hukuk bolsa belli bir sosial gatnaşyklaryň onçakly giň bolmadyk toparyny öz içine alýar;
5) hukukda hereket ýa-da hereketsizligi bahalamagyň ölçegi "kanuny-bikanun", ahlakda bolsa "ýagşy-ýaman"dan ybarat;
6) hukuk resminamalarda anyk görnüşe eýe.

Aşakdakylardan ahlak we hukugy tapawutlandyryň hem-de jedweli dolduryň.
- salam bermek;
- ululara ýer bermek;
- hünärli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak;
- bilim almak;
- tebigaty goramak;
- kiçileri sylamak;
- ululary hormat etmek;
- saýlawlara gatnaşmak;
- salgytlary öz wagtynda tölemek;
- köpçülikde tertip saklamak;
- ata-enelere gamhorlyk etmek;
- mugallymy hormat etmek;
- mekdep kadalaryna amal etmek.

| *Ahlak* | *Hukuk* |
|---|---|
| | |

Hukuk we ahlak bir ugurda hereket edýär. Käte hukuk jemgyýetiň könelişen ahlak normalaryndan gutulmagyna kömekleşýär (meselem, hun almak). Şunuň bilen birlikde, hukuk ahlak ("haýyrlylyk" we "adalat" düşünjeleri) esasynda şekillenýär. Köplenç, sud "mertebe we gadyr-gymmaty äsgermezlik", "gödeklik" we başga şular ýaly düşünjeleri dogry düşünmek maksadynda ahlak kadalaryna ýüzlenýär.

Ahlak bilen hukuk aýry-aýry düşünjeler bolsa-da, olar umumy aýratynlyklara hem eýe.

## Düşündiriň!

Hukuk we ahlak bir ugurda hereket edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Döredijilikli iş

1. *Guran şertli döwletiňiziň raýatlarynyň “Ahlak kodeksini” ýazyň.*
2. *Bu”kodeksde” getirilen kadalaryň bozulanlygy üçin siz nähili jogapkärçilik çärelerini bellärdiňiz?.*
3. *Bu kadalar hukuga nähili derejede laýyk gelýär we olarda hukugyň nähili alamatlary bar?*
4. *Geçilen temalarda alan bilimleriňizden peýdalanyp aşakdaky teksti düşündiriň.*

*Öz hukuklaryňy we borçlaryňy bilmek ýurdumyzyň her bir raýaty üçin örän möhümdir. Eger biz öz hukuklarymyzy bilsek, olardan dogry peýdalanyp bilsek we olary gorap bilsek, bu biziň hukuk taýdan medeniýetli bolmagymyzy üpjün edýär. Şonuň ýaly-da, bu başga raýatlaryň hukuklaryny bozmazlyga-da hyzmat edýär. Çünki olar hem biz ýaly Konstitusiýamyza we kanunlara görä birmeňzeş hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ahlak sözüni nähili düşünýärsiňiz?
2. Ahlak düşünjesine taryp beriň.
3. Hukuk nähili peýda bolupdyr?
4. Obýektiw hukuk näme? Mysal getiriň.
5 Subýektiw hukuk näme? Mysal getiriň.
6. Hukugyň alamatlaryny we aýratynlyklaryny sanap beriň.
7. Hukugyň funksiýalaryny sanap beriň.
8. Hukugyň tertibe salyş funksiýasynyň manysyny aýdyp beriň.
9. Hukugyň goramak funksiýasynyň manysyny aýdyp beriň.
10. Hukugyň terbiýelemek funksiýasynyň manysyny düşündiriň.
11. Ahlak aýratyn adam üçin zerurrakmy ýa-da jemgyýet üçinmi?
12. Ahlak bilen hukuk düşünjeleriniň bir-biri bilen nähili baglylygy bar, diýip oýlaýarsyňyz?
13. Eger bu iki düşünjäniň arasynda garşylyk peýda bolsa, onda näme üýtgedilýär – hukukmy ýa-da ahlakmy? Näme üçin?
14. Ahlak bilen hukugyň arasyndaky tapawutlary sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 17-nji tema Hukuk normalary













## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Suratlardaky hukuk resminamalarynyň haýsylary bilen tanyşsyňyz? Bu hukuk resminamalarynyň içinde nämeler ýazylandygyny bilýärsiňizmi?*

*2. Siz tanyş bolmadyk resminamalaryň içinde nämeler ýazylan bolmagy mümkinligini hem takmyn edip görüň. Munda bu kanuny resminamalaryň atlaryna üns beriň.*

*3. Bu kanuny resminamalaryň döwlet tarapyndan çykarylmagyndan gözlenen maksat näme diýip oýlaýarsyňyz?*

*4. Töweregiňizdäki durmuşdan hukuk meseleli ýagdaýyna mysal getiriň. Bu ýagdaýdaky meseläni çözmek boýunça hukuk kararyny kabul etmäge synanyşyň. Kararyňyzy depderiňize ýazyň. Munda:*
*1) şu hukuk meselesiniň özüni, ýagny kanun-kadalaryň bozulan ýagdaýyny häsiýetlendiriň.*
*2) şu kanun-kadalary bozma ýagdaýy nähili netijelere getirýändigini beýan ediň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*3) şu kadany bozan şahslara görä nähili çäre görülenligini beýan ediň.*

*5. Siz mysal getiren hukuk meselesini çözmek üçin ýokarda görkezilen hukuk resminamalarynyň haýsysy gerek bolar diýip oýlaýarsyňyz?*

Biziň hukuk bilen hukuk bozulmalaryny, kanunylyk bilen kanun bozulmalaryny bir-birinden tapawutlandyrmagymyz üçin belli bir ölçegler, serişdeler, resminamalar zerurdyr.

Şeýle mümkinçiligi bize hukuk normalary berýär.

**Hukuk normasy** – bu hukuk ulgamynyň iň esasy, ilkinji elementidir. Hukuk normalary jemgyýetiň sosial, syýasy gurluşy bilen kesgitlenen, halkyň erk-islegini aňladýan, döwlet tarapyndan ornadylan, ýerine ýetirilmegi jemgyýetiň ähli agzalary üçin hökmany bolan, sosial gatnaşyklary tertipleşdirýän kadalardyr.

*Döwlet tarapyndan kesgitlenen, kepillendirilen we goralýan, hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp barmak kadasyna* ***hukuk normasy*** *diýilýär.*

Hukuk normasynyň esasy wezipesi – sosial gatnaşyklaryny tertibe salmak. Hukuk aýry-aýry normalardan, özüňi alyp barmak kadalaryndan ybarat.

Hukuk normalary düzülişine görä bir-biri bilen bagly bolan aşakdaky üç bölekden (elementden): gipotezadan, dispozisiýadan we sanksiýadan ybaratdyr.

**Gipoteza**da normanyň herekete gelmegi üçin zerur şertler beýan edilýär.

**Dispozisiýa**da özüňi alyp barmagyň kadalary beýan edilip, hukugyň subýektleriniň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär.

**Sanksiýa**da hukuk normalarynyň bozulanlygy üçin döwlet tarapyndan ulanylýan mejbur ediş çäresi beýan edilýär.

Jenaýat kodeksiniň 203-nji maddasyny mysal getireliň: *“Suwdan ýada suw howdanlaryndan peýdalanmagyň şertlerini bozmak agyr netijelere sebäp bolsa, iň pes aýlyk iş hakynyň elli essesinden ýüz essesine çenli*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*mukdarda jerime salynýar ýa-da üç ýyla çenli düzediş işleri ýa-da alty aýa çenli tussag etmek, ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum edilýär“*

***“Norma”*** *sözi latynçadan terjime edende “kada”, “nusga” manysyny aňladýar.*

***Gipoteza*** *– grekçe söz bolup, çak etmek, pikir ýöretmek diýen manyny aňladýar.*

***Dispozisiýa*** *– latyn dilinden alnan bolup, beýan etmek diýen manyny aňladýar.*

***Sanksiýa*** *– latyn dilinden alnan bolup, mejbury çäre diýen manyny aňladýar.*

Ýokardaky maddanyň *“Suwdan ýa-da suw basseýnlerinden peýdalanmagyň şertleriniň bozulmagy”* diýen bölegi gipoteza mysal bolup bilýär. *“Agyr netijelere sebäp bolsa”* diýen bölegi dispozisiýa, *“iň pes aýlyk iş hakynyň elli essesinden ýüz essesine çenli mukdarda jerime salynýar ýa-da üç ýyla çenli düzediş işleri ýa-da alty aýa çenli tussag etmek, ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum edilýär“* diýeni bolsa sanksiýa mysal bolup bilýär.

Käbir kanun resminamalarynda hukuk normasynyň üç elementden dälde, eýsem iki elementden ybarat bolmagy hem mümkin. Meselem, islendik ýurduň Konstitusiýasynda maddalar diňe gipotezadan we dispozisiýadan ybarat bolup, sanksiýa elementi göz öňünde tutulmandyr.

Özbegistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasyny alyp görsek, ol ýerde Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäheri diýlip görkezilipdir. Bu madda hukuk normasyna mysal bolup bilýär we ol diňe dispozisiýadan ybaratdyr.

Hukuk normasynyň aşakdaky alamatlary bar:

– döwletiň (halkyň) erk-islegini aňladýar;

– döwlet tarapyndan normatiw resminamalarda aňladylýar;

– döwlet tarapyndan goralýar, zerur bolan ýagdaýlarda döwletiň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär;

– jemgyýet we döwlet nukdaý nazaryndan iň möhüm bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny pugtalandyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





*Şeýle hukuk normalaryna mysal getiriň, ýagny olar:*
*1) gipoteza, sanksiýa böleklerinden ybarat bolsun;*
*2) diňe gipoteza we dispozisiýadan ybarat bolsun;*
*3) üç surata-da degişli bolsun;*
*4) diňe 1-nji we 3-nji suratlara degişli bolsun;*
*5) diňe 2-nji surata degişli bolsun.*

Hukuk normalaryna mysal edip halkara hukuk resminamalaryny hem getirmek mümkin. Özbegistan Respublikasy Garaşsyzlygyny gazanandan bäri ençeme halkara hukuk resminamalaryna goşuldy. Aşakda, biz gündelik durmuşymyza täsir edýän käbir möhüm halkara hukuk resminamalarynyň sanawyny hödürleýäris:

– Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy;
– Çaga hukuklary baradaky konwensiýa;
– Ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky halkara pakt;
– Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara pakt;
– Tehniki we hünär tälimi boýunça konwensiýa;
– Ösüş hukugy baradaky deklarasiýa;
– Halkara medeni hyzmatdaşlyk prinsipleri baradaky deklarasiýa;
– Işe kabul etmegiň minimal ýaşy baradaky konwensiýa.

***Pähimler hazynasyndan!***

Azat bolmak üçin kanunlaryň guluna öwrülmeli bolýar.

(*Siseron Mark Tulliý*)

## Düşündiriň!

Hukuk normasynyň esasy wezipesi – sosial gatnaşyklary tertibe salmakdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Döredijilikli iş

*1. "Bagt bank" işgärleri telekeçi Gülbahar Hamraýewa bilen dil birikdirip, "Çakgan" fermer hojalygynyň "Bagt bank"daky 2 million som puluny 2014-nji ýylylyň 11-nji fewral güni G. Hamraýewanyň hasabyna galp resminamalar esasynda geçiripdirler, başgaça aýdanda gündiziň güni talaňçylyk edipdirler.*

*Häzir bu ýagdaý boýunça "Bagt bank"ynyň işgärlerine görä JK-niň 167-nji maddasy 2-nji bölegi "v", "g" bentleri bilen jenaýat işi gozgalyp, derňew başlap goýberildi.*

*1) Ýokarda beýan edilen ýagdaýa hukuk taýdan baha beriň.*
*2) Şu ýagdaýa görä hukuk normalaryny ulanyň.*
*3) Ulanan hukuk normalaryň gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa böleklerini tapawutlandyryp görkeziň.*
*2. Şertli döwletiňizde "bolup geçen" ýokardaky mysalda berlene meňzeş bir hukuk bozma ýagdaýyny beýan ediň. Bu hukuk bozma ýagdaýy boýunça hem ýokarda berlen ýumuşlary ýerine ýetiriň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hukuk normasy diýen düşünjäni aýdyp beriň.
2. Hukuk normasynyň zerurlygyny esaslandyryň. Eger hukuk normasy bolmadyk bolsa jemgyýetiň nähili kynçylyklara duş gelmeginiň mümkinligine üns beriň.
3. Hukuk normasynyň esasy wezipesi nämeden ybarat?
4. Hukuk normasynyň düzüm böleklerini (elementlerini) sanap beriň.
5. Gipoteza näme? Mysal getiriň.
6. Dispozisiýa näme? Mysal getiriň.
7. Sanksiýa näme? Mysal getiriň.
8. Şu üç elementiň islendik hukuk normasynda bolmagy mümkinmi? Jogabyňyzy esaslandyryň. Hukuk normasynyň nähili alamatlary bar?

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**18-nji tema**

# Hukuk ugurlary














## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Suratlara garaň. Bu suratlarda görkezilen adamlar dürli hukuk zerurlyklaryna eýe. Olary aýdyp beriň.*
2. *Bu hukuklary üpjün etmek üçin kabul edilen kanun resminamalary barada eşidipdiňizmi?*
3. *1-nji suratdaky okuwçy bilen 6-njy suratdaky fermer aýalyň hukuklarynyň arasynda nähili umumylyk we nähili tapawutlar bar diýip oýlaýarsyňyz? 3-nji we 2-nji suratdakylaryň nähili? 4-nji we 2-nji suratdakylaryň nähili?*
4. *5-nji suratda görkezilen tebigatyň hem hukuklary barmy? Bu hukuklar nämelerde aňladylmagy mümkin diýip oýlaýarsyňyz?*

Islendik jemgyýetde şu jemgyýetiň agzalarynyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek üçin belli bir **hukuk ulgamy** gerek. Bu ulgam dürli, emma özara pugta baglylykda bolan hukuk normalarynyň jeminden ybarat bolýar.

***Hukuk ulgamy*** *– bu jemgyýetdäki bar bolan hukuk normalarynyň bir bitewi barlyk hökmünde hereketlenmegi, hukuk normalary we ugurlaryny belli bir yzygiderlikde, özara aýrylmaz baglylykda ýerleşişi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Haýsy hukuk normasyny haýsy obýekte görä ulanylmalydygyny kesgitlemek üçin olary görnüşlere bölmeli. Hukuk ulgamy, ilki bilen, **hukugyň pudaklary (ugurlary)** diýlip atlandyrylýan aýratyn şahalara bölünýär. Şonda döwletdäki sosial gatnaşyklaryň dürlüligi hasaba alynýar. Şu gatnaşyklar **hukugy tertibe salyş (dolandyryşynyň)** predmetini düzýär. **Hukugy tertibe salyş (dolandyryş)** usuly bolsa, hukugyň sosial gatnaşyklara täsir etmegine kömekleşmegiň ýollarynyň, usullarynyň, serişdeleriniň jemidir.

Sosial gatnaşyklaryň zähmet gatnaşyklary, sosial üpjünçilik, maliýe we beýlekiler ýaly görnüşleri aýratyn hukuk normalary arkaly tertibe salynýar.

Özbegistan Respublikasynyň hukuk ulgamyny aşakdaky ýaly teswirlemek mümkin:






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Bu hukuk pudaklarynyň käbirlerini teswirläliň:

– Konstitusion hukuk pudagy – bu hukuk pudagy hukuk ulgamyndaky iň esasy şahadyr. Çünki onda hukugyň esasy ugurlary, döwletiň hukuk keşbi bellenilýär. Konstitusion hukuk tarapyndan döwletiň, jemgyýetiň we raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklar tertibe salynýar. Onda döwletiň suwereniteti, syýasy dolandyryş görnüşi, dolandyryş-çäk gurluşy, iň ýokary döwlet organlarynyň iş tertibi we ygtyýarlyklary, adamlaryň esasy hukuklary we azatlyklary, jemgyýetiň özoluşly aýratynlyklary ýaly möhüm meseleler berkidilen.

– Zähmet hukuk pudagy tarapyndan kärhanalaryň, guramalaryň we olaryň işgärleriniň arasyndaky gatnaşyklar tertibe salynýar.

– Raýatlyk hukugy şahasy – emläk bilen bagly hem-de ähli emläk däl gatnaşyklar tertibe salynýar.

– Maşgala hukuk pudagy – maşgaladaky, nika we maşgala bilen bagly gatnaşyklary tertibe salýar.

– Ekologiýa hukuk pudagy – tebigaty goramakda ýüze çykýan gatnaşyklar tertibe salynýar.

– Jenaýat hukuk pudagy – haýsy işleriň jemgyýet üçin howpludygyny, olary eden adamlara nähili çäre görülmelidigini kesgitleýär we şu meselede ýüze çykýan ähli meseleleri tertibe salynýar.

Prosessual hukuklar sudlaryň işlerini tertibe salýar we haýsy pudaga degişli hukuk meselelerine seredilýänligine garap ýokardaky tertipde üç şaha bölünýär:

– Raýat-prosessual hukuk normalary sudlaryň raýat, maşgala, zähmet, ýer bilen bagly we maliýe gatnaşyklary ýaly birnäçe ugurlardaky işini tertibe salýar. Ýagny, şu ugurlara degişli işe seredilýän bolsa, sudlar raýat-prosessual kanunçylyga esaslanyp iş alyp barýarlar.

– Ykdysady prosessual hukukda hem ýer, agrar, maliýe, ekologiýa ugurlaryna degişli hukuk gatnaşyklaryň sudlar arkaly çözülmegi göz öňünde tutulýar. Eger raýat-prosessual hukugynda fiziki taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar öz beýanyny tapsa, hojalyk-prosessual hukukda hojalyklarara eýeçilik dawalaryny çözmek nazarda tutulan.

– Jenaýat-prosessual hukugy sud, derňew, prokuratura organlarynyň derňew we sudda seretmek işlerini tertibe salýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýokarda agzalan ugurlar döwletiň içerki **hukuk ulgamyny** emele getirýär. Ondan başga **halkara hukuk ulgamy** hem bolup, bu hukuk ulgamynyň normalary döwletleriň, halkara guramalarynyň we beýleki subýektleriň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryny tertibe salýar.

Halkara hukuk ulgamy aşakdaky pudaklary öz içine alýar: halkara guramalaryň hukugy, halkara howpsuzlyk hukugy, diplomatiýa we konsullyk hukugy, halkara deňiz hukugy we beýlekiler.

**Hukuk institutlary** – bu özara bagly bolan, birmeňzeş sosial gatnaşyklary tertibe salýan hukuk normalarynyň toparydyr. Konstitusion hukuk şahasynda prezidentlik, raýatlaryň hukuklary we azatlyklary instituty, jenaýat hukugy şahasynda – jogapkärçilik instituty, maşgala hukugynda – nika instituty we beýlekilerdir. Bu hukuk institutlary hukuk şahasynyň içki düzüm bölegidir. Hukuk institutlary birleşip, hukuk şahasyny düzýär. Ýagny hukuk institutlary hukuk ugurlarynyň düzüm bölegidir.

## Düşündiriň!

Hukuk şahasy (pudagy) hukuk normalary tarapyndan tertibe salynýan gatnaşyklar toplumydyr.

## Döredijilikli iş

*Guran şertli döwletiňizde iki fiziki tarapy (raýaty) we iki sany ýuridik tarapy (guramany) mysal hökmünde getiriň. Olary atlandyryň.*

1. *Fiziki taraplaryň arasynda bolmagy mümkin bolan sosial gatnaşyklarda hukugyň haýsy şahalaryny ulanyp boljakdygyny anyklaň. Olary aýdyp beriň.*
2. *Eger olaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary sud arkaly çözülmeli bolaýsa, haýsy prosessual hukuk şahalaryna ýüzlenmeli boljakdygyny aýdyp beriň..*
3. *Eger ýokardaky fiziki taraplara derek ýuridik taraplar bolanda nähili bolardy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Sözleri dogry ýerleşdirip, halkara hukuk resminamalarynyň atlaryny tapyň. Şu halkara hukuk resminamasynyň näme baradadygyny bilýärsiňizmi?*

*hyzmatdaşlyk* | *raýatlyk* | *minimal* | *deklarasiýa* | *konwensiýa*
*Işe* | *hukugy* | *pakt* | *medeni* | *etmegiň*
*sosial* | *kesp* | *umumjahan* | *baradaky* | *we*
*baradaky* | *Çaga* | *hukuklar* | *tälim* | *ösüş*
*baradaky* | *we* | *konwensiýasy* | *medeni* | *deklarasiýa*
*ynsan* | *boýunça* | *ykdysady* | *konwensiýa* | *syýasy*
*halkara* | *hukuklary* | *ýaşy* | *deklarasiýa* | *Tehniki*
*baradaky* | *halkara* | *hukuklary* | *baradaky*
*hukuklar* | *we* | *halkara* | *kabul* | *pakt*
*prinsipleri* | *baradaky*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hukuk ulgamyny pudaklara bölmegiň näme zerurlygy bar?
2. Hukugy tertibe salmagyň predmeti näme?
3. Hukugy tertibe salmak usuly näme?
4. Hukuk pudaklarynyň esasy görnüşlerini sanap beriň.
5. Iň esasy hukuk pudagy bolan Konstitusion hukuk pudagyny häsiýetlendirip beriň.
6. Raýat hukuk pudagy hakynda aýdyp beriň.
7. Eger-de jenaýat hukuk pudagy bolmadyk bolsa, jemgyýetde nähili ýagdaý bolardy?
8. Prosessual hukuk pudaklary arkaly nähili işler tertibe salynýar?
9. Raýat we hojalyk prosessual hukuk şahalarynyň esasy tapawutlary nämede?
10. Jenaýat prosessual hukuk ugry haýsy wezipäni ýerine ýetirýär?
11. Hukuk institutlaryna mysallar getiriň.
12. Halkara hukugynyň düzüm böleklerine (şahalaryna) mysallar getiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*19-njy tema*

# Hukuk gatnaşyklary










## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. 1-nji suratdaky içeri işler işgäri çagalara ýol hereketi kadasyny bozanlygy üçin duýduryar we olardan kada boýunça ýöremegi talap edýär. Oýlap görüň, bu ýagdaýda hukuk normalary bozulýarmy ýa-da ýokmy? Içeri işler işgäri bilen çagalaryň arasyndaky söhbeti hukuk söhbeti diýmek mümkinmi?*

*2. 2-nji suratdaky satyjy bilen hyrydaryň arasyndaky aldy-satdy gatnaşyklarynyň hukuga gatnaşygy barmy ýa-da ýokmy? Olaryň arasyndaky gatnaşygy hukuk gatnaşygy diýmek bolýarmy? Soraga jogap berende hukuk we hukuk normalary barada bilenleriňizi ýadyňyza salyň we logiki pikirlenmäge çalyşyň.*

*3. 4-nji suratdaky ýagdaý boýunça hem edil şu soraglara jogap bermäge çalyşyň.*

*4. 3-nji suratdaky ýaş çagalar öz hukuklaryndan özbaşdak peýdalanmaklary mümkinmi? Jogabyňyzy esaslandyryň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hukuk normalary bilen tertipleşdirilýän sosial gatnaşyklara hukuk gatnaşyklary diýilýär. Olaryň ýüze çykmagy üçin ýuridik faktyň – hadysanyň (meselem, adamyň dogulmagy ýa-da ölmegi, ýangyn) ýa-da hereketiň (meselem, kanun bozulmasynyň) bolmagy zerurdyr.

*Käbir şahslaryň arasynda emele gelýän we hukuk normalary bilen tertibe salynýan sosial gatnaşyklara* ***hukuk gatnaşyklary*** *diýilýär.*

Sosial gatnaşyklar jemgyýetiň maddy we ruhy durmuşda bolup geçýän gatnaşyklar bolanlygy sebäpli otnositel şu sosial gatnaşyklary hukuk mazmuny bilen mynasyp ýagdaýda doldurýar. Meselem, fiziki we ýuridik şahslaryň telekeçilik işi prosesinde tebigata bolan maddy gatnaşyklary ekologik hukuk tarapyndan, ykdysady gatnaşyklar köp ýagdaýlarda ýuridik eýeçilik hukugy ýa-da telekeçilige degişli hukuk normalary arkaly, syýasy gatnaşyklar bolsa Konstitusiýa arkaly tertibe salynýar.

Milli, dini, maşgala we döwletlerara gatnaşyklar hem hukuk arkaly tertibe salynýar.

Hukuk gatnaşygy gurluşyna görä **obýekt, subýekt** ýaly elementleri öz içine alýar.

Mysal üçin, Röwşen dükandan umumy depder we reňkli galam satyn almakçy. Bu ýerde umumy depder we reňkli galam hukuk gatnaşygynyň obýekti bolýar. Röwşen bolsa hukuk gatnaşygynyň subýektidir.

Hukuk gatnaşygynyň ýene bir  düzüm elementi bu – hukuk gatnaşygynyň **mazmunydyr**.

Mazmun öz gezeginde subýektiw hukugy we ýuridik borçlary öz içine alýar we hukuk gatnaşygynyň subýektleriniň öz hukuklaryny we borçlaryny amala aşyrmagy boýunça anyk hereketleri aňladýar. Meselem, dükandan çaý satyn alynýan pursatdaky hukuk gatnaşygynyň mazmuny – bu dükançynyň çaýy bermegi we alyjynyň pul tölemegi bolup, bu ýerde dükançy  çaý berende öz borjuny ýerine ýetirýär we pul almak hukugyna eýe bolýar we tersine, alyjy çaýy almak bilen özüniň çaý almak hukugyndan peýdalandy we pul bermek borjuny üstüne aldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Diýmek, hukuk gatnaşyklarynyň dört sany elementi bar. Olar şulardyr: **obýekt, subýekt, subýektiw hukuk** we **ýuridik borç.**

Hukuk gatnaşyklary subýektleriň arasyndaky gatnaşyklaryň ýuridik görnüşi bolup, onuň kömegi bilen döwletiň we kanunyň talaplaryna görä sosial gatnaşyklara gatnaşyjylaryň gylyk-häsiýetleri kadalaşdyrylýar.

Hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň, ýagny subýektleriň **hukuk ukyby**na we **aragatnaşyk ukyby**na eýe bolmagy talap edilýär.

***Hukuk gatnaşygy** — onuň gatnaşyjylarynyň arasyndaky hukuk (ýuridik) aragatnaşyklar bolup, olaryň özara hukuklarynda we borçlarynda ýüze çykýar.*

Täze doglan çaganyň hem dürli hukuklary bardyr. Meselem, ol medisina kömegini almak, ýaşaýyş, öz adyna, familiýasyna eýe bolmak hukugyna eýedir. Akyl taýdan ösmedik we ruhy näsaglar hem hukuk ukybyna eýe. Olaryň hem ýaşamaga, keselini bejertmäge, kömek puluny almaga, mülkdar bolmaga hakly. Käbir ýagdaýda heniz dogulmadyk çaganyň hem hukuk ukyby bolýar. Ol mirasdüşer bolup bilýär.

*Hukuk gatnaşygy gatnaşyjylarynyň hereketi nämä gönükdirilen bolsa, şol zat **hukuk gatnaşyklarynyň obýekti** hasaplanýar.*

*Hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar, ýagny hukuk we borç eýeleri **hukuk gatnaşyklarynyň subýekti** hasaplanýar.*

***Hukuk ukyby**, esasan, adamyň dogulmagy bilen ýüze çykýar we aradan çykmagy bilen hem tamamlanýar.*

***Aragatnaşyk ukyby** öz hereketleri esasynda hukuklary amala aşyrmak we ýuridik borçlaryny ýerine ýetirmek mümkinçligidir.*

Aragatnaşyk ukyby ýaş we ruhy sagdynlyk bilen bagly. Özbegistanyň kanunlaryna laýyklykda, raýatyň doly aragatnaşyk ukyby 18 ýaşy dolandan soň başlanýar. Emma bu kadadan çykylýan ýagdaýlar hem bar. Meselem, şahsyýetiň jynsy jogapkärçilige 16 ýaşdan, käbir jenaýatlar üçin 14 ýaşdan çekilmegi mümkin. Başga bir mysal: Maşgala kodeksi käbir ýagdaýlarda 18 ýaşy dolmadyklara-da nikadan geçmäge rugsat berýär. Şeýle raýat nikadan geçen wagtyndan başlap doly aragatnaşyk ukybyna eýe bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Hukuk çeşmesi** döwletiň erk-islegini belli bir hukuk-normatiw resminamalarda, kanun aktlarynda beýan etmek usuly we görnüşidir. Hukukşynaslykda hukuk çeşmeleriniň aşakdaky dört görnüşi kabul edilen.

**Adat hukugy** - bu jemgyýetiň agzalary tarapyndan uzak wagt ulanylmagy, hemişe gaýtalanmagy netijesinde jemgyýet tarapyndan kabul edilen ahlak normasyna öwrülen we soňlugy bilen döwlet tarapyndan tassyklanan kada aýdylýar. Adat hukugy gadym döwürlerde esasy hukuk çeşmesi bolupdyr. Häzir hem käbir döwletlerde (Beýik Britaniýada)bar.

**Ýuridik presedent** suduň umummejbury ähmiýete eýe bolan anyk bir iş boýunça kararydyr. Kabul edilenden soň şu mesele boýunça hemmeler üçin hökmany kada öwrülmegi ýuridik presedentiň özboluşly aýratynlygydyr. Hukuk presedenti käbir ýurtlarda, meselem, Beýik Britaniýada, ABŞ-da, Kanadada, Awstraliýada hukuk çeşmesi hasaplanýar. Emma, ol Özbegistan Respublikasynyň hukuk ulgamynda ulanylmaýar.

**Kadalaşdyryjy-hukuk resminamasy** – häzirki wagtda iň möhüm hukuk çeşmesidir. Kadalaşdyryjy-hukuk namasy ygtyýarly döwlet organynyň bellenilen tertipde kabul eden ýuridik hukuk resminamasy bolup, umumyhökmany özüňi alyp baryş kadalaryny öz içine alýar.

***Kanunçylyk*** *– bu ygtyýarly döwlet organlarynyň kanun çykaryş işi hem-de her bir ygtyýarly döwlet organynyň berk kesgitlenen hukuk-kadalaşdyryjy resminamalary çykarmak hukugyna eýeligidir.*

Normatiw-hukuk resminamanyň alamatlary:
– hukuk normalaryny kesgitleýär;
– bellenen kadalaryň mazmunyny beýan edýär;
– bellenen normalara umumyhökmany häsiýet berýär.

Normatiw-hukuk resminamalarynyň aşakdaky görnüşleri bar:

1. Kanun, şol sanda, esasy kanun hasaplanýan – Konstitusiýa. Olar, umumhalk ses bermek ýoly bilen ýa-da parlament tarapyndan kabul edilýär;
2. Perman – döwlet baştutanynyň normatiw-hukuk resminamasy;
3. Hökümet kararlary we buýruklary;
4. Ministrlikleriň we başga döwlet edaralarynyň buýruklary we görkezmeleri;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



5. Ýerli ýerine ýetiriji organlarynyň kararlary.

**Halkara şertnama** halkara hukugyň iki ýa-da birnäçe subýekti tarapyndan kabul edilen ylalaşyk bolup, hukuklary we borçlary kesgitleýän, üýtgediji ýa-da ýatyryjy resminamadyr.

Halkara şertnama we başga halkara normatiw-hukuk resminamalary bilen indiki temada giňişleýin tanyşarys.

## Düşündiriň!

Döwletiň kanun çykaryjy organynyň işi netijesinde ýerine ýetirilişi mejbury bolan belli bir hukuk resminamasy peýda bolýar.

## Döredijilikli iş

*Guran şertli döwletiňizde ýüze çykmagy nümkin bolan hukuk ýagdaýlaryna 4 sany mysal getiriň. Şu ýagdaýlarda:*

*1) Haýsy şahslaryň nähili hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýandygyny görkeziň.*

*2) Bu hukuk gatnaşyklarynyň obýektlerini we subýektlerini tapawutlandyryp beriň.*

*3) Hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň hukuk we aragatnaşyk ukyplary hakynda näme aýdyp bilersiňiz?*

*4) Ýokardaky ýagdaýlardan peýdalanyp, şol ýagdaýlary çözer ýaly kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryny düzüň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hukuk gatnaşyklary diýende nämäni düşünýärsiňiz? Mysallar getiriň.
2. Hukuk gatnaşyklarynyň obýekti näme? Hukuk subýektiniň obýekti näme? Mysallar getiriň.
3. Hukuk ukybynyň we aragatnaşyk ukybynyň arasynda nähili tapawut bar?
4. Adat hukugy näme? Hukuk presedenti näme?
5. Näme üçin öňki soragdaky düşünjeler hukuk çeşmesi hökmünde garalmaýar?
6. Umummejbury özüňi alyp baryş normalaryny öz içine alýan resminamalar nähili atlandyrylýar? Olar näme üçin gerek?



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 20-nji tema Özbegistan Respublikasynyň kanun çeşmeleri

**1** Özbegistan Respublikasynyň “Özbegistan Respublikasynyň käbir kanun resminamalaryna ykdysady gatnaşyklar we telekeçiligi ösdürmäge garadylan üýtgetme we goşmaçalar girizmek barasynda”ky kanunyndan : Kanuna görä Özbegistan Respublikasynyň “Banklar we bank işi barasynda”ky (25.05.2000ý.), “Mikromaliýelemek barasynda”ky (15.09.2006ý.), “Mikrokredit guramalary barasynda”ky (20.09.2006ý.), kanunlaryna, Özbegistan Respublikasynyň Gümrükhana kodeksine (20.01.2016ý.) zerur üýtgetme we goşmaçalar girizilen.

Halk sözi, 4.10.2018 ý.

**2** Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Döwlet organlary we guramalaryna ýerine ýetiriji tertibini has-da kämilleşirmek çäreleri barasynda”ky kararyndan: Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 9- njy awgustyndaky “Ýerine ýetiriş tertibi edaralarara ýeke-täk elektron ulgamyny yglan etmek çäreleri barasynda”ky F - 5017- sanly buýrugyna görä ministrlikler, edaralar, ýerlu ýerine ýetiriji häkimiýet organlary we başga guramalaryň “Ijro.gov.uz” ýerine ýetiriji tertibi edaralarara ýeke-täk elektron ulgamyna goşulmagy üpjün edildi.

Halk sözi, 6.10.2018 ý.

**3** Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň “Ýol hereketi howpsuzlygy ugrundaky hukuk bozmalara garşy göreşmegiň netijeliligini artdyrmaga degişli goşmaça çäreler barasynda”ky karary kabul edildi.

Halk sözi (Online), 23.05.2019 ý.

### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Ýokardaky parçalarda getirilen hukuk-normatiw resminamalary tapawutlandyryp görkeziň.*

*2. 1-nji parçadaky kanun taslamasy dürli ýerlerde ara alnyp maslahatlaşylmagyndan maksat näme diýip oýlaýarsyňyz?*

*3. Berlen hukuky-normatiw resminamalaryň jemgyýetimiziň durmuşy üçin zerurlygyny esaslap bermäge hereket ediň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*4. Bu Kanun, Perman we Kararlaryň ýerine ýetirilişini ýerlerde amala aşyrylmagyny hasaba alan ýagdaýda, olary ýerine ýetirmek üçin döwletiň ýerli organlary ýene nähili resminamalar taýýarlamalydygyny çak edip görüň.*

Mälim bolşy ýaly kanunlar we kanunasty resminamalar, ilki bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salyp durýan esasy serişdelerdir. Şonuň üçin hem Özbegistan Respublikasynyň hukuk çeşmelerini öwrenmegi kanunlardan başlamak mantyk taýdan dogry bolardy.

Emma, Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygyna görä, kanunyň ýurduň içindäki we halkara kadalarynyň arasynda tapawut bolan ýagdaýlarda halkara şertnama ýa-da ylalaşyklar ileri hasaplanýar.

Şonuň üçin hem, Özbegistanyň hukuk çeşmelerini öwrenmegi halkara hukuk resminamalaryndan başlamagymyz tebigydyr.

Halkara hukugyň umumykrar eden prinsipleri we normalary hem-de Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalary Özbegistanyň iň birinji hukuk çeşmeleridir.

***Halkara hukugyň umumykrar eden prinsipleri we normalary*** – halkara hukugyň esasy kadalary bolup, olary halkara hukugyň ähli subýektleri ykrar edýär we olary ýerine ýetirmäge mejburdyrlar. Döwlet suwerenitetini hormat etmek, zorluk ulanmazlyk, döwletiň **territorial bitewiligi**ni ykrar etmek, dawalary parahatçylykly ýol bilen çözmek, içeri işlere gatyşmazlyk, halklaryň deň hukuklylygy, adam hukuklaryny we azatlyklaryny hormat etmek, döwletler arasyndaky hyzmatdaşlyk, halkara hukuk boýunça borçnamalary ýerine ýetirmek şolara degişlidir.

1995-nji ýylda “Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalary baradaky kanuny” kabul edildi.

***Halkara şertnama*** halkara hukugyň iki ýa-da ondan artyk subýekti kabul eden şertnamadyr. Ol taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan resminamadyr. Özbegistan Respublikasy syýasy, ykdysady, hukuk we mahsus meseleler boýunça birnäçe müň şertnama düzdi.

**Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryny** aşakdaky toparlara bölmek mümkin:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1) Esasy kanun – Konstitusiýa;
2) Konstitusion kanun;
3) kanun;
4) Garagalpagystan Respublikasynyň Konstitusiýasy we kanunlary.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy*** döwlet häkimiýetiniň guralyşyny kesgitleýär, Konstitusion düzümiň esaslaryny, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny pugtalandyrýar. Konstitusiýa amaldaky kanunlar üçin ýuridik esasdyr. Konstitusiýanyň kadalary başga normatiw resminamalarda ösdürilýär we aýdyňlaşdyrylýar. Garagalpagystan Respublikasy Özbegistan Respublikasynyň düzüminde öz Konstitusiýasyna eýe bolup, onuň kadalary Özbegistanyň Konstitusiýasyna ters gelmeli däldigini-de belläp geçmek gerek.

***Konstitusion kanunlar*** Konstitusiýa üýtgetme we goşmaçalar girizýän kanunlardyr. Şu resminama üçin Aly Mejlisde olary kabul etmegiň adaty kanunlara garanda çylşyrymlyrak tertip-kadalary kesgitlenen. Olar, parlament agzalarynyň umum y düzüminiň üçden iki böleginiň sesi bilen kabul edilýär.

***Kanunlar***, öz gezeginde, kodeksleşdirilen we hereketdäki kanunlara bölünýär. *Kodeksleşdirilen kanunlara* kodeksler girýär. *Kodeks* – logiki sistemalaşdyrmak aýratynlygyna eýe kanun bolup, özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ugruny giňişleýin tertibe salýan normalary birleşdirýär. Meselem, Raýatlyk kodeksi, Jenaýat kodeksi, Zähmet kodeksi, Salgyt kodeksi, Gümrükhana kodeksi we ş.m.

***Garagalpagystan Respublikasynyň kanunlary*** Garagalpagystanyň çäginde ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Kanun wagt boýunça aşakdaky tertipde güýje girýär:
1) resmi taýdan yglan edilenden on gün geçensoň;
2) kanunda ýa-da ýörite resminamada görkezilen wagtdan başlap.

Kanun wagt boýunça aşakdaky tertipde güýjüni ýitirýär:
1) kanunyň özünde görkezilen möhlet gutaran bolsa;
2) şu kanunyň ýatyrylmagy netijesinde.

Kanunyň yza çekilme güýji amalda kem ulanylýar. Özbegistanda jenaýat ýa-da administratiw jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän kanunlar käbir ýagdaýlarda yza çekinme güýjüne eýe bolmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Garagalpagystan Respublikasynyň kanunlary diňe onuň çäginde amal edýär.

Kanun şahslara görä amal edýär, ýagny kanunlar şu çäkdäki ähli subýektler, ýagny raýatlar, ýuridik şahslar, döwlet organlary, kärhanalar, edaralar we guramalar üçin mejburydyr.

Ýöne, kadadan çykma hem bar. Meselem, "Saýlawlar barada"ky kanunlaryň talaplary diňe Özbegistanyň raýatlaryna degişlidir.

*Kanun **zamanda** amal edýär, ýagny kanun belli bir möhletiň dowamynda amal edýär. Bu möhlet kanunda görkezilen seneden başlanýar.*

*Kanun **mekanda** amal edýär. Ýagny, kanunlar ýurduň ähli çäklerinde amal edýär.*

*Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlaryny* döwlet baştutany çykarýar. Olar Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna ters bolmaly däldir.

*Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň kararlary* hojalyk we sosial durmuşyň iň möhüm meseleleri boýunça kabul edilýär. Olar, adatda, umumy aýratynlyga we hukuk normalaryna eýe bolup, hukuk çeşmeleri hasaplanýar.

Käbir ýagdaýlarda ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň resminamalary şu organlar ulgamyndan daşarda emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Beýle ygtyýarlyklar Maliýe ministrliginiň, Adalat ministrliginiň, Merkezi bankyň we başga guramalaryň işinde görünýär.

***Kanunasty resminamalary** kanunlar esasynda kabul edilýär:*

*1) Prezident permanlary;*
*2) Hökümet kararlary;*
*3) Başga ýerine ýetiriji organlaryň normatiw resminamalary;*

Özbegistanda ministrlikleriň hem-de guramalaryň, raýatlaryň hukuklary we kanuny bähbitlerine dahylly normatiw resminamalary hasaba almagyň döwlet ulgamy girizilen. Şu wezipe Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrliginiň üstüne ýüklenen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

Kanunlar we başga normatiw resminamalaryň arasynda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy esasy orun tutýar. Konstitusiýa amaldaky kanunlar üçin ýuridik esasdyr.

## Döredijilikli iş

*Düzen şertli döwletiňizde bar bolan hukuk-normatiw resminamalary Özbegistan Respublikasynyň hukuk çeşmeleri bilen deňeşdirip görüň.*

1) *Meselem, Konstitusiýanyň mysalynda seretmek bolýar. Siz düzen hukuk-normatiw resminamalaryň atlary Özbegistan Respublikasynyň hukuk çeşmeleriniň atlaryndan tapawutlanýarmy?*
2) *Haýsy resminamalaryň teksti hut birmeňzeş, haýsylarynyň tapawutlanmagy mümkin?*
3) *Özbegistanyň hukuk çeşmelerini üýtgedeniňizden soň özüňiziň şertli döwletiňiziň hukuk çeşmelerini nädip üýtgeden bolardyňyz?*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistanda hukuk çeşmeleri nämelerden ybarat?
2. Halkara hukuk çeşmeleri nämeleri öz içine alýar? Olar näme üçin gerek?
3. Özbegistan Respublikasynyň kanunlary nähili esasy toparlara bölünýär?
4. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň nähili aýratyn ähmiýeti bar? Muňa sebäp näme?
5. Konstitusion kanunlar bilen adaty kanunlaryň arasynda nähili umumylyk we nähili tapawutlar bar?
6. Garagalpagystan Respublikasynyň kanunlary haýsy çäkde amal edýär?
7. Kanun haýsy wagtdan başlap güýje girýär we haýsy ýagdaýlarda öz güýjüni ýitirýär?
8. Kanun zamanda we mekanda amal edýär diýende nämäni düşünýärsiňiz?
9. Hemme kanunlar hem Özbegistanyň çägindäki ähli şahslar üçin mejburymy? Mejbury bolmadyklara mysal getiriň.
10. Siz kanunasty resminamalar diýende nämeleri düşünýärsiňiz? Olara mysallar getiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 21-nji tema

# Hukuk aňy we hukuk medeniýeti




**Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini barha ýokarlandyrmak kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmegiň we kanunylygy pugtalandyrmagyň iň möhüm şertlerinden biri hasaplanýar.**

Şawkat Mirziýaýew

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Biziň parahat we asuda durmuş geçirmegimiz, bilim almagymyz, öz talantlarymyzy ösdürmäge şert döretmek we kepillendirmekde döwletimiziň kanunçylygynyň nähili ähmiýeti bar?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. *Bu kanunçylygy yzygiderli ösdürmek näme üçin zerur?*
3. *Siz gündelik durmuşyňyzda peýdalanýan hukuklaryňyza we azatlyklaryňyza mysallar getirip bilýärsiňizmi?*
4. *Ýokardakylary düşündirip bermäge hereket ediň.*

Döwletimizde hukuk demokratik döwletini gurmak we raýatlyk jemgyýetini şekillendirmek hadysalaryndaky üstünlikler ilatyň, her bir raýatyň hukuk aňyna we hukuk medeniýeti derejesine baglydyr. Çünki, bu babatda edilýän ähli işler adam üçin we bu işleri amala aşyrýan hem adamdyr.

Onda, hukuk medeniýetiniň özi näme? Bu soraga jogap bermek we hukuk medeniýeti düşünjesiniň mazmunyny düşünmek üçin biz, ilki bilen, hukuk aňy düşünjesine kesgitleme bermelidiris . **Hukuk aňy** ynsanyň öz medeni aň-bilim we ruhy derejesine daýanmak bilen jemgyýetde amal edilýän hukuk talaplarynyň we normalaryň mazmunyna düşünmek we manysyny aňmakdyr.

Diýmek, jemgyýet agzalarynyň hukuk aňy ýokary bolmagy üçin olar bilimli we ruhubelent bolmalydyrlar. Hukuk aňynyň ýokary bolmagy şahsyň raýatlyk jemgyýetiniň doly agzasy we hukuk demokratik döwletiniň hakyky raýaty bolmagy üçin kemlik edýär. Munuň üçin adam hukuk medeniýetli ynsan bolmalydyr.

Şahsyň **hukuk medeniýeti** diýende raýatyň öz hak-hukuklaryny hukuk aňyna daýanmek bilen özgeleriň peýdasyna zyýan bermezden amala aşyrylmagyna düşünilýär.

Öz hukuk medeniýetini şekillendirmek üçin şahs:

— öz hukuk bilimlerini yzygiderli artdyryp barmagy;

— amaldaky kanunçylyk resminamalary bilen tanyş bolmagy;

— hukuk işinde ata-babalarymyzdan miras bolup gelen sosial kadalary hem göz öňünde tutmagy;

— häkimiýet organlarynyň funksiýalaryny we wezipelerini bilmegi we olar bilen özara gatnaşykda bolmagy;

— hukuk-tertip pudagynyň jemgyýetdäki ornuny dogry düşünmegi we olaryň wezipelerini dogry aňlamagy zerurdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýokary hukuk medeniýetine eýe bolan adamy terbiýelemek nähili serişdeler arkaly amala aşyrylýar, adamyň hukuk medeniýetine nähili faktorlar täsir edýär ýaly soraglara jogap hukuk bilimini we medeni aň-bilimi güýçlendirmek, hukuk wagyz işlerini has-da gowulandyrmak esasynda ýatýar.

2019-njy ýylyň 9-njy ýanwar güni Prezidentimiz tarapyndan "Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak sistemasyny düýpli kämilleşdirmek barasynda"ky permanyna gol çekildi.

Onda her bir adam döwletimizde ýaşamak bilen, onuň bähbitleri şu jemgyýetiň başga agzalary tarapyndan hormat edilmegini gazanmalydygy nygtalýar. Häzirki günde beýle däl. Çünki beýle bolmagy üçin ilatyň hukuk aňy we hukuk medeniýeti ýokary derejede ösen bolmagy talap edilýär. Gynansak-da raýatlaryň hukuk sowatlylyk derejesini ösdürmäge, olaryň hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ýokary derejä götermäge päsgel berýän birnäçe meseleleriň we kemçilikleriň barlygy permanda belläp goýlan.

Permanda raýatlaryň hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek boýunça işleriň sistemaly we yzygiderli alnyp barylmanlygy nygtalýar. Ilatyň, birinji nobatda ýaşlaryň hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek maksadynda amala aşyrylmagy zerur bolan wezipeler permanda kesgitlenen. Şol sanda: jemgyýetde kanunlara hormat goýmagy; mekdebe çenli tälim sistemasyndan başlap, ilatyň ähli gatlaklaryna hukuk aňyny we hukuk medeniýetini çuňňur siňdirmek; ýaş nesliň aňyna hukuk we borç, halallyk we päklik düşünjelerini çagalykdan başlap siňdirmek; döwlete dahyldarlyk, watançylyk duýgusyny güýçlendirmek boýunça çäreleri amala aşyrmak. Döwlet organlary, jemgyýet we raýatlyk jemgyýetleri institutlary bilelikde jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek boýunça amala aşyrylmagy zerur bolan işler hem permanda bellenilen.

Permanda giň gerimli hukuk wagyz çärelerini guramak döwlet organlarynyň we guramalarynyň gaýra goýulmasyz wezipelerindenligi nygtalýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek “şahs – maşgala – mähelle – tälim edarasy– gurama – jemgyýet” prinsipi boýunça sistemaly we üznüksiz guralmagy hem permanda kesgitlenen.

Permana görä: Jemgyýetde hukuk medeniýetini ösdürmek konsepsiýasy we şu Konsepsiýany 2019-njy ýylda üstünlikli amala aşyrmak boýunça “Ýol kartasy” hem tassyklanan.

Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek ugrunda laýyklaşdyrýan döwlet organy edip Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi bellenen.

Permanda Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligine jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek boýunça birnäçe çäreleri amala aşyrmak, işleri amala aşyrýanlaryň işini laýyklaşdyrmak, zerur maslahatlary taýýarlamak, zerur teklipler işläp çykmak boýunça goşmaça wezipeler ýüklenen.

Permanda Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrliginiň Özbegistan Respublikasynyň milli hukuk internet portalyny döretmek, Advice.uz hukuk habar sistemasyny döretmek, umumy bilim berýän mekdepleri we akademik liseýlerde hukuk bilimlerine degişli okuw sagadynyň gerimini ýene-de giňeltmek hukuk gollanmalaryny döretmek we ilata dargatmak, “Hukuk wagyz işleriniň aktiwisti” kükrek nyşanyny yglan etmek barasyndaky teklipleri makullandy.

Permanda Özbegistan Respublikasynyň Mekdebe çenli tälim, Halk tälimi, Ýokary we ýörite orta tälim ministrlikleri, Adalat ministrligi bilen birlikde terbiýelenijiler, okuwçylar we talyplaryň hukuk sowadyny artdyrmaga gönükdirilen mehanizmleri yglan etmek baradaky çäreler bellenen.

Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek umumhalk işi, umummilli wezipedigini hasaba alyp Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, birnäçe ministrlikler we guramalar, döwlet we hojalyk dolandyryş organlary, ýerli döwlet häkimiýeti organlary, agentlikler, Özbegistan milli teleradiokompaniýasy, başga gurama we edaralar kärhanalara permanda bellenen wezipeleri, Konsepsiýa we “Ýol kartasy”dan gelip çykýan meseleleri ýerine ýetirmek boýunça möhletli tabşyryklar getirilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hukuk tälimi, terbiýe, wagyz işleri baradaky döwlet tarapyndan döredilen şertlerden ýerlikli peýdalanmak we öz hukuk aňyny ösdürip, hukuk medeniýetini şekillendirmek döwletimiziň her bir raýatynyň borjudyr.

## Düşündiriň!

Jemgyýetiň demokratiýa ýolundan ösüp barmagy we bu barada amala aşyrylýan özgertmeleriň üstünligi, köp tarapdan, adamlaryň hukuk aňyna we hukuk medeniýeti derejesine baglydyr. Ýokary hukuk medeniýeti — demokratik jemgyýetiň fundamenti we hukuk ulgamynyň kämillik görkezijisidir.

## Döredijilikli iş

*Siziň hukuk medeniýetiňizi artdyrmaga hyzmat edýän faktorlaryň spisogyny depderiňize ýazyň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hukuk aňy näme?
2. Hukuk medeniýeti diýende nämäni düşünýärsiňiz? Onuň adamyň durmuşynda nähili ähmiýeti bar?
3. Hukuk medeniýetini şekillendirmekde Konstitusiýamyz nähili rol oýnaýar?
4. Hukuk medeniýetini ýokarlandyrmakda möhüm hasaplanan ýene nähili hukuky resminamalary bilýärsiňiz?
5. “Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak sistemasyny düýpden kämilleşdirmek barasynda”ky Prezidentiň permanynda nähili meseleler getirilen?
6. Permanda jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek boýunça kimlere, nähili wezipeler ýüklenen?
7. Permana görä nähili çäreler amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan?
8. Permanda aýdylan Konsepsiýa we “Ýol kartasy” näme hakynda?
9. Permanyň ähmiýeti hakynda näme diýip bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar.

1.Hukuk näme? “Adamyň hukugy” diýende nämäni düşünýäris?
2. Obýektiw we subýektiw hukuklaryň tapawutlaryny aýdyp beriň.
3. Hukugyň esasy funksiýalaryny sanap beriň we olary häsiýetlendiriň.
4. Ahlak bilen hukugyň esasy tapawutlaryny aýry görkeziň.
5. Hukuk normasy näme?
6. Hukuk normalarynyň düzüm böleklerini sanap beriň. Mysallar getiriň.
7. Hukuk normasynyň alamatlaryny aýdyp beriň.
8. Hukuk ulgamy näme?
9. Hukuk ulgamy nähili bölünýär?
10. Içki we daşky hukuk pudaklaryna nämeler girýär?
11. Hukuk gatnaşygy näme we onuň gatnaşyjylary kim?
12. Özbegistan Respublikasynyň nähili hukuk çeşmeleri bar?
13.. Konstitusiýamyzyň hukuk çeşmesi hökmündäki ähmiýetini düşündiriň.
14. Özbegistan Respublikasynyň kanunlary nähili tassyklanýar?
15. Kanunasty resminamalar diýende nämäni düşünýärsiňiz?

**Adalgalara laýyk kesgitlemeleri bellik ediň.**

***1. Hukuk ulgamy*** ***2. Hukuk*** ***3. Ahlak***

***4. Hukuk normalary*** ***5. Hukuk gatnaşygy***

***a)*** *döwlet tarapyndan ornaşdyrylan, umummejbury özüňi alyp barmagyň kadalary.*

***b)*** *adamyň jemgyýetdäki özüni alyp barşyny tertibe salýan talaplar we kadalar ýygyndysy.*

***ç)*** *jemgyýetdäki bar hukuk normalarynyň we ugurlarynyň ýygyndysy.*

***d)*** *döwlet tarapyndan ornaşdyrylan we ol tarapyndan goralýan ähli üçin mejbury häsiýet kadalarynyň ulgamy.*

***e)*** *onuň gatnaşyjylarynyň arasyndaky hukuk (ýuridik) aragatnaşyklar bolup, olaryň özara hukuklarynda we borçlarynda ýüze çykýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça test nusgalary

**1. Hukuk ulgamy — ...**
- a) hukuk normalarynyň kanunlarda we başga belli bir çeşmelerde aňladylyşy;
- b) bu özara baglanan, bir görnüşdäki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salýan hukuk normalarynyň toparyndan ybarat;
- ç) döwlet tarapyndan ýola goýlan, goralýan ähli üçin mejbury özüňi alyp barmagyň kadalary;
- d) durli-dümen, ýöne özara berk aragatnaşykda bolan ýuridik normalaryň ýygyndysy.

**2. Kärhanalar, guramalar we olaryň işgärleriniň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk pudagyny görkeziň?**
- a) Administratiw hukuk;
- b) Konstitusion hukuk;
- ç) Zähmet hukugy;
- d) Raýatlyk hukugy.

**3. Diňe hukuga degişli alamat haýsy?**
- a) Şertnama esasynda raýatlar tarapyndan döredilýär;
- b) Dessurlary we däpleri tertibe salýar;
- ç) Hemmeler üçin mejbury bolýar;
- d) Edep-ahlak kadalaryny, milli gymmatlyklary özünde jemleýär.

**4. Ahlak nähili emele gelipdir?**
- a) Jemgyýet agzalary tarapyndan ornaşdyrylypdyr;
- b) Döwlet tarapyndan ornaşdyrylypdyr;
- ç) Hukuk we döwlet bilen emele gelipdir;
- d) Döwlet apparatynyň düzüminde peýda bolupdyr.

**5.Ahlak normalarynyň düşünjelerini anyklaň?**
- a) Ýagşylyk, wyždan, kanun, norma;
- b) Bagt, borç, döwlet, kanun, jenaýat we jeza;
- ç) Ýagşylyk, wyždan, bagt, borç, adalat, söýgi;
- d) Ýagşylyk, adalat, kanun, jeza.

**6. Hukuk —** …
- a) döwlet tarapyndan ornaşdyrylan, goralýar, hemme üçin mejbury;
- b) döwletiň kömeginde öz-özünden şekillenýär;
- ç) jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giň gerimi;
- d) milli gymmatlyklara esaslanýan, döwlet tarapyndan ornaşdyrylan, hemmeler üçin mejbury özüňi alyp barmagyň kadalary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**7. Hukuk aňy adamyň öz medeni aň-bilim we ruhyýet derejesine daýanmak bilen jemgyýetde amal edilýän... mazmunyny düşünmek we mazmunyny aňmakdyr.**

a) hukuk talabynyň we normalaryň;
b) kanunlaryň;
ç) ahlak düzgünleriniň;
d) Konstitusiýa we kanunlaryň.

**8. Şahsyň hukuk medeniýeti diýende raýatyň öz hak-hukuklaryny hukuk aňyna daýanmak bilen ... görnüşde amala aşyrylmagyna düşünilýär.**

a) kanunçylyk talaplaryna garşy gelmeýän;
b) özgeleriň bähbitlerine garşy gelmeýän;
ç) öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmakda ahlak düzgünlerine amal eden;
d) Konstitusiýa maddalaryna amal eden.

**9. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýaýewiň "Jemgyýetde hukuky aň we hukuky medeniýeti ösdürmek sistemasyny düýpden kämilleşdirmek barasynda"ky permanynda jemgyýetde hukuky aň we hukuky medeniýeti ösdürmek ... prinsipi boýunça sistemaly we yzygiderli gurnalmagy belgiläp goýlan.**

a) "şahs – jemgyýet – döwlet";
b) "döwlet organlary – döwlete degişli bolmadyk, täjirlige degişli bolmadyk guramalary– hususy kärhanalar";
ç) "şahs – maşgala – mähelle – tälim edarasy – gurama – jemgyýet";
d) "mekdebe çenli tälim edarasy – orta umumy bilim berýän mekdepleri – liseý we kolležler – ýokary okuw ýurtlary".

**10. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanyna görä jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek ugrunda laýyklaşdyryjy döwlet organy diýip... bellenen.**

a) Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuraturasy;
b) Özbegistan Respublikasynyň Içeri işler ministrligi;
ç) Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi;
d) Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Jemgyýetimizde "Kanun we adalat – üstün, jenaýata jeza – gutulgysyz" diýen prinsipi amala aşyrmak üçin bar güýjümizi we mümkinçiliklerimizi gönükdireris.*

***Şawkat Mirziýaýew***

# V BAP

## KANUN BOZMA WE ÝURIDIK JOGAPKÄRLIK













***Kanun bozma***
***Ýuridik jogapkärlik***
***Hukuk goraýjy döwlet organlary***
***Adalat ministrligi***
***Notarial edaralar we Adwokatura***
***Ýaragly Güýçler we ýaşlary harby-watançylyk ruhunda terbiýelemek***

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*22-nji tema*

# Kanun bozma

Daşkent şäher IIB -yň habaryna görä, 2019-njy ýylyň 4-nji maýyna geçer gijesi Daşkent welaýatynda ýaşaýan, öň sudlanan, 24 ýaşly S.Ş., 24 ýaşly B.T, I.H.lar we Andijan welaýatynda ýaşaýan, 23 ýaşly H.O. 100 müň somluk nominaldaky milli walýuta ýasama kupýuralaryny geçirmek maksadynda Çilanzar tümenine gelipdirler.

Görlen çäreleriň netijesinde ýokarda görkezilen ýigitleriň gelen awtomobili anyklandy hem-de 4-nji maý güni sagat takmynan 03:30 larda awtomobil tapyldy we togtadyldy. Maşynyň içi barlananda, 100 müň som görnüşindäki 51 sany galp kupýura, çap edilen milli walýuta kupýuralary teswirlenen A4 şeklindäki 25 däne kagyz hem-de galp pullary taýýarlamakda peýdalanylan "Canon" printeri anyklandy.

Sud-kriminalistik ekspertizasynyň netijesine görä, 100 müň somluk 58 sany kupýura ýasama bolup çykdy.

Ýokarda atlary görkezilen ýigitlere görä Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 176-njy maddasynyň 2-nji bölümi boýunça jenaýat işi açyldy.

Adalat, 2019-njy ýyl, №19

Uýçi tümenindäki Alyşir Nowaýy adyndaky mähellede ýaşaýan Zakirjan Abdullaýew (ady-familiýasy özgerdilen) bu ýyl ýazda indi 16 ýaşa dolýar. Atasynyň biwagt ölümi sebäpli ýetginjek enesi bilen galýar. Gynansakda, ýaňy kämillik ýaşyna gadam goýan ýigit garaşylmadyk ýagdaýda galp işe el urýar: şu ýylyň başynda goňşy howluda öz dosty bilen oýnap ýörüp, gymmatbaha dakynjaga gözi düşüp galdy, soň hiç kime bildirmän ony alyp çykyp gidýär. Soramazdan, gizlin alnan zat ogurlykda! Netijede bu gün özüniň hem, maşgalasynyň hem jemgyýetçiligiň, goňşy-golamyň öňünde başy egildi. Häzire çenli tümende iň göreldeli hasaplanyp gelýän mähelläniň adyna ysnat geldi.

Mähelle, 2019-njy ýyl, №23



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özbegistan Respublikasy IIM Jemagatçylyk we KHS (köpçülikleýin habar serişdeleri) bilen aragatnaşyklar başgarmasynyň habarynda, 2019-njy ýylyň 9- njy maý güni Daşkent şäheriniň Ýekesaraý tümeni IIB-e düşen resminama görä, onda şu ýylyň 4-nji aprel güni Mürze Ulugbek tümeninde ýaşaýan 28 ýaşly B.D. Samarkant welaýatynda ýaşaýan 23 ýaşly M.R.-i Ýaponiýa işe goýbermegi wada edip, ony aldap, ynamyna girip, 6 220 ABŞ dollary we 4.500.000 som pullaryny alyp, şu güne çenli beren wadasyny bejermän, pullary öz zerurlygy üçin ulanylanlygy görkezilen. Görlen çäreler netijesinde B.D. tutuldy. Ýagdaý boýunça jenaýat işi açylyp, derňew hereketleri alyp barylýar.

Adalat, 2019-njy ýyl, №20

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Ýokardaky bölekleri üns berip okaň we olara öz garaýyşlaryňyzy aýdyň.*
*2. Siz durmuşda ýygy-ýygydan eşidýän hukuk bozulmasy, hukuga garşy gelýän sosial howply, günäli, günä, jenaýat, jeza, düzgün-nyzam ýaly adalgalaryň haýsysyny bu ýagdaýlaryň haýsy biri üçin ulanardyňyz?*
*3. Siziň pikiriňizçe ýokardaky parçalarda görkezilen şahsyýetleriň hereketlerinden haýsysy töwerekdäkiler we hut olaryň özleri üçin has howply?*
*4. Hukuk normalary üýtgän wagtynda ozal hukuk babatdan jenaýat hasaplanmadyk ýagdaýyň soňra jenaýat hasaplanmagy mümkinmi? Ýokardaky parçalarda şeýle ýagdaýa mysal barmy? Eger ýok bolsa özüňiz bilimleriňizden we durmuş tejribäňizden peýdalanyp, şeýle ýagdaýy teswirläň.*

Adamlar belli bir hukuk kadalaryna, hukuk normalaryna amal edýärler. Eger bu kadalar bozulsa, hereket edýän hukuk normalarynyň bozulmagyna getirýär. Beýle ýagdaýa **kanun bozma** diýilýär.

Kanun bozma diýende jemgyýetde ýola goýlan we kanunçylyk arkaly bellenen tertip ýa-da umuman gündelik durmuş kadalaryny bozmak düşünilýär.

Kanun bozma dürli görnüşlerde ýüze çykýar. Kanun bozmanyň ol ýa-da bu görnüşde ýüze çykmagy onuň aýratynlyklaryna baglydyr. Kanun bozma görnüşlerine jenaýat, ýerliksiz hereket, düzgüni bozmak ýaly hereketleri getirmek mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Kanun bozma** – öz hereketlerine düşünýän we onuň üçin jogap berip bilýän şahsyýetiň hukuga garşy gelýän hereketinden gelip çykýan etmişidir.*

Kanun bozmanyň aşakdaky alamatlary bar: jemgyýetçilik howplulyk, hukuga gapma-garşylyk, günälilik, jeza laýyklyk.

**Jemgyýetçilik howplulyk** bolanda kanun bozujy jemgyýetiň gymmatlyklaryna howp salýar, adamyň janyna kast edýär, döwlete we beýleki adamlara zyýan ýetirýär, olaryň emlägine hyýanat edýär hem-de ýaramaz netijelere getirip, jemgyýetiň agzalarynyň bähbitlerine zyýan ýetirýär. Öz maşgalasyny, ata-enesini, jemgyýeti, dost-ýarlaryny kyn, utançly ýagdaýa goýýar. Iň erbedi-de öz geljegini zaýalaýar.

**Hukuga gapma-garşylyk** — kanuny bozujy tarapyndan kanunyň ýa-da hukuk normalarynyň kesgitlenen hökmany talaplarynyň bozulmagydyr.

**Günälilik** ýokarda bellenilişi ýaly, öz hereketlerine düşünýän we onuň üçin jogap berip bilýän adamyň hukuga ters, kanunyň talaplaryna garşy hereketinden gelip çykýan günäsidir. Günälilik bilkastlaýyn ýa-da bilmezlikden ýüze çykýar. Ynsan ynsan hökmünde dünýä gelenden soň onuň öňünde iki ýol durýar – hukuk normalaryna, kanunyň talaplaryna wyždanyň boýunça ýa-da mejbury boýun bolup öz geljegiňi gurmak, jemgyýet üçin, öz halkyň üçin jemgyýete peýda getirmek. Ikinji ýol bolsa hukugyň garşysyna, hukuk normalaryny we kanunyň talaplaryny äsgermezden, olara boýun egmezden ýaşamak, günä iş etmek, jemgyýete zyýan ýetirmekdir.

**Jeza laýyklyk** – islendik kanun bozan adamyň ygtyýarly döwlet organy tarapyndan **jogapkärçilige** çekilmegi, **jeza** bolsa kanuny bozan adama görä ulanylýan, kanun bozujyny belli bir hukuklardan we azatlyklardan mahrum etmekden ybarat bolan mejbur ediş çäresidir.

Ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly, jemgyýet üçin howply bolan islendik etmişe hukuk bozulmasy diýilýär. Hukuk normalary ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salýar. Hukuk bozulmasy adatça 4 topara bölünýär: düzgün-nyzam kanun bozma, raýatlyk kanun bozma, administratiw kanun bozma, jenaýat kanun bozma.

**Düzgün-nyzam kanun bozma** — gulluk wezipesini ýerine ýetirýän wagtynda hökmany bolan zähmet düzgün-nyzamynyň we ýolbaşça boýun



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



egmeklik kadasynyň bozulmagydyr. Meselem, işe, okuwa giç galyp gelmek; işe ýa-da okuwa sebäpsiz gelmän galmak ýa-da sebäpsiz gidip galmak; işe spirtli içgiler içip, neşe maddalaryny ulanyp serhoş ýagdaýda gelmek we başgalar.

***Jenaýat** – jemgyýet üçin howply etmişdir (hereket ýa-da hereketsizlikdir).*




**Jenaýat Jenaýat kodeksi bilen gadagan edilen, günäli, jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) jeza ulanmak bilen jenaýat diýlip hasaplanylýar.**

*14-nji madda.*

**Raýatlyk kanun bozma** — adamlaryň emlägine garşy ýa-da şahsyýetine garşy kanuna ters hereketler (ýa-da hereketsizlikler) netijesinde ýetirilen zyýandyr. Meselem, bir adamdan karz alyp, ony wagtynda gaýtaryp bermezlik, şertnamalary, borçnamalary ýerine ýetirmezlik we başgalar.

**Jenaýat kanun bozma** — jenaýat etmek, ýagny ogurlyk, talaňçylyk etmek, adam öldürmek, milisiýa işgärine garşylyk görkezmek we beýlekiler.

**Administratiw kanun bozma** — kanuna laýyklykda administratiw jogapkärçilige çekmek göz öňünde tutulan, raýatlara, tebigata (bilkastlaýyn ýa-da bilmezlikden) garşy edilen hereket ýa-da hereketsizlikdir. Meselem, muňa ownuk huligançylygy, ýol hereketiniň we transport serişdelerinden peýdalanmagyň, pasport düzgüniniň we bellige alyş kadalarynyň (harby we pasporty hasaba goýmak düzgünleriniň), elektroenergiýadan peýdalanmagyň kadalarynyň bozulmagyny, daş-töweregi, taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak baradaky hukuk bozulmalaryny mysal görkezmek bolar.

Kanun bozma düşünjesini çuňrak öwrenmek üçin kanun bozmanyň obýektini we subýektini tapawutlandyrmagy öwrenmelidiris.

**Kanun bozma obýekti** — hukuk bilen tertibe salynýan we goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Jemgyýetçilik gatnaşyklary özi näme, — diýen soraga aşakdaky ýaly jogap bermek mümkin. Adamlar jemgyýetçilik durmuşynda öz hereketlerine jogap bermäge mejburdyrlar. Olar gündelik durmuşda özara gatnaşykda bolýarlar. Ynha hut şu gatnaşyklar — jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kanun bozma subýekti** bolsa, hukuga ters günäli etmiş eden adamdyr. Hut şu adam **kanunbozujy** diýlip atlandyrylýar.

Islendik şahs hem kanunbozujy diýlip ykrar edilibermeýär. Kanun bozma subýekti diýlip ykrar edilmegi üçin şahs öz etmişine jogap berip bilýän, akyly ýerinde bolmalydyr.

## Düşündiriň!

Adam hemişe diýen ýaly hukuga laýyk ýa-da hukuga garşy gelýän hereketi saýlamaly bolýar. Eger şonda ol ikinji ýoly saýlap alsa, ilkinji nobatda ol özüne, galyberse-de jemgyýete zyýan ýetirýär.

## Döredijilikli iş

*Kiçiräk bir hekaýa ýazyň. Bu hekaýaňyzda kanun bozma diýen düşünjäni, kanun bozulmagynyň esasy alamatlaryny, kanun bozulmalarynyň görnüşlerini görkezýän ýagdaýlary teswirläň.*

*Şonda synpyňyzdaky ýoldaşlaryňyz 4 topara bölünip, bir toparyňyz düzgün-nyzam, ikinji topar raýatlyk, üçünji topar jenaýat, dördünji topar administratiw kanun bozma degişli ýagdaýlary teswirlesin.*

*Hekaýalaryňyzy synpdaşlaryňyza okap beriň. Beýleki toparlar hekaýasyny okap berýän topara soraglar berip, özara çekişme gurasyn.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Kanun bozma düşünjesiniň kesgitlemesini aýdyp beriň.
2. Kanun bozmanyň nähili alamatlary bolýar?
3. Jemgyýetçilik howplulygyň nähili halatlarda ýüze çykmagy mümkin?.
4. Hukuga gapma-garşy diýlen düşünjä siz nähili düşünýärsiňiz?.
5. Günälilik diýmek näme?
6. Jezalanmak, jogapkärçilik we jeza düşünjelerine aýdyňlyk giriziň.
7. Kanun bozmanyň nähili görnüşleri bar?
8. Düzgün-nyzam kanun bozmasy bilen raýat kanun bozmanyň, administratiw kanun bozma bilen jenaýat kanun bozmanyň arasyndaky tapawutlary aýdyň.
9. Siziň pikiriňizçe kanun bozmanyň haýsy görnüşleri iň agyr? Näme üçin?
10. Kanun bozulmagyna ýol bermezlik üçin nähili çäreler görülmeli?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*23-nji tema* | **Ýuridik jogapkärlik**

Daşkent şäher ekologiýa we daş-töweregi goramak müdirliginiň gündelik gözegçilik netijelerine görä, 2017-nji ýylyň oktýabr aýyndan 2018-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli bolan döwürde Daşkent şäherinde kanun talaplary bozulan 14 müň 733 ýagdaý anyklanan. 2017-nji ýylda wezipeli şahslar tarapyndan senagat çykyndylaryny daşamak meselesinde 48 gezek, ýok etmekde 7 gezek kanunbozarlyk ýagdaýyna ýol berildi. Gündelik çykyndylary daşamakda raýatlaryň arasynda 90 gezek kanun bozma ýagdaýy emele gelen.

Şonuň ýaly, 2017-nji ýylyň dekabryndan – 2018-nji ýylyň maý aýyna çenli bolan wagtda çykyndylar bilen işlemekde kanunyň bozulmagyna ýol goýan 517 raýat jogapkärçilige çekilip, olara 93,1 million somluk jerime salnan.

Jemgyýet, 2018-nji ýyl, №41

Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärçilik baradaky kodeksiniň 128-nji maddasyna görä, sürüjileriň daşky yşyklandyryjy esbaplaryndan peýdalanmak kadalaryny bozmagy, edil şunuň ýaly, ýolagçylara palçyk syçratmagy iň kem iş hakynyň ikiden bir bölegi mukdarynda jerime salynmagyna sebäp bolýar (101 365 som).

Edil şeýle hukukbozarlygy administratiw jeza ulanylandan soň bir ýylyň dowamynda gaýtalansa – iň kem iş hakynyň bir essesi mukdarynda (202 730 som), şeýle hukukbozarlygy iki gezek administratiw jeza ulanylandan soň bir ýylyň dowamynda ýene gaýatalansa – iň kem iş hakynyň üç essesi mukdarynda (608 190 som), edil şeýle hukukbozarlygy üç gezek we ondan artyk administratiw jeza ulanylandan soň bir ýylyň dowamynda ýene gaýtalasa – iň kem iş hakynyň dört essesi (810 920 som) mukdarynda jerime salmaga ýa-da transport serişdesini dolandyrmak hukugyndan – alty aý möhlete mahrum etmäge sebäp bolýar.

“Adalat kozgusi”, 2019-njy ýyl, №20



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nadir Matnazarow hem-de Alym Bazarow (ady-familiýalary üýtgedilen) Üçdepe tümeniniň Lutfiý köçesinde ýerleşen aşhananyň töwereginde 8 müň ABŞ-nyň dollaryny kanuna garşy görnüşde 68.400.000 soma satýan wagtynda “gapan”a düşdi. Daşary ýurt walýutasy bilen kanuna garşy görnüşde söwda-satyk edenlere görä jenaýat işi açyldy.

– “Waheý, beýle boljagyny bilmedim ”, diýip ahmyr etdi olar.

Hukukbozarlaryň girdeji almak maksadynda kanun talaplaryny bozanlygyny aýdyp geçmegimiz gerek. Dollar alyp-satmakdan peýda görmek isleýänleriň söwdasy “bişmedi”. Netijesi bolsa ýaman boldy.

Daşary ýurt walýutasynyň söwdasy bilan meşgullanan şahslara görä dokument resmileşdirildi. Olaryň ikisi hem jeza çekildi.

8 müň ABŞ-nyň dollary bolsa döwlet haýryna geçirilýän boldy.

Daşkent okşomi, 2019-njy ýyl, №83

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Ýokarda görkezilen böleklerde berlen hukuk bozmalar, görşümiz ýaly, dürli ugurlara degişli. Emma, olaryň nähili umumy taraplary barlygyny aýdyp beriň?*
2. *Berlen böleklerdäki hukuk bozmalar üçin nähili jeza çärelerini ulanmak gerek diýip pikir edýärsiňiz?*
3. *Bu jeza çärelerini ulanmak hukugy bozan şahslaryň gelejekde beýle hereket etmeginiň öňüni alyp bilermi? Jogabyňyzy esaslandyryň.*
4. *Ýokarda görkezilen böleklerde birnäçe görnüşdäki birnäçe dürli jeza laýyk gelýän kanun bozmalara mysal barmy? Jogabyňyzy esaslandyryň.*

Kanun bozulanlygy üçin jezanyň gutulgysyzlygy, islendik kanun bozmanyň belli bir jogapkärçilik bilen bagly bolmagy tebigy ýagdaýdyr. Emma **jemgyýetçilik jogapkärçiligiň ähli görnüşleri** hem hemişe hukuk jogapkärçiligi bilen gabat gelip durmaýar.

Hukuk normalaryna esaslanan we döwletiň mejbur ediş normalary bilen bagly bolan jogapkärçilik hukuk jogapkäçiligini emele getirýär we hut şu jogapkärçiligi öwrenmek hukukşynaslyk ylmynyň wezipelerinden biridir.

Kanun bozulmasy, ýagny hukuk normalarynyň bozulmagy **hukuk logapkärçiligi üçin esas** bolup hyzmat edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Ýuridik jogapkärlik*** *– kanun bozulmasyna ýol beren şahsyýetiň hukuk normalarynyň esasynda öz etmişi üçin jogap bermegi we döwletiň mejbur ediş çäresi görnüşindäki netijelere duş bolmagy hem-de olary başdan geçirmegidir.*

Kanun bozmanyň görnüşleri ýuridik jogapkärliginiň görnüşlerine laýyk:

- raýat kanun bozma – raýat (maddy) hukuk jogapkärçiligine;
- administratiw kanun bozma – adminitratiw jogapkärçiligine;
- düzgün-nyzam kanun bozma – düzgün-nyzam jogapkärçiligine;
- jenaýat kanun bozma – jenaýat jogapkärçiligine getirýär.

Hukuk jogapkärçiligi **sud tertibinde, administratiw tertipde** ýa-da **düzgün-nyzam tertibinde** amala aşyrylýar.

Hukuk jogapkärçiligi iki görnüşiniň barlygy bilen tapawutlanýar:

1) Jerime ýa-da jeza;
2) Hukugy dikeldýän jogapkärçilik.

**Jerime** ýa-da **jeza** görnüşi öz gezeginde aşakdakylardan ybarat bolýar:

Ygtyýarly organ kanun esasynda hukukbozara görä ýuridiki jogapkärçilik çärelerini ulanýar. Bu çäreler sosial gatnaşyklary pugtalandyrmaga , tertibe salmaga we goramaga gönükdirilendir.

Ýuridiki jogapkärlik aşakdaky prinsiplere esaslanýar: kanunylyk; adalatlylyk; jezanyň gutulgysyzlygy; maksada laýyklyk; bagrygiňlik; günä üçin jogapkärlik; hukukbozaryň bir sany hukuk bozanlygy üçin birnäçe taraplama jogapkärçilige çekilmege ýol berilmezligi.

**Düzgün-nyzam** – Özbegistan Respublikasynyň Zähmet Kodeksiniň 181-nji maddasyna laýyklykda aşakdaky görnüşlerden ybarat bolýar:

- käýinç bermek; jerime salmak; zähmet şertnamasyny ýatyrmak.

Düzgün-nyzam çärelerini işe kabul etmek hukugyna eýe organlar ulanýar.

**Raýat jogapkärçiligi** – raýat kanun bozmasy üçin günäkäriň doly maddy we ruhy taýdan jogap bermegidir.

**Administratiw jogapkärçiligi** üçin aşakdaky jeza çäreleri ulanylýar:

- jerime; hakyny tölemek şerti bilen zady alyp goýmak; zady elinden almak; ýörite hukukdan (transport serişdesini sürmek hukugyndan, aw awlamak hukugyndan) mahrum etmek; administratiw tertipde tussag etmek: 3 gije-gündizden 15, käbir ýagdaýlarda 30 gije-gündize çenli.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Jenaýat jogapkärçiligi** – JK-nyň 43-nji maddasyna laýyklykda aşakdakylardan ybaratdyr:

- jerime; belli bir hukukdan mahrum etmek; ahlak düzediş işleri; gulluk boýunça çäklendirmek; tussag etmek; düzgün-nyzam bölümine ugratmak; azatlykdan mahrum etmek.

Tussaglar babatda esasy jezalardan daşary aşakdaky goşmaça jeza çäresi hem ulanylýar:

- harby ýa-da mahsus derejelerden mahrum etmek;
- hukugy dikeltmek jogapkärçiligi – nähak bozulan hukuklary dikeltmek, ýerine ýetirilmedik borçlary mejbury ýerine ýetirtmekden ybarat. Şonda kanun bozma ýol beren şahs döwlet organlary gatyşmazdan, öz başlangyjy bilen, bozulan hukuklary özi dikeltmegi mümkin. Emma beýle ýagdaýda hem ol babatda goşmaça jeza çäresiniň görülmegi mümkin.

***Pähimler hazynasyndan!***

Berk jeza çärelerini ulanyp, jenaýat üçin özara jogapkärlik ulgamy girizilende adamlar özlerinde kanunyň güýjüni synap görmegiň hötdesinden gelip bilmeýärler.

(*Şan Ýan*)

## Düşündiriň!

Kanunlar döwrüň talaby, zamananyň islegi sebäpli ýüze çykýar, islegiň we zerurlygyň esasynda döreýär. Isleg we talap bolsa şert dörän ýagdaýda ýüze çykýar. Ine, şu şertiň esasynda edilen jenaýata laýyk jeza bermek işiniň hem kämilleşmelidigi tebigydyr.

## Döredijilikli iş

*“Kanun bozma” temasynyň soňunda berlen “Döredijilik işi” diýen sütüniň astynda düzen hekaýaňyzdaky kanun bozulmalary üçin öz guran şertli döwletiňiziň kanunçylygyna esaslanyp jeza çärelerini belläň.*

*Şonda kanun bozulmasy üçin jezanyň gutulgysyzlygy bilen bir hatarda “bagrygiňlik” prinsipini hem ýatdan çykarmaň!*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Özbegistan Respublikasynda ölüm jezasy ýatyrylyp, onuň ýerine ömürlik tussag ýa-da uzak möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasyny yglan etmek bellendi.**

Jemgyýetçilik durmuşyny dolandyrmakda belli bir hukuk tertibiniň bolmagy şu jemgyýetdäki medeni-ruhy ýagdaýdan, sosial adalatyň derejesinden habar berýär. Şu manyda alanda, taryhy-medeni ösüşimiz üçin däbe öwrülen kanunçylygyň tuzukçilik şekili şol gadym zamanlardan bäri gündelik durmuşda öz beýanyny tapypdyr. Hytaý taryhçylarynyň maglumatlaryna görä hanlyk aýratyn goralýan "Türkiý tuzuklaryň" (kanunlar ýygyndysy) esasynda tertibe salnypdyr we her bir ýol berlen kanun bozulmasyýa-da jenaýat üçin jeza bellenipdir.

Tuzukçilik — kanunçylyk gündelik durmuşa bagly ýagdaýda saklanyp galypdyr. Meselem, jenaýatçy kimdir biriniň gözüne zyýan ýetiren bolsa, bellenen jogapkärçilige laýyklykda günäkär jebir çekene öz gyzyny, gyzy bolmasa aýalynyň mal-mülküni bermäge borçly bolupdyr. Umuman, döwleti we jemgyýeti kanun esasynda dolandyrmak hem-de ýurduň ilatynyň kanunlara gürrüňsiz amal etmek däbi öz döwrüne mahsus ýagdaýda dowam edipdir hem-de kämilleşipdir.

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ýuridik jogapkärlik diýlende nämä düşünýärsiňiz?
2. Ýuridik jogapkärligiň nähili görnüşleri bar?
3. Ýuridik jogapkärlige näme esas bolup hyzmat edýär?
4. Ýuridik jogapkärlik nähili tertipde amala aşyrylýar?
5. Düzgün-nyzam jezasy nähili ýagdaýlarda bellenilýär onuň nähili görnüşleri bar?
6. Raýat jogapkäçiligi nähili ýagdaýlarda ulanylýandygyny aýdyň.
7. Administratiw jogapkärçiligine haýsy görnüşli jezalar girýär?
8. Jenaýat jogapkärçiliginiň esasy aýratynlyklary nämelerden ybarat?
9. Hukuk jogapkärçilige çekmek kim tarapyndan amala aşyrylýar?
10. Ýuridik jogapkärlik nähili prinsiplere esaslanýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *24-nji tema* Hukuk goraýjy döwlet organlary

| | | |
|---|---|---|
| Prokuratura | Adalat ministrligi | Içeri işler ministrligi |
| Döwlet howpsuzlyk gullugy | Döwlet salgyt komiteti | Döwlet gümrükhana komiteti |

## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Atlary getirilen hukuk goraýjy organlaryň haýsysy barada sizde maglumatlar bar? Synpdaşlaryňyz bilen maslahatlaşyň.*
2. *Eger-de siz welosipediňizi ogurlatsaňyz gyssagly ýagdaýda kime ýüz tutardyňyz?*
3. *Sud seljerişi wagtynda jenaýatçyny kim günäleýär (“garalaýar”)?*
4. *Jenaýatçyny kim goraýar (“aklaýar”)?*
5. *Dädeňiz awtomaşynyny satmakçy bolsa haýsy edara ýüz tutar?*
6. *Atlary getirilen edaralara näme üçin umumylaşdyryp “hukuk goraýjy edaralar” diýip aýdýarys?*

**Hukuk goraýjy döwlet organy** bu – kanun boýunça guralýan, öz gurluşyna, sosial durmuşda kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek boýunça anyk kesgitlenen ygtyýarlyga eýe bolan döwlet organydyr.

Kanuna laýyklykda, Özbegistan Respublikasynda hukuk goraýjy döwlet organlarynyň gurluşy, esasan aşakdaky ýalydyr:

- Prokuratura we prokuratura organlary;
- Adalat ministrligi we Ýustisiýa (Adalat) organlary;
- Içki işler ministrligi we içki işler organlary;
- Döwlet howpsuzlyk gullugy;
- Döwlet salgyt komiteti we salgyt organlary;
- Döwlet gümrükhana komiteti we gümrükhana organlary.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






**Prokuratura** hukuk goraýjy edaralaryň ulgamynda esasy orun eýeleýär. Prokuratura organlary we olaryň işgärleri hasaplanýan prokurorlaryň wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini, Konstitusion ulgamy goramak;
– jemgyýetde kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmek;
– kanun bozmalaryň öňüni almak, anyklamak we garşy göreşmek;
– hususy eýeçiligi we telekeçiligi goldamak.

***"Prokuror"** fransuz sözi bolup, "garalawçy" diýen manyny aňladýar. Emma latyn dilinde bu söz "gamhorlyk etmek" diýen manyny aňladýar.*

Prokuraturanyň baş wezipesi kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmekdir, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, döwlet gurluşyny, döwletiň we raýatlaryň emlägini dürli jenaýatçylardan, hukuk bozujylardan goramakdyr. Prokuror gözegçiligi döwletiň adyndan, döwletiň ýokary organy bolan Özbegistan Pespublikasynyň Aly Mejlisiniň adyndan amala aşyrylýar.

Öz ugurlary boýunça iş alyp barýan prokuratura ulgamynyň bu günki gündäki düzümine Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuraturasy, Garagalpagystan Respublikasynyň Baş prokuraturasy, Daşkent şäheriniň prokuraturasy, welaýat prokuraturalary, şäherler we tümenler prokuraturalary, başga ýöriteleşdirilen prokuraturalar girýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda alnyp barylýan özgertmeleriň hatarynda prokuratura ulgamynda hem düýpli täzelikler bolup geçdi. Aýratyn hem, Prezidentimiz Şawkat Mirziýaýew tarapyndan prokuratura organlarynyň kanunçylygy pugtalandyrmak, kanunlara sözsüz amal edilmegini üpjün etmek, raýatlaryň hukuky medeniýetini artdyrmak, demokratik hukuk döwletii şekillendirmek, hususy mülk we telekeçiligi ösdürmegi goldamak, goramak boýunça jogapkärçiligi aýratyn belgilendi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 29-njy maýyndaky permanyna görä Baş prokuraturanyň ýanynda Mejbury ýerine ýetiriji býurosy düzüldi we onuň wezipesine energiýa resurslary üçin tölegleri öz wagtynda we doly töletmek, elektrik we gaz ulgamyna bikanun



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goşulmak hem-de ogurlygyň öňüni almak, sud dokumentleri we başga resminamalaryň ýerine ýetirilişini sözsüz üpjün etmek wezipeleri ýüklendi.

Mejbury ýerine ýetiriji býuro tarapyndan öndürilen serişdeler elektr we gaz ulgamlaryny modernizasiýa etmek, täze önümçilik we hyzmat edýän obýektleri işe düşürmek, ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak ýaly maksatlara gönükdirmek göz öňünde tutulan.



**Özbegistan Respublikasynyň çäginde kanunlaryň anyk we birmeňzeş ýerine ýetirilişiniň üstünden gözegçiligi Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory we oňa boýun egýän prokurorlar amala aşyrýar.**

*118-nji madda.*

Prokuratura organlaryny döretmek, olaryň iş ýöretmek tertibi we ygtyýarlyklary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, “Prokuratura barasynda”ky kanuny esasynda kesgitlenýär.




Özbegistan Respublikasynyň Döwlet howpsuzlyk gullugy hukuk goraýjy organlar sistemasynyň möhüm bogunydyr. Ol Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýa esaslanan sistemasy, suwereniteti, ýerli bitewiliginiň peýdalaryny daşky we içki howplardan goraýan ygtyýarly organ hökmünde iş alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýaýewiň 2018-nji ýylyň 14-nji martyndaky *“Özbegistan Respublikasynyň döwlet howpsuzlyk sistemasyny kämilleşdirmek çäreleri barada”*ky permany bilen Özbegistan Respublikasynyň Milli howpsuzlyk gullugy Özbegistan Respublikasynyň Döwlet howpsuzlyk gullugyna öwürildi. Munda her bir, hat-da kiçi gerimdäki mesele hem döwletiň milli howpsuzlygyna dahylly ýaly bu mahsus hyzmat meseleleriniň çäklerine girizilmegi we onuň hukuklarynyň hetden aşa giňeldip goýberilmegine ýol bermezlik permanda göz öňünde tutulan möhüm taraplardandyr. Döwlet howpsuzlyk gullugy döwlet ähmiýetindäki hakyky howplary öz hukugyna degişli diýip garamagy hem-de olaryň öňüni almagy, anyklamagy we olara garşy göreşmegi özüniň maksat we wezipesine öwürmegi bu permanda bellenen. Ýagny, bu perman howpsuzlyk gullugy ugrundaky düýpli özgertmeleriň düýbüni tutdy, diýip aýtmak bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Özbegistan Respublikasi Döwlet howpsuzlyk gullugy 2018-nji ýylyň 5-nji aprelinde kabul edilen “Döwlet howpsuzlyk gullugy baranda”ky kanun esasynda iş alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynyň Döwlet howpsuzlyk gullugy aşakdaky wezipeleri amala aşyrýar:

- döwlet howpsuzlygyny we peýdalaryny daşky we içki howplardan goramak. Bu ugurdaky kanunbozarlyklaryň öňüni almak, anyklamak we çözmek. Bu barada razwedka we kontrrazwedka işini amala aşyrmak;
- döwlet serhetlerini goramak;
- döwlet howpsuzlygyna we bähbitlerine howp salmagy mümkin bolan milletlerara jynsy we dini dawalara sebäp bolmagy mümkin bolan bozgunçylyk işleriniň öňüni almak, anyklamak we aradan aýyrmak;
- terrorizm, ekstremizm, birleşen jenaýatçylyk ýaly nogsanlaryň öňüni almak, anyklamak we soňuna çykmak;
- gural-ýarag, neşe serişdeleri we psihotrop maddalaryň kanuna garşy gatnaşyklaryna garşy göreşmek;
- döwlet syry bilen bagly ýerlerde bu syrlaryň saklanmagy, ýörite baglanyşyk hem-de habar howpsuzlygyny üpjün etmegiň üstünden gözegçiligi amala aşyrmak;
- döwletiň bähbitlerine we parahatçylygyna howp salmagy mümkin bolan korrupsiýa garşy göreş alyp barmak;
- ykdysady, ylmy-tehniki, sosial, taryhy-medeni, ruhy ugurlarda döwletiň bähbitleri we howpsuzlygy bilen bagly hem-de öz hukuklaryna degişli bolan iş bilen meşgullanmak.



Özbegistan Respublikasynyň Döwlet salgyt komiteti döwlet dolandyryş organy bolup, salgyt ugrundaky kanun resminamalaryna amal edilmegini, döwletiň ykdysady peýdalary we mülki hukuklaryny goramak boýunça gözegçiligi ýola goýmak onuň işiniň esasy maksatlaryndandyr.

Döwlet salgyt komitetiniň esasy wezipeleri aşakdakylardyr:

- salgyt pudagynda döwlet syýasatyny amala aşyrmak;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- salgytlaryň dogry we öz wagtynda hasaplanmagy, tölenişi we döwlet býudjeti hem-de döwlet maksatly fontlaryna düşmegini üpjün etmek;
- salgyt salmak obýektleri we subýektleriniň doly we anyk hasabatyny ýöretmek;
- salgyt salynýan bazany giňeltmek, salgytlaryň ýygnamagy artdyrmak, salgyt pudagyndaky hukuk bozmalara garşy göreşmek boýunça çäreleri amala aşyrmak.

Şu we şuňa meňzeş wezipeleri ýerine ýetirmekde Döwlet salgyt komiteti Salgyt kodeksine gyşarnyksyz amal edýär.

Döwletimizde amala aşyrylýan salgyt özgertmeleriniň netijesinde 2019- njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap täzeden işlenen, halkara tejribäni hasaba alyp döredilen salgyt ulgamy amala girizildi. Munda salgytlaryň sany kemeldildi, ýönekeýleşdirildi. Salgyt töleýänler üçin salgydyň ýüki biraz ýeňilleşdirildi.




Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gümrükhana komiteti, Döwlet gümrükhana komitetiniň Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar, Daşkent şäheri boýunça müsirlikleri, gümrükhana kompleksleri we gümrükhana postlaryndan ybarat bolan gümrükhana organlary hukuk goraýjy organlardyr. Olar Özbegistan Respublikasynyň ýeke-täk gümrükhana syýasatyny amala aşyrmaga jogapkärdirler. Gümrükhana organlarynyň esasy maksady döwletimiziň ykdysady bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

Gümrükhana organlary öz işini Özbegistan Respublikasynyň Konstitu-siýasyna, “Döwlet gümrükhana hyzmaty barasynda”ky kanunyna, başga kanun resminamalaryna we halkara şertnamalara amal etmek bilen alyp barýarlar.

Gümrükhana organlarynyň esasy wezipelerinden gümrükhana hakyndaky kanun resminamalaryna amal edilmegini gözegçilik etmek, gümrükhana töleglerini öndürmek, gümrükhana pudagyndaky hukukbozarlygyň öňüni almak, anyklamak we olara çäk goýmak ýalylary görkezmek mümkin.

Soňky ýyllarda amala aşyrylýan özgertmeler gümrükhana pudagyny hem çetläp geçmedi. Netijede döwletimizde düýbünden täzelenen, döwrebap, halkara nusgalara laýyk bolan gümrükhana sistemasy döredilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Pähimler hazynasyndan!***

Dana wezir şuldurki, öz ornuna garap, kä talap edijilik, käte bolsa mylaýymlyk bilen çemeleşýär. Beýle wezir artykmaç talap edijilik hem etmeýär, köp mylaýymlyk bilen ýumşap hem gitmeýär. Eger köp mylaýymlyk etse, dünýä talap, tamagir adamlar ony ýuwdup goýberýärler. Eger artykmaç talap edijilik ulansa, ondan gaçýarlar we oňa ýüzlenmeýärler. Diýmek, dana wezir şuldurki, soltanlyk kärhanasynyň işlerini iň dogry çäreler ulanyp, gowy akyl ýetiren ýagdaýda amala aşyryp, döwleti düzgün-nyzama getirýär.

(Emir Temur)

## Döredijilikli iş

*Düzen şertli döwletiňizde:*

1. *Hukugy goraýan organlaryň haýsy birini zerur diýip hasaplasaňyz şolary yglan ediň.*
2. *Prokuratura nähili wezipeler ýüklärdiňiz we hukuklar bererdiňiz?*
3. *Içeri işler organlaryna nähili hukuklar bererdiňiz?*
4. *Döwlet howpsuzlyk gullugyna nähili hukuklar bererdiňiz?*
5. *Döwlet salgyt organlaryna nähili hukuklar bererdiňiz?*
6. *Döwlet gümrükhana organlaryna nähili hukuklar bererdiňiz?*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Nähili organlary biz hukugy goraýan organlar diýip atlandyrýarys?
2. Hukugy goraýan organlar sistemasyna haýsy organlar girýär?
3. Prokuraturanyň bu sistemada nähili orny bar?
4. Döwlet tarapyndan Prokuratura nähili wezipeler ýüklenen?
5. Içeri işler organlary nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
6. Içeri işler organlary nähili hukuklara eýe?
7. Döwlet howpsuzlyk gullugy nähili organ?
8. Döwlet howpsuzlyk gullugy nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
9. Döwlet howpsuzlyk gullugy sistemasyndaky özgertmeler hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
10. Döwlet salgyt sistemasyndaky özgertmeler barada nämeleri bilýärsiňiz?
11. Döwlet gümrükhana organlary barasynda bilýänleriňizi aýdyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 25-nji tema

# Adalat ministrligi. Adwokatura we Notarial edaralar



















## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Siz Adalat ministrligi hakynda nähili maglumatlary bilýärsiňiz?*

*2. Tümeniňiz (şäheriňiz)de tümen (şäher) Ýustisiýa bölümi açylanlygyndan habaryňyz barmy? Bu bölüm nähili iş bilen meşgullanýanlygyny bilýärsiňizmi? Bilýänleriňizi synpdaşlaryňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň.*

*3. Döwlet hyzmatlary merkezi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?*

*4. Bu merkeziň halka döredip beren amatlyklary hakynda pikiriňizi bildiriň.*

*5. Adwokatura ýa-da adwokatlar hakynda nämeleri bilýärsiňiz?*

*6. Notarial edaralar ýa-da notariuslar hakynda nämeleri bilýärsiňiz?*




Ýurdumyzyň hukuk goraýjy organlarynyň düzüminde ýustisiýa organlary aýratyn orun tutýar. Aýratyn hem Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýaýewiň başlangyjy bilen amala aşyrylýan hukuk özgertmeleri netijesinde ýustisiýa organlarynyň döwletimizdäki we jemgyýetimizdäki orny we abraýy has-da artdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**“Ýustisiýa”** sözi arapça "adliýa" – “adalat, dogrulyk, hakykat” manylaryny aňladýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň «Döwlet hukuk syýasatyny amala aşyrmakda ýustisiýa organlarynyň we edaralarynyň işini düýpgöter kämilleşdirmek çäreleri barasynda»ky permany esasynda ýustisiýa pudagynda wertikal dolandyryşy kämilleşdirmek maksadynda tümenler (şäherler) ýustisiýa bölümleriniň döredilmegi bellendi. Netijede döwletimizde ýustisiýa organlarynyň ulgamy aşakdaky görnüşe eýe boldy:

– Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi;
– Garagalpagystan Respublikasynyň Adalat ministrligi;
– welaýatlaryň adalat müdirlikleri;
– Daşkent şäheriniň adalat müdirligi;
– tümen (şäher) adalat bölümleri.

Adalat ministrligi – hukuk demokratik döwletini we raýatlyk jemgyýetini gurmakda döwlet syýasatyny, kanunlary işläp taýýarlamagy ýokary hilli gurnamak, hukuk normalaryny durmuşa dogry we birmeňzeş geçirmegi amala aşyrýan döwlet organydyr.

Ýustisiýa organlarynyň işine Adalat ministri ýolbaşçylyk edýär. Ol Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan bellenip, hökümet agzasy hasaplanýar.

Adalat ministri hukugy işläp taýýarlamak, kabul etmek hilini we hukuk normalary (düzgünleri)ny durmuşa geçirmek barasynda her ýyl Aly Mejlisiň Senatyna habar berýär.

Ýustisiýa organlarynyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

- kabul edilen kanunlar, başga normatiw-hukuk resminamalarynyň mazmunyny, ähmiýetini ýerine ýetirijilere düşündirmek , “respublika – welaýat– tümen – mähelle” prinsipi boýunça hukuk goraýjy we sud organlary bilen bilelikde hukuk wagyzyny amala aşyrmak we ilatyň hukuky sowatsyzlygynyň soňuna çykmak;
- Konstitusiýa we kanunlar bilen berkidilen ynsanyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagy üpjün etmek;
- hukuky problemalary öwrenmek hem-de hukuky resminamalaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- syýasy partiýalary hasaba almak;
- fiziki we ýuridiki şahslara hukuky hyzmat görkezmegi üpjün etmek, notarial edaralary, notarius wezipesini goýmak we aýyrmak, notariuslary kämilleşdirmek, olary attestasiýadan geçirmek tertibini belgilemek;
- adwokatlyk gurluşlary we Özbegistan Respublikasynyň Adwokatlar palatasynyň işini guramak, adwokatlara lisenziýa bermek;
- ýuridiki kadrlary taýýarlamak, gaýta taýýarlamak we kämilleşdirmek işlerini amala aşyrmak.

Adalat ministrligi milli internet portalyna eýe bolup, onda hukuk maglumatlary, ýagny ýuridik sözlükler, elektron hukuk gollanmalary, kanun resminamalarynyň taslamalarynyň ara alyp maslahatlaşylan onlaýn forumy bar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 9-njy ýanwaryndaky «Jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak ulgamyny düýpli kämilleşdirmek barada»ky permanynda Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi jemgyýetde hukuk aňyny we hukuk medeniýetini ösdürmek ulgamynda laýyklaşdyryjy döwlet organy edip bellenen.

Siz okuwçylaryň hukuky tälim-terbiýäňizi amala aşyrmakda hem Ýustisiýa organlarynyň goşandy uludyr. Aýratyn hem, okuwçy we talyplaryň hukuky bilimlerini üznüksiz artdyryp barmagy üçin okuw maksatnamalary, derslikler, okuw materiallaryny taýýarlamagy gurnamak Ýustisiýa organlary tarapyndan amala aşyrylýar.

Prezidentimiz tarapyndan öňe sürlen “Halk döwlet edaralaryna däl-de, eýsem döwlet edaralary halkymyza hyzmat etmelidir” diýen taglymyny amala aşyrmak üçin Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrliginiň ýanynda Döwlet hyzmatlary agentligi we onuň ýerli bölünmeleri düzüldi.

“Ýagona darça” prinsipi esasynda öý-jaýlardaky suw üpjünçiligi, kanalizasiýa, ýylylyk üpjünçiligi, ýeke tertipde öý-jaý gurmak üçin rugsatnama almak, ýaşaýyş jaýy boýunça hasaba almak (propiska), hasapdan çykmak, dürli arhiw maglumatnamalary (patentler), şaýatnamalar we resmi resminamalaryň dublikatlaryny almak ýaly hyzmatlar görkezilýär. Netijede Döwlet hyzmatlary merkezleri ilatyň wagtyny we harajatlaryny kemeltmek maksadynda ýeke-täk jaý hökmünde düzüldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Adwokatura** — hukuky institut bolup, ol adwokatlyk işi bilen meşgullanýan ýuridiki şahslar hem-de hususy adwokatlyk amalyýeti bilen meşgullanýan käbir fiziki şahslaryň özbaşdak, meýletin, kesbi birleşmelerini öz içine alýar. Adwokatura Özbegistan Respublikasynyň raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk şahsyýetlere, kärhanalara,

***"Adwokat"*** *latynça söz bolup, "goraýjy", "aklawçy" diýen manyny aňladýar.*

edaralara we guramalara ýuridik kömek bermekden hem-de sudda raýatlaryň bähbitlerini goramakdan ybarat.

***Adwokatura*** *– hukuk instituty bolup, ol adwokatlyk işi bilen meşgullanýan adamlaryň hem-de hususy adwokatlyk işi bilen meşgullanýan aýry-aýry adamlaryň hünäri boýunça özbaşdak, meýletin birleşmesidir.*

Adwokatlaryň başga görnüşdäki ýuridik kömekleri hem bermegi mümkin. Käbir ýagdaýlarda olar ilata mugt hyzmat edýärler.

Özbegistan Respublikasynyň ýokary ýuridik bilimli we bellenilen tertipde adwokatlyk işi bilen meşgullanmaga hukuk berýän lisenziýasy (rugsatnamasy) bolan raýaty Özbegistan Respublikasynda adwokatlyk etmek hukugyna eýedir. Belgilenen tertipde mylakata ýaramsyz ýa-da mylakat ukyby çäklenen diýip hasaplanan, şeýle hem sudlananlyk ýagdaýy gutarmadyk ýa-da sudlananlygy alyp taşlanmadyk şahslaryň adwokatlyk işi bilen meşgullanmagyna ýol berilmeýär.

Adwokat sudýalyk sudlarynda hem iş alyp barýar.

Adwokatlyk işini lisenziýalamak tertibi Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti tarapyndan belgilenýär.

Kanuna görä adwokatlar aşakdaky görnüşdäki ýuridik hyzmatlary ýerine ýetirýärler:

– ýuridik meseleler boýunça maslahat bermek we düşündirmek, kanunlar boýunça dilden we ýazuw üsti bilen maglumatlary bermek;

– raýatlyk hem-de administratiw kanun bozma işleri boýunça sud we döwlet organlarynda wekillik wezipesini ýerine ýetirmek;

– ilkinji derňew we sudda jenaýat işleri boýunça goraýjy, jebirlenenler,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

raýatlyk işleri boýunça dawagär we jogapkärleriň wekilleri hökmünde gatnaşmak we başgalar.

Belgilenen tertipde lisenziýa alan şahs adwokatlyk işini öz adwokatlyk býurosyny açyp, ýeke tertipde amala aşyrmaga ýa-da başga adwokatlar (şärikler) bilen adwokatlyk firmasyny ýa-da agzalyga esaslanan adwokatlar toparyny düzmäge ýa-da iş alyp barýan şeýle adwokatlyk gurluşlaryndan birine girmäge ýa-da ýuridiki maslahathanada işläp adwokatlyk işini amala aşyrmaga hakly. Adwokat öz işini diňe bir adowkatlyk gurluşynda amala aşyrmaga hakly.

Adwokatura öz işini kanun esasynda , özbaşdaklyk we başga demokratik prinsipler esasynda amala aşyrýar.

Özbegistan Respublikasynda kanunlar, normatiw resminamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde *notarial edaralar* hukugy goraýan organlara ýakyndan kömek berýär. Özbegistanda notarial hereketler "Notarial barasynda"ky kanun we başga kanunlara görä notarial edaralaryň notariuslary tarapyndan amala aşyrylýar.

Notarial edaralar Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi tarapyndan düzülýär we ýatyrylýar. Notarius wezipesine 25 ýaşdan kiçi

*Notarial edaralarynda işleýän wezipeli adamlara* ***notariuslar*** *diýilýär, olaryň ýerine ýetirýän işlerine bolsa* ***notarial işler*** *diýilýär.*

bolmadyk, ýokary ýuridik maglumata we üç ýyllyk ýuridik staža eýe bolan, kesp synagyny tabşyran Özbegistan raýaty mynasyp hasaplanýar.

Notarial edaralarynyň wezipeleri aşakdakylar:

- ylalaşyklary we wesýetnamalary tassyklaýar;
- är-aýalyň umumy emlägindäki ülşüne eýelik hukugy we mirasa bolan hukuk barada şahadatnama berýär;
- miras emlägiň goralmagyna degişli çäreleri görýär;
- resminama nusga we göçürmeleriniň dogrulygyna şaýatlyk edýär;
- resminamanyň dogry terjime edilenligine şaýatlyk edýär;
- resminamalardaky goluň hakykylygyna şaýatlyk edýär;
- gozganmaýan emlägiň satyn alnanlygy hakynda şaýatnama berýär;
- raýatyň diri ekenligi faktyny tassyklaýar; raýatyň belli bir ýerde ekenligi faktyny tassyklaýar; raýatyň fotosuratdaky şahsdygyny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



tassyklaýar; resminamalaryň berlen wagtyny tassyklaýar;
- pul summalaryny we gymmatly kagyzlary depozite kabul edip alýar;
- resminamalary saklamak üçin kabul edip alýar;
- pul tölemek üçin çekleri hödürleýär we çekler boýunça pul tölemedigini tassyklaýar.

Notarial hereketleri amala aşyrylýan wagtynda raýat we wezipeli şahslar tarapyndan kanunyň bozulanlygy anyklananda guramalara, prokurora habar berýär. Taraplaryň hödürlän bitimleriniň mazmunyny, asyl maksada laýyklygy we kanun talaplaryna garşy däldigi barlanylýar. Jenaýat işinden alnan girdejileri legallaşdyrmak, terrorizm we köpçülikleýin gyrgyn ýaraglaryny ýaýratmagy maliýeleşdirmek bilen bagly notarial hereketler barasyndaky maglumatlary ýörite döwlet organlaryna hödürleýär.

Göçmez mülk, öý-jaý, miras, kärende, sowgat we aldy-satdy mülküniň bahasy hakyndaky maglumatlary, awtotransport serişdelerini peýdalanmak, garamagyna almak üçin ynanç hatlary, bu serişdelerden başga şahslara geçirmek, kärendesine bermek ýaly şertnama maglumatlaryny içeri işler organyna, wesýet edýäniň wepat edenden soň peýdadar şahslara wesýetnama barasyndaky maglumatlaryny hödürleýär.

Notarius öz kär borçlaryny bozanlygy üçin kanuny jogapkär bolmagy mümkin.

Notariat edaralary awtomatlaşdyrylan ýeke-täk habar sistemasy arkaly notarial hereketleri ýerine ýetirmek mümkinçiligine eýe.

***Pähimler hazynasyndan!***

Ynsan terbiýesiniň derejesi özgäniň hukugyny hormat etmek bilen belgilenýär. (*Muhammet Kemal Pilaý*)

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrligi nähili organ?
2. Ýustisiýa organlarynyň sistemaly düzümini aýdyp beriň.
3. Ýustisiýa organlarynyň esasy wezipelerini sanap beriň.
4. Döwlet hyzmatlary merkezleri nähili maksatlarda düzülen?
5. Adwokatura nähili organ? Onuň nähili wezipeleri bar?
6. Notarial edaralar nänili organ? Olaryň nähili wezipeleri bar?
7. Adwokatlar nähili hyzmatlary ýerine ýetirýärler? Notariuslar nähili?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 26- njy tema Ýaragly Güýçler we ýaşlary harby-watançylyk ruhunda terbiýelemek









## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Ýaragly Güýçler diýende siz nämäni düşünýärsiňiz?*
*2. Siziň ýa-da synpdaşlaryňyzyň agalary harby hyzmatda bolanmy? Olaryň hyzmaty hakynda gürrüň ediň.*
*3. Esgerlik borjy sözüniň manysyna siz nähili düşünýärsiňiz?*
*4. Armiýa adalgasynyň manysyny bilýärsiňizmi?*
*5. Siziň tälim alýan mekdebiňizde harby watançylyga bagyşlanan nähili çäreler geçirilýär?*

Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri Özbegistan Respublikasynyň suwerenitetini, ýerli bitewiligini, ilatyň parahat ýaşamagy we howpsuzlygyny goramak, uruşlar we ýaragly dawalaryň öňüni almak, zerur bolanda gaýtarmak üçin döwlet tarapyndan gurnalýar we saklap durulýar. Ýaragly güýçler öz içine harby birleşmeler, goşulmalar we bölümleri alýar.

Ýaragly Güýçleriň üç sany alamatyny bilmelidiris:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Birinjiden, Ýaragly Güýçler kanunçylykda pugtalanan öz gurluşy we wezipelerine eýe bolan döwlet guramasydyr.

Ikinjiden, Ýaragly Güýçler harby gurama bolup, harbylary birleşdirýär, ýarag güýjüne eýe bolýar.

Üçünjiden, Ýaragly Güýçler taktik tizlik we strategik gerimlerde uruş we harby hereketler alyp barmaga niýetlenen ýörite harby guramadyr.

"Bu günki günde dünýäniň käbir regionlarynda gitdigiçe ýitileşip barýan ganly dawa we garşylyklar, terrorizm we ekstremizm howpy bizden hemişe ätiýaçly we hüşgär bolmagy talap edýär. Bu barada Özbegistan serhetleriniň howpsuzlygy we dahlsyzlygyny üpjün etmek, döwletimiziň goranmak ukybyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň bosagasyna hiç bir bela-beteri ýakyn getirmezlik ýaly wajyp meseleler hemişe üns merkezinde bolýar".

***Ş.Mirziýaýew***

Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri Özbegistan Respublikasynyň suwerenitetini, ýerli bitewiligini, ilatyň parahat ýaşamagy we howpsuzlygyny goramak üçin düzülýär.

Ýaragly Güýçler döwlet harby guramalarynyň we döwlet goramak sistemasynyň esasy bolup, harby dawalary saklamak hem-de olaryň öňüni almak, şonuň ýaly, döwletiň harby howpsuzlygyny üpjün etmek üçin düzülýär. Ýaragly Güýçleriň işi, wezipeleri, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, "Goranmak doktrinasy barasynda"ky kanuny we başga hukuky resminamalar bilen tertibe salynýar.

Ýaragly Güýçleriň düzümine Özbegistan Respublikasy Goranmak, Içeri işler, Adatdan daşary ýagdaýlar ministrlikleriniň, Döwlet howpsuzlyk gullugynyň we başga edaralaryň degişli dolandyryş organlary, goşunlary, harby gurulmalar, şonuň ýaly Milli gwardiýa girýär.

Döwlet goragyna we Ýaragly Güýçlerine ýolbaşçylygy Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti – Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň Baş Serkerdebaşysy, amala aşyrýar.

Harby gulluk – Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda umumy harby borçlary ýerine ýetirmekdäki döwlet hyzmatynyň aýratyn görnüşidir. Harby hyzmata on sekiz ýaşa dolan, saglygyna



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

görä Ýaragly Güýçleriň hatarynda harby gulluk etmäge ýaramly raýatlar çagyrylýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti, Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň Baş Serkerdebaşysy Şawkat Mirziýaýew tarapyndan belgiläp berlen "Armiýa we halk birligi" prinsipine esaslanyp, respublikanyň mekdeplerinden başlap ýokary okuw edaralaryna çenli özboluşly — üznüksiz harby — watançylyk täliminiň bitewi sistemasy döredildi. Täze Ýaragly Güýçler akademiýasy şekillendirildi, harby bilim ýurtlarynyň işi kämilleşdirildi. Ýaragly Güýçler sistemasynda Ýaşlar Soýuzynyň birinji bölünmeleri düzüldi. Bu wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksadynda "Ýaşlary harby watançylyk ruhynda terbiýelemek barasynda"ky Ministrler Kabinetiniň 2018-nji ýylyň 23-nji fewralyndaky karary kabul edildi.

Ýaşlary harby watançylyk ruhunda terbiýelemek Konsepsiýasynyň mazmunyny ene Watanymyzy gözümiziň göreji ýaly goramak, onuň şöhratyny dünýä meşhur etmek, Özbegistanyň hakyky watanperwer raýatlaryny kemala getirmegi amala aşyrýar. Her bir ýaş raýatyň aňynda Watana söýgi, Watany goramagyň abraýly we mukaddes borç ekenligi, janajan Watanymyzyň özbaşdaklygy we gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman göreşen milli gahrymanlarymyz bilen pikirleşmek, milli armiýamyza fiziki taýdan güýçli we ruhy taýdan kämil ýaşlaryň zerurlygy we harby gulluk her bir Özbegistan raýaty üçin mukaddes borçdugyny aňmak her bir ýaş raýatyň esasy wezipesidir.

Ýaşlary harby watançylyk ruhunda terbiýelemek işleri dört basgançakda amala aşyrylýar:

Birinji basgançakda, 3–7 ýaşdaky çagalara töweregimizi gurşaýan älem, Watan hakyndaky ilkinji düşünjeler maşgalada we mekdebe çenli tälim edaralarynda şygyr, goşgular, multfilm, oýunlar oýnamak we suratlar çekmek arkaly döwlet simwollaryna hormat we ene watana söýgi şekillendirilip barylýar.

Ikinji basgançakda, 7–16 ýaşdaky okuwçylaryň Watana söýgi we wepalylygy pugtalandyrmak. Olary ene watanyň öňündäki perzentlik borjuny ýerine ýetirmegi üçin taýýarlamak. Olarda Ýaragly Güýçleriň hatarynda gulluk edýän agalaryna höwes oýarmak. Harby hyzmaty arzuw edýän her bir ýaş çagalygyndan fiziki güýçli bolmagy, yzygiderli sport bilen meşgullanmagy, mekdepdäki ähli predmetleri gowy öwrenmegi, boş wagtyny öndümli peýdalanmagy we "Ýaş kitaphan" ýaly ýaryşlarda gatnaşmak, üstünlikleri gazanmaga hereket etmegi zerur. Okuwçylary "Temurbegiň mirasdüşerleri",



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



" Özbegistanyň perzentleri batyr bolur" ýaly harby sport ýaryşlarynda aktiw gatnaşmaklary talap edilýär.

Üçünji basgançakda, 16–18 ýaşdaky ýaşlary Watana we ony goramak üçin mynasyp gulluk etmäge ruhy we fiziki taýýarlamak. Olara milli armiýamyz üçin fiziki güýçli we ruhy kämil ýaşlaryň zerurlygy, harby gullugyň ähmiýeti hem-de Ýaragly Güýçlerde alnyp barylýan özgertmeler hakynda görkezmeli serişdeler arkaly maglumatlar berip barmak.

Dördünji basgançakda, 18–30 ýaşdaky ýaşlary her taraplaýyn kämil, ata-enä we Watana wepaly ynsanlar edip taýýarlamak, Watany goramaga hemişe taýýar bolmak we Ýaragly Güýçleriň hatarynda gulluk borjuny ýerine ýetirýän ýaşlar bilen buýsanmak, konstitusion borç we harby kasama sadyk bolmak duýgularyny şekillendirip barmak.

Ýaşlary harby watançylyk ruhunda terbiýelemek Konsepsiýasynda bellenilişi ýaly, öz saýlan käriňizi pugta eýelemegiňiz we kämil hünärmen bolup, ýetişmek üçin boş wagtyny mazmunly geçirmelisiňiz. "Ýaş kitaphan" ýaryşynda gatnaşmaga hereket edip, ylmy we çeper edebiýatlary okamak bilen sizi watanperwer, sadyk, batyr we hüşgär bolmaga çagyrýar.




*Özbegistan Respublikasyny goramak Özbegistan Respublikasynyň her bir raýatynyň borjudyr. Raýatlar kanunda bellenen tertipde harby ýa-da alternatiw gullugy ýerine ýetirmäge mejburdyrlar.*

*52-nji madda.*

Harby watançylyk Watandan buýsanmak, parlak gelejege ynam ruhuny aňladýar. "Watan" adalgasy aslynda arapça söz bolup, "ene ýurt" manysyny aňladýar. Watan düşünjesi giň we dar manyda ulanylýar. Bir halk wekilleri jemlenip ýaşap duran, olaryň ata-babalary öňden ýaşap giden çäk göz öňünde tutulsa, bu giň manydaky düşünjedir. Adamyň doglup ösen öýi, mähellesi, obasy göz öňünde tutulsa, bu dar manydaky düşünjedir. "Watan" we "watançylyk" düşünjeleri hemişe deň gelýän aýrylmaz düşünjelerdir. Watançylyk şahsyň özi degişli bolan millet, Watanyndan buýsanmagy, bu günki güni hakynda alada etmegi, öz Watanynyň parlak gelejegine ynamyny aňladýan beýik duýgy hasaplanýar. Siz beýik mert ata-babalarymyza mynasyp mirasdüşer we Watanyň hakyky goragçylary bolup ulalarsyňyz.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

“Harby gulluk prosesinde her bir ýaş esger bilen aýratyn iş alyp barmagymyz, olary ilki bilen , Jelaleddin Manguberdi we Emir Temur ýaly beýik , mert ata-babalarymyza mynasyp mirasdüşerleri, ene Watanyň hakyky goragçylary edip terbiýelemegimiz derkardyr”.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýaýew.

## Döredijilikli iş

*“Çerik” (goşun , harby gurulma ) nöker almakda üç düzgüne amal etdim :*

- *birinjiden, ýigidiň güýç-kuwwatyna;*
- *ikinjiden, gylyjyny oýnadyp bilişine;*
- *üçünjiden, akyl-paýhasyna.*

*Şu üç häsiýet birleşen bolsa, nökerlik gullugyna aldym. Sebäbi, güýç gudratly ýigit her dürli kynçylyklara , azaplara çydamly bolýar, gylyjyny oýnadyp bilýän adam duşmanyny ýeňip bilýär, akylly nöker her bir ýerde akyl-paýhasyny işe salyp, müşgülini çözmegi mümkin.*

*Emir Temur*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ýaragly Güýçler nähili döwlet guramasy hasaplanýar?
2. Ýaragly Güýçleriň düzümi nämelerden ybarat?
3. Ýaragly Güýçlere ýolbaşçylygy kim amala aşyrýar?
4. Kimler harby gulluga çagyrylýar?
5. Ýaşlary harby watançylyk ruhunda terbiýelemek konsepsiýasy näme maksatda kabul edildi?
6. Konsepsiýanyň basgançaklaryny we wezipelerini düşündirip beriň.
7. Emir Temur haýsy şertler esasynda ýigitleri nökerlige saýlap alypdyr?
8. Siz Watany goramak we hakyky esger bolmak üçin özüňizi nähili taýýarlamalysyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar.

1. Kanun bozma düşünjesine kesgitleme beriň.
2. Ýurdumyzyň kanunçylygynda hukuk jogapkärçiligi näçe we nähili görnüşlere bölünýär?
3. Prokuraturanyň bu ulgamdaky orny nähili?
4. Jenaýat ýüze çykanda sorag geçirmek işlerini alyp barmaga haýsy organlaryň ygtyýary bar?
5. Adalat ministrliginiň nähili organlary bar?
6. Sosial howpsuzlyk nähili ýagdaýlarda ýüze çykmagy mümkin?
7. Hukuga gapma-garşy diýen düşünjä nähili düşünýärsiňiz?
8. Administratiw jogapkärçiligine haýsy görnüşdäki jeza çäreleri girýär?
9. Jenaýat jogapkärçiligi näme? Ol haýsy kanun bozmasy bolan ýagdaýynda ulanylýar we onuň iň esasy aýratynlyklary nämeden ybarat?
10. Notarial edaralary nähili wezipeleri ýerine ýetirýärler? Notarius diýende nämäni düşünýärsiňiz?

**Adalgalara laýyk kesgitlemäni bellik ediň.**

***1. Prokuror*** ***2. Hukuk bozma*** ***3. Jenaýat***

***4. Adwokatlar kollegiýasy*** ***5. Adwokat***

**a)** – *latynça söz bolup, “goraýjy”, “aklawçy” diýen manyny aňladýar.*

**b)** – *jemgyýet üçin howply bolan etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik).*

**ç)** – *fransuzça söz bolup, “garalawçy” diýen manyny aňladýar.*

**d)** – *öz hereketini düşünýän we oňa jogap berip bilýän şahsyň hukuga garşy hereketinden gelip çykýan aýby.*

**e)** *hukuky institut (aýratyn topar) bolup, ol adwokatlyk işi bilen meşgullanýan şahslar hem-de hususy adwokatlyk bilen meşgullanýan käbir şahslaryň özbaşdak, erkin, kärdeş birleşmesi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça test nusgalary

**1. Prokuratura organlarynyň bitewi merkezleşdirilen ulgamyna Özbegistan Respublikasynyň haýsy ygtyýarly raýaty ýolbaşçylyk edýär?**

a) Baş prokuror;
b) Prokuratura kollegiýasynyň başlygy;
ç) Welaýat prokurorlary tarapyndan saýlanan şahs;
d) Özbegistan Respublikasynyň prokurory.

**2. Haýsy hatardaky jogap gamhorlyk etmek manysyny aňladýar?**

a) Adwokat; b) Adalat ministrligi;
ç) Prokuror; d) Sudýa.

**3. Prokuror nämä gözegçilik edýär?**

a) Derňew işlerine; b) Sud işlerine;
ç) Kanunlaryň anyk ýerine ýetirilişine; d) Hökümiň ýerine ýetirilişine.

**4. Özbegistan Respublikasynyň çäginde kanunlaryň anyk we birmeňzeş ýerine ýetirilişiniň üstünden gözegçiligi kim we haýsy döwlet organy amala aşyrýar?**

a) Adalat ministrligi;
b) Notarial edaralar;
ç) Özbegistan Respublikasynyň Baş Prokurory we oňa boýun egýän prokurorlar;
d) Sud organlary.

**5. Aklawçy bu …**

a) Jenaýat işleri sudda seredilende raýatlary goraýan şahs;
b) Sudda gatnaşyjy we döwlet bähbitlerini goraýan saxs;
ç) Günälenýän tarapyndan teklip edilen şahs ;
d) Günälenýäniň kanuny wekili.

**6. Kanun bozmanyň haýsy görnüşinde döwlet tarapyndan iň agyr jezalar ulanylýar?**

a) administratiw; b) jenaýat; ç) düzgün-nyzam; d) raýat.

**7. Administratiw jogapkärçilik näçe ýaşdan bellenilýär?**

a) 16 ýaşdan; b) 14 ýaşdan;
ç) 15 ýaşdan; d) 17 ýaşdan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Döwlet organlarynyň gündelik işinde adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üstünligine esaslanan konstitusion prinsip sözsüz üpjün edilmelidir.*

***Şawkat Mirziýaýew***

# VI BAP

## KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLERIŇ HUKUKLARY, BORÇLARY








***Kämillik ýaşyna ýetmedikleri düşünjesi***
***Maşgala kodeksinde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary***
***Zähmet kodeksinde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary***
***Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň administratiw we jenaýat jogapkärligi***

http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

27-nji tema

# Raýatlyk kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary













## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

1. *Suratlardaky adamlaryň ýaşlaryny takmyny anyklaň.*
2. *Olary hukuk derejeleri boýunça toparlara bölüp bilýäňizmi (birmeňzeş hukuklylary bir topara goşuň).*
3. *Şol toparlardaky adamlaryň hukuklarynyň arasynda nähili tapawutlaryň bolmagy mümkin diýip oýlaýarsyňyz? Jogabyňyzy esaslandyryň.*
4. *Eden ýerliksiz hereketleri üçin olaryň jogapkäçilikleriniň hem dürli bolmagy mümkinmi?*
5. *Ýurdumyzda adamyň näçe ýaşdan başlap kämillik ýaşyna ýeten diýip hasaplanýanyny bilýäňizmi?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*6. Näme üçin ol hut şu ýaşda kämillige ýeten diýip oýlaýarsyňyz?*

Özbegistan Respublikasyndaky ähli taraplaryň (fiziki we ýuridiki) eýeçilige degişli we degişli bolmadyk gatnaşyklaryny we pul-haryt gatnaşyklaryny tertipleşdirýän hukuk normalaryny özünde jemleýän ugur bu – raýat hukuk ugrudyr.

Raýatlyk kanunçylygyna görä, raýat eýelik etmegi mümkin bolan hukuklar we borçlar toplumy raýatyň hukuk ukybyny düzýär.

**Raýatlyk hukugy ilki gadymy Rimde emele gelipdir we bu hukuk raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salypdyr. Bu günki güne gelip ençeme ýurtlarda raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salýan milli hukuk ulgamlary döredilen. Ýurdumyzda raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklar Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi arkaly tertibe salynýar.**

Raýatyň hukuk ukyby ol doglan wagtdan başlap emele gelýär we aradan çykmagy bilen tamamlanýar.

Raýatyň aragatnaşyk ukyby bolsa raýatyň öz hereketleri bilen raýatlyk hukuklaryna eýe bolmak we olary amala aşyrmak, özi üçin raýatlyk borçlaryny emele getimek we olary ýerine ýetirmek ukyby bolup, bu ukyp raýat kämillik ýaşyna ýetensoň, ýagny on sekiz ýaşa dolanda doly göwrümde emele gelýär.

Raýatlyk hukuklary we borçlary aşakdakylardan emele gelýär:

1) kanunda nazarda tutulan şertnamalardan we başga ylalaşyklardan, şonuň ýaly-da eger kanunda nazarda tutulan bolmasa-da, ýöne oňa ters bolmadyk şertnamalardan we başga ylalaşyklardan;

2) kanunda raýatlyk hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelşiniň esasy hökmünde nazarda tutulan döwlet organlarynyň ýa-da raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary resminamalaryndan;

3) suduň raýatlyk hukuklaryny we borçlaryny kesgitlän kararyndan;

4) kanunda ol berilýän esaslarda emläk almak netijesinde;

5) ylym, edebiýat, sungat eserlerini döretmek, oýlap tapmalar we başga intellektual işiň netijesinde;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6) başga şahsa zyýan ýetirmek netijesinde;

7) esassyz baýamak netijesinde;

8) raýatlaryň we ýuridik şahslaryň başga hereketleri netijesinde;

9) kanun resminamalary raýatlyk-hukuk netijeleriň gelip çykmagy bilen baglaýan hadysalar netijesinde.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň aragatnaşyk ukyby kesgitlenende ýaş adamyň bedenine, boýuna, muskullaryna we akyl taýdan ösüş derejesine üns berilýär.

Özbegistan Respublikasynyň “Raýat kodeksine” laýyklykda doly möçberdäki aragatnaşyk ukyby **18 ýaşyna** girende ýüze çykýar.




**“Raýatyň öz hereketleri bilen raýatlyk hukuklaryna eýe bolmak we olary amala aşyrmak, özi üçin raýatlyk borçlaryny emele getirmek we olary ýerine ýetirmek ukyby (aragatnaşyk ukyby) ol kämillige ýetensoň, ýagny 18 ýaşa dolansoň doly göwrümde emele gelýär”.**

*22-nji madda.*

**14 ýaşdan 18 ýaşa çenli** bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler;

1) öz iş haklaryna, talyp haklaryna we beýleki girdejilerine eýe bolmak;

2) dürli awtorlyk hukuklaryny amala aşyrmak;

3) kanuna laýyklykda banklarda goýum goýmak we olara eýelik etmek;

4) dürli durmuşy ylalaşyklary düzmek hukugyna eýedirler.

**6 ýaşdan 14 ýaşa çenli** bolan kiçi ýaşly çagalar:

1) ownuk gündelik durmuş ylalaşyklary:

2) mugt peýdalanmaga gönükdirilen ylalaşyklary:

3) kanuny ýagdaýda belli bir maksat bilen ýa-da özi islän tertipde erkin peýdalanmak üçin berilen serişdelere eýelik etmek hakyndaky ylalaşyklary baglaşmaga haklydyr.

**16 ýaşy dolan** kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyýet kanunda görkezilen şertlerde işleýän ýa-da telekeçilik bilen meşgullanýan bolsa, onuň suduň karary bilen doly aragatnaşyk ukyply diýlip ykrar edilmegi mümkin. Bu ýagdaýa raýat hukugynda **emansipasiýa** diýilýär. Beýle halatlarda ata-ene, perzentlige alýanlar we howandar emansipasiýa edilen kämillik ýaşyna ýetmediginiň borçlary boýunça, hususan-da, onuň ýetiren zyýany netijesinde gelip çykan borçnamalar boýunça jogapkär bolmaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE
hrto.eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Emansipasiýa** – latynça “emancipatio” sözünden alnan bolup, hukuklarda deňleşmek diýen manyny aňladýar.*

Kämillik ýaşyna ýetýänçe kanuny esasda nikalaşan raýat nikalaşan wagtdan başlap doly göwrümde aragatnaşyk ukybyna eýe bolýar. Nikalaşmak netijesinde eýe bolunan aragatnaşyk uky on sekiz ýaşa dolmazdan nika ýatyrylan ýagdaýynda hem doly saklanyp galýar.

Nika hakyky däl diýp hasaplanylanda sud kämillik ýaşyna ýetmedik är (aýal) sud bellän wagtyndan başlap doly aragatnaşyk ukybyny ýitirenligi barada karar kabul etmegi mümkin.

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, Garagalpagystan Respublikasynyň Ministrler Geňeşi, welaýat, tümen, şäher häkimlikleriniň ýanynda Kämillik ýaşyna ýetmedikler işleri boýunça komissiýalar düzülen. Bu komissiýalaryň maksady we wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

– kämillik ýaşyna ýetmedikleriň gözegçiliksiz we garawsyz galmagynyň, kanun bozmalaryň öňüni almak;

– kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bikanun hereketleri we kanun bozmalaryna mümkinçilik döredýän sebäpleri we şertleri anyklamak we ýok etmek;

– kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy;

– sosial taýdan howply ýagdaýda bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen terbiýeçilik işlerini alyp barmagy guramak.

Komissiýalar tarapyndan kabul edilen, olaryň ygtyýarlyklary çägindäki kararlar döwlet organlary, başga guramalar we wezipeli şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi mejburydyr.

15 ýaşly Nazym tomusky dynç alyş wagtynda ata-enesiniň razylygy bilen kofehanada mineral suw satyjy bolup işe girdi. Kofehananyň eýesi ony hepdede 48 sagat işledip ulular bilen deň aýlyk töledi.

*1) Nazymyň hukugynyň bozulan bolmagy mümkinmi?*

*2) Şu herekete gatnaşyjylaryň haýsyny kanuny bozdy diýip hasaplaýarsyňyz?*

*3) Olary hukuk taýdan sowatly diýip hasaplamak bolarmy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslaryň ýetiren zyýany üçin olaryň ata-eneleri ýa-da howandarlary ýa-da olara gözegçilik edýän okuw, terbiýeçilik ýa-da kesel bejeriş edaralary jogap berýärler.

## Döredijilikli iş

*1 5 ýaşly Dilşadyň surat çekmek ukyby bar. Onuň çeken suratlaryndan iş prosesinde peýdalanmak üçin çagalar bagynyň terbiýeçisi albom taýýarlady.*

- *Dilşadyň hukuklary bozulypmy?*
- *Dilşadyň hukugyny kim goraýar?*

*2. Tomusky dynç alyşda 14 ýaşly Nabijan firma ussanyň kömekçisi bolup işe girdi. Aýlyk gazanjyny ýygyp, planşet satyn aldy. Ol şeýle etmäge haklymy? Pikiriňizi esaslandyryň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Hukuk ukyby näme?
2. Aragatnaşyk ukyby diýende nämäni düşündiňiz?
3. Hukuk ukybyna we aragatnaşyk ukybyna mysallar getiriň.
4. Raýatlyk hukuklary we borçlary haýsy ýagdaýlarda emele gelýär? Sanap beriň.
5. Emansipasiýa näme?
6. Aşakdaky jedweli depderiňize çyzyň we Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksine görä kämillik ýaşyna ýetmedikleriň aragatnaşyk ukyplary esasynda dolduryň:

| **6 ýaşdan 14 ýaşa çenli** bolan kiçi ýaşdaky çagalar: | **14 ýaşdan 18 ýaşa çenli** bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler: | **16 ýaşa dolan** kämillik ýaşyna ýetmedikler: |
|---|---|---|
| | | *Nusga: Maýda gündelik durmuş ylalaşyklaryny düzýärler.* |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# *28-nji tema* Jenaýat kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary



















## Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. 1-3-nji suratlardaky ýagdaýy häsiýetlendiriň.*

*2. Şu suratlardaky çagalar geljekde nähili adamlar bolup ýetişmekleri mümkin diýip oýlaýarsyňyz. Olaryň parlak gelejegi üçin nähili kepiller bar?*

*3. 4-nji suratdaky çaganyň bikanun hereketleriniň netijesi nähili bolmagy mümkinligi barada nämeler diýip bilersiňiz?*

*4. 6-njy suratdaky çaga näme sebäpden beýle ýagdaýa düşüpdir?*

*5. 4- we 6-njy suratlardaky çagalary jezalandyrmagyň zerurdygyny esaslandyrmaga çalyşyň. Munda olary etmişleri üçin jezalandyrmazlyk nähili netijelere getirmegi mümkindiginden ugur alyň.*

*6. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we ulularyň jenaýat jogapkärlikleriniň arasynda tapawut bolmalymy ýa-da ýokmy? Pikiriňizi esasladyryp bermäge çalyşyň.*

Kanun bozma hereketleri dürli-dürli bolup, olar hukuk ugrunyň dürli pudaklary bilen yzarlanýar.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kanun bozmalary aýratynlygyna we alamatlaryna garap dört topara bölmek mümkin. Bular: jenaýat, administratiw, düzgün-nyzam we raýat kanun bozmalardyr. Ine şu kanun bozmalaryň içinde bir-birine görä meňzeşräk bolany jenaýat we administratiw kanun bozmalardyr. Olaryň hüjüm ediji obýektleri hem köp ýagdaýlarda birmeňzeş. Şol sanda, Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksiniň 2-nji maddasynda jenaýat kanuny bilen goralýan obýektler görkezilen bolup, şahsy, onuň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýet we döwlet bähbitlerini, emlägi, tebigy gurşawy, parahatçylygy, adamzat howpsuzlygyny jenaýat hüjüminden goramak nazarda tutulsa, Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksiň 10-njy maddasynda şahsa, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, eýeçiligine, döwlet we jemgyýetçilik tertibine, tebigy gurşawa hüjüm edýän kanuny aýply etmişler nazarda tutulýar.

Jenaýat jogapkärçiligi diňe Jenaýat kodeksinde gadagan edilen etmiş edilen ýagdaýynda ulanylýan jogapkärçiligiň iň agyr görnüşidir.

Özbegistan Respublikasynyň amaldaky Jenaýat kodeksiniň 16-njy maddasynyň birinji bölüminde jenaýat jogapkärçiligine jenaýat üçin jogapkärçilik jenaýat etmekde günäkär bolan şahsa görä sud tarapyndan hököm etmek, jeza ýa-da başga hukuk täsir çäresi ulanylmagynda aňladylýan jenaýat etmegiň hukuk netijesidir.

Jenaýat edilen wagtynda diňe kanunda bellenilen ýaşa ýeten şahslar jenaýatyň subýekti bolýarlar. Kanunda bellenilen ýaşa ýetmedik kiçi ýaşdakylar özleriniň ýaşy, ruhy we beden taýdan ösüşi taýdan öz etmişleri üçin entek doly jogap berip bilmeýärler, öz hereketlerini (ýa-da hereketsizlik) doly dolandyryp bilmeýärler.

On dört ýaşa dolmadyklar kiçi ýaşdakylar hasaplanyp, öz hereketleriniň sosial howplulygyny, jenaýatdygyny (jogapkärligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda bilgeşleýin adam öldürmekden daşary) entek doly aň ýetirip bilmeýär. On dört ýaşa dolanlar bolsa käbir etmişleriň jenaýatdygyny aňýar, öz hereketlerini doly dolandyryp bilýär. Şonuň üçin JK-niň 17-nji maddasynda on dört ýaşdan jenaýat subýekti bolmagy mümkin bolan jenaýatlaryň sanawy berlen.

Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksinde on sekiz ýaşa dolmazdan jenaýat eden şahslara jerime ahlak düzediş işleri, tussag, azatlykdan mahrum etmek ýaly esasy jezalaryň ulanylmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Kämillik ýaşyna ýetmediklere goşmaça jezalaryň bellenmegi mümkin däl.**

**Jenaýat kodeksinde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat etmegi jezanyň ýeňilleşdiriji ýagdaýy (55-nji madda), ýaş çaga şahsyna görä jenaýat etmek, jenaýaty agyrlaşdyryjy ýagdaý diýlip kesgitlenilýär.**

Indi her bir jeza çäresi hakynda aýratyn durup geçeliň:

**Jerime** – bu jenaýat eden adamdan döwletiň hasabyna pul öndürip almakdyr. Jerime diňe 16 ýaşy dolan kämillik ýaşyna ýetmediklere iň pes iş hakynyň iki essesinden ýigrimi essesine çenli mukdarda bellenilýär.

**Ahlak düzediş çäresi jezasy** – bu 16 ýaşy dolan, zähmete ukyply, kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyýeti mejbury ýagdaýda zähmet işine çekmekden ybaratdyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin bu çäre bir aýdan bir ýyla çenli bellenilýär.

**Tussag etmek** – bu jeza çäresi 16 ýaşy dolan, kämillik ýaşyna ýetmediklere bir aýdan üç aýa çenli möhletde bellenilýär.

**Mejbury jemagat işleri** — diňe zähmet çekmäge laýyk kämillik ýaşyna ýetmediklere görä 60 sagatdan 240 sagada çenli bolan möhletde belgilenýär.

**Azatlykdan mahrum etmek** – bu jeza çäresi kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda 6 aýdan 10 ýyla çenli möhletde bellenilýär.

Umuman, azatlykdan mahrum etmek çäresi 13 ýaşdan başlap ulanylýar. Şunda jezalandyrylýanyň jynsy hem göz öňünde tutulýar. 18 ýaşy dolmadyk erkeklere azatlykdan mahrum etmek jezasyny umumy ýa-da güýçlendirilen düzgünli terbiýe koloniýalarynda geçmek bellenilýär. Gyzlara görä bolsa, jezany umumy tertipli terbiýe koloniýalarynda geçmek bellenýär.

Sud kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza bellände olaryň ösüş derejesini, ýaşaýyş şertini we terbiýesini, saglyk ýagdaýyny, uly ýaşdakylaryň oňa täsirini hem hasaba alýar, eger günäkäriň öz hereketiniň netijesine doly aň ýetirip bilmeýänligi anyklansa, jeza mejbury çäre bilen çalşyrylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda ulularyň (18 ýaşdan ýokary) jogapkärçiligi hem artdyrylandyr. Hususan-da, ulular kämillik ýaşyna ýet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

medikleri dilegçilik etmäge, spirtli içgiler içmäge çekseler 3 ýyla çenli, neşe maddalaryny ulanmaga çekseler 3 ýyldan 5 ýyla çenli, jenaýat etmäge çekseler 5 ýyldan 10 ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Belli bir şahsy, aýratynam, kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy, jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin eden jenaýatyny subut edýän resminamalar ýeterli, esaslandyrylan, ýuridik taýdan ähmiýete eýe bolan bolmalydyr.

Jenaýat edýänçe on sekiz ýaşyna dolmadyk şahsyň jenaýaty baradaky işler boýunça aşakdakylar hem anyklanmalydyr:

1) günälenýäniň anyk ýaşy (doglan ýyly, aýy, güni);

2) onuň şahsyna mahsus aýratynlyklar we saglyk ýagdaýy;

3) onuň durmuş we terbiýeleniş şertleri;

4) uly ýaşly şaýatlar we başga gatnaşyjylaryň bar ýa-da ýoklugy.

Kämillik ýaşyna ýetmedigiň jenaýatlary baradaky işi ýöredilende kanuny wekiliň ýa-da hossarlyk we howandarlyk organynyň wekiliniň gatnaşmagy hökmandyr. Şunuň bilen birlikde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary baradaky işde goragçy hem gatnaşmalydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni, günälenýäni sorag etmäge giden umumy wagt, günüň dowamynda dynç alyş we iýmitlenmek üçin bir sagatlyk arakesmäni hasaba almanda, alty sagatdan geçmeli däl.

Sud kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary baradaky işler seredilýän wagt we ýer barada olaryň ata-enesini, ata-ene ornuny tutýan şahslary, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň okan ýa-da işlän kärhanany, edarany, guramany, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi bilen meşgullanýan komissiýany, zerur bo‘lsa, başga guramalary hem habardar edýär. Sud bu guramalaryň wekillerini, sudlanýanyň hossaryny ýa-da howandaryny sud mejlisine çagyrmaga haklydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedik günälenýäne görä ulanylýan ätiýaçylk çäreleri Jenaýat prosessual Kodeksiniň 236-njy maddasynda nazarda tutulan esaslar bolan ýagdaýda ätiýaçlyk çäresi hökmünde tussaga almak kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa görä diňe oňa bäş ýyldan artyk möhlete azatlykdan mahrum etmek bellenmegi mümkin bolan bilgeşleýin jenaýat edenlikde aýp yglan edilen hem-de günälenýäniň özüni mynasyp alyp barmagy başga ätiýaçlyk çäreleri üpjün edip bilmeýän ýagdaýynda ulanylmagy mümkin.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa günäleme yglan edilen wagtynda goragçy bilen bir hatarda kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň kanuny wekili hem gatnaşmagy mümkin.**

Kämillik ýaşyna ýetmedik günälenýäne görä ätiýaçlyk çäreleri ulanylandygy barada onuň kanuny wekiline, eger şeýle wekil bolmasa, başga garyndaşlaryna habar berilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahs ata-enesiniň, howandarlaryň, hossarlaryň girewine ýa-da, eger-de ol çagalar edarasynda terbiýelenýän bolsa, şu edaranyň ýolbaşçylarynyň girewine-de berilmegi mümkin.

## Döredijilikli iş

*Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň kanun bozmalary hakynda kiçi hekaýa ýazyň. Onda bir kanun bozmany mysal getiriň. Şol kanun bozma ýol beren şahsyýet 6 ýaşdan 14 ýaşa çenli, 14 ýaşdan 16 ýaşa çenli, 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli we 18 ýaşdan uly bolsa nähili jeza çäresiniň ulanylmagynyň mümkinligini anyklaň ( Bu meselede Raýat, Jenaýat we Administratiw jogapkärçiligi hakyndaky kodekslerden peýdalanyň).*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Jenaýat kanunçylygy näme?
2. Kämillik ýaşyna ýetmediklik näme?
3. Kämillik ýaşyna ýetmediklik düşünjesiniň jenaýat subýekti ýaşy düşünjesinden tapawudy näme?
4. Kämillik ýaşyna ýetmedikler näçe ýaşdan başlap jenaýat jogapkärligine çekilmegi mümkin?
5. Özbegistan Pespublikasiniň Jenaýat Kodeksiniň 17-nji maddasyndan peýdalanyp aşakdaky jedweli dolduryň.

| Jenaýat edilýänçe 13 ýaşa dolan şahslaryň jogapkärlikleri | Jenaýat edilýänçe 14 ýaşa dolan şahslaryň jogapkärlikleri | Jenaýat edilýänçe 18 ýaşa dolan şahslaryň jogapkärlikleri |
|---|---|---|
| | | |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 29- njy tema Maşgala kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary

13 ýaşly Ganijana babasyndan awtomaşyn miras galdy. Ganijan öweý ata-enesi bilen bile ýaşaýar. Ganijanyň atasy maşyny satyp, şertnamany resmileşdirmek maksady bilen olary tassyklatmak üçin döwlet edarasyna (notariusa) ýüz tutdy. Emma notarius şertnamany resmileşdirmedi.

Hünär öwredýän kolležiň okuwçysy Dilşatbek bahasy 80.000 som bolan DWD pleýerini kredite aldy. Dilşatbek 16 ýaşynda bolup, her aýda talyp hakynyalýardy. Onuň atasy Alym aga oglunyň alan harydy ýaramady. Ol ogly DWD pleýerine gyzygyp, okuwy ünsden düşürer diýip howatyrlanýardy. Şol sebäpli Alym aga oglunyň düzen bu şertnamasyndan habarsyzlygyny göz öňünde tutup, onuň hakyky däl diýlip ykrar edilmegini sorap suda ýüz tutdy.

Halymanyň hiç kimi ýok, ol garyndaşlarynyň terbiýesinde bolup, ata-enesinden miras galan öýi bar. Halyma 16 ýaşynda tümen häkimiýetiniň rugsady bilen durmuşa çykdy. Äriniň öýüne göçüp gelmegi bilen özüne miras galan şahsy emlägi bolan jaýyny satmagy karar etdi. Şu maksat bilen söwda-satyk işlerini resmileşdirmek üçin obanyň raýatlar ýygnagynyň başlygyna ýüz tutupdy. Başlyk Halymany doly kämillik ukybyna ýetmedik diýip hasaplamak bilen şertnamany resmileşdirmäge rugsat bermedi. Emma Halyma bu ýagdaýdan närazy bolup suda ýüz tutmakçy.

### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. Eger Ganyjanyň öweý atasy suda şikaýat etse, sud nähili karar çykarar?*

*2. Siziň pikiriňizçe Ganijanyň öweý atasynyň oňa miras bolup geçen jaýy satmaga hukugy barmy?*

*3. Siziň pikiriňizçe Halymanyň obanyň raýatlar ýygnagynyň başlygyndan öýkelemegi ýerliklimi?*

*4. Eger Halyma sude ýüz tutsa, onuň şikaýaty boýunça sudyň nähili karar çykarmagy nümkin?Halymanyň ata-enesi bar bolsa nähili ýagdaýyň ýüze çykmagy mümkin diýip oýlaýarsyňyz? Ýok bolsa nähili?*

*5. Dilşatbegiň eden işine hukuk bozma diýip bolarmy? Näme üçin?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



6. *Siziň pikiriňizçe Alym aganyň şikaýaty boýunça suduň nähili karara gelmegi mümkin? Siz Alym aganyň ýerine bolanyňyzda näme ederdiňiz?Dilşatbekiň ornunda bolanda näme ederdiňiz?*
7. *Ýokardaky meseleleri çözmek üçin siz nähili çemeleşen bolardyňyz?*
8. *Maşgalaňyzdaky zatlaryň haýsyna özbaşdak ygtyýar edip bilersiňiz?*
9. *Hut şahsy özüňize degişli zatlaryňyz barmy?*
10. *Özüňize degişli zatlary ýoldaşlaryňyz bilen çalyşmak üçin ata-eneňizden rugsat soraýarsyňyzmy? Näme üçin?*




“Ata-eneler öz perzentlerini kämillik ýaşyna ýetýänçe bakmaga we terbiýelemäge mejburdyrlar.

Döwlet we jemgyýet ýetim çagalary we ata-eneleriniň hossarlygyndan mahrum bolan çagalary bakmagy, terbiýelemegi we okatmagy üpjün edýär, çagalara bagyşlanan haýyrly işleri höweslendirýär”.

*64-nji madda.*

*1. Çagalar kemala gelýänçä olary ata-eneler tarapyndan eklemegiň we terbiýelemegiň hökmanylygynyň konstitusion hukuk derejesine göterilmeginiň sebäbi nämede diýip pikir edýärsiňiz? Bu ýagdaý biziň milli gymmatlyklarymysa laýyk gelýärmi?*

*2. Döwletiň eklençsiz we hossarsyz galan çagalara berýän ünsüni konstitusiýa arkaly hökmany şerte öwürmeginden jemgyýet näme peýda görýär? Şunda häzirki we geljekde görüljek peýdany aýratynlykda görkezjek boluň.*

Çaganyň bähbitlerine ters bolan ýagdaýlardan başga, her bir çaga maşgalada ýaşamak we terbiýelenmek, öz ata-enesimi tanamak, olaryň gamhorlygyndan peýdalanmak, olar bilen bile ýaşamak hukugyna eýedir.

Käbir sebäplere görä çaganyň ata-enesi bolmasa, onuň maşgalada terbiýe almak hukugy howandar organ tarapyndan üpjün edilýär.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kämillik ýaşyna ýetmedik çaga öz hukugyny we kanuny bähbitlerini goramak hukugyna eýedir. Çaganyň hukugy we kanuny bähbitleri onuň ata-enesi, ata-enesi ýok bolsa, olaryň ornuny tutujylar, hossarlyk edýän we hemaýatçylyk edýän edaralar, prokuratura, sud tarapyndan amala aşyrylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ömrüne ýa-da saglygyna howp abanýanlygyndan, onuň hukugynyň we kanuny bähbitleriniň bozulýanlygyndan habarly bolan adamlar bu hakda çaganyň şol wagt ýaşaýan ýerindäki howandarlyk organlara hökman habar bermelidirler. Şeýle maglumaty alandan soň hossarlyk edýän we hemaýatçylyk edýän organ çaganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça çäre görmelidirler. Ata-ene öz çagalarynyň kanuny wekilleri hasaplanýarlar hem-de islendik fiziki we ýuridik taraplar bilen bolýan gatnaşyklarda, şol sanda sudda aýratyn ygtyýarlyksyz olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goraýarlar.

Maşgalada kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň bähbitlerine degişli islendik mesele çözülende çaga öz pikirini aýtmaga, şeýle hem islendik sud ýa-da administratiw seljermesi wagtynda çykyp geplemäge haklydyr.

Islendik ata-ene öz perzentlerine özara ylalaşyp, ýa-da ýakyn garyndaş-doganlary bilen maslahatlaşyp, ata-enesiniň adyna görä, ýa-da özlerine ýaran adyny goýup bilerler. Adatça, çaganyň familiýasy ata-enäniň familiýasy boýunça kesgitlenýär. Eger ata-enäniň familiýalary dürli bolsa, olaryň ylalaşygyna görä çaga atasynyň ýa-da enesiniň familiýasynyň berilmegi mümkin. Ata-enäniň haýyşyna görä, çaga atasy ýa-da enesi tarapyndan milli däplere görä babasynyň ady boýunça familiýa berilmegi hem mümkin.




“Kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ýaramly perzentler öz ata-eneleri barada alada etmäge mejburdyrlar”.

*66-njy madda.*

*1. Konstitusiýanyň şu maddasy boýunça pikiriňizi aýdyň.*

*2. Şu maddanyň talaplarynyň biziň milli gymmatlyklarymyza, däp-dessurlarymyza nähili derejede laýyklygy hakynda öz pikiriňizi aýdyň.*

*3. Şu maddanyň talaplaryny 64-nji maddanyň talaplary bilen deňeşdiriň.*

On alty ýaşy dolýança, kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň familiýasynyň belli bir maksada görä ata-enesiniň bilelikdäki karary bilen üýtgedilmegi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



mümkin. Eger çaganyň on alty ýaşy dolan bolsa, onuň adyny ýa-da familiýasyny üýtgetmek diňe onuň özüniň razylygy bilen amala aşyrylýar.

Ata-ene dirikä çagalary olaryň emläginiň hasabyna mülkdar bolmak hukugyna eýe däldirler

Şonuň ýaly-da ata-ene hem kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň emlägine eýe bolmak hukugyna eýe däldirler. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň öz ata-enesinden ýa-da başga adamlardan kanunyň çäklerinde üpjünçilik (maddy kömek) almaga hukugy bardyr. Şonda çaga degişli islendik serişde, isle ol pensiýa bolsun, isle başga görnüşdäki kömek puly bolsun, onuň atasy ýa-da enesi tarapyndan onuň bilim-terbiýe almagy üçin sarp edilmeli bolýar.

Galyberse-de, ata-enäniň we çagalaryň aýry-aýrylykda emläkleriniň hem bolmagy mümkin. Bile ýaşaýan wagtlarynda olar bir-birleriniň razylygy bilen bu emläge eýelik etmekleri we peýdalanmaklary mümkin.

Diňe kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň kanunda bellenen tertipde peşgeş, miras hökmünde alan emlägi, şeýle hem şahsy zähmeti we telekeçilik işi netijesinde gazanan emlägi olaryň hususy emlägi hasaplanýar.

Hut şu usul bilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň şahsy peýdalanmagyndaky zatlary (geýim-gejim, dürli iş gurallary, okuw esbaplary we başgalar) olaryň hususy emlägi hasaplanýar.

Amerikaly bir dostumyň öýüne myhmançylyga bardym. Dostum bilen hal-ahwal soraşyp durkam onuň ogly okuwdan geldi.

- Ata men geldim. Salam – diýdi-de (iňlis dilinde), ýokarky gata çykyp gitdi. Azrak wagt geçenden soň haýsydyr bir rok toparyň sazy jaýyň içini ýaňlandyryp başlady. Men dostuma: – häzirjek kelläm agyrýar diýip şikaýat edýärdiň. Ogluňa aýt, goý sazyň sesini birneme peseltsin- diýdim. Dostum maňa: Ol oglumyň hukugy, men oňa peselt diýip bilmerin, ol dynç alýar – diýdi.

*1. Biziň milli gymmatlyklarymyzyň nykdaý nazaryndan bu maşgaladaky hukuk gatnaşyklaryna gowy baha berip bolarmy?*

*2. Çaga öz hukugyndan peýdalanmak bilen beýlekileriň nähili hukuklaryny bozdy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Düşündiriň!

Ata-ene kämillik ýaşyna ýetmedik perzentleriniň kanuny wekili hasaplanýar. Munuň sebäbi olaryň öz hukuklaryny we borçlaryny özbaşdak gorap bilmeýänligindedir.

Ata we ene çagalaryny maddy taýdan üpjün etmek, ruhy we ahlak taýdan sagdyn terbiýelemek, olary özbaşdak durmuşa taýýarlamak barasynda bir meňzeş borçlara eýedirler. Ata-enäniň hukugy çaganyň bähbidine hyzmat etmelidir. Çaga öz hukugyny we kanuny bähbitlerini goramak hukugyna eýedir.

## Döredijilikli iş

*Öz maşgalaňyzyň ýagdaýyny ýazmaça beýan ediň. Maşgalada kämillik ýaşyna ýetmedik agalaryňyzy, inileriňizi, uýalaryňyzy sanaň. Olary möhümlik derelesine görä teswirläň.*

*Özüňiziň maşgaladaky borçlaryňyzy hem ýazyň.*

*Siziň üçin maşgaladaky hukuklaryňyzyň goralmagy möhümmi ýa-da borçlaryňyzyň ýerine ýetirilmegi möhümmi? Bu meselä siz özüňiziň we maşgalaňyzyň nukdaý nazaryndan baha berjek boluň. Jogabyny ýazyň.*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1.Her bir çaganyň öz maşgalasynda nähili hukuklary bar?
2. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesi bolmasa, onuň hukuklary kim tarapyndan üpjün edilýär?
3. Maşgalada kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň bähbitlerine degişli mesele çözülende çaganyň nähili hukuklarynyň barlygyny aýdyň.
4. Çaga nähili we kim tarapyndan at dakylýar?
5. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň adyny we familiýasyny üýtgetmek üçin näçe ýaşy dolandan soň onuň razylygy soralýar?
6. Ata-ene kämillik ýaşyna ýetmedik çagasynyň ýa-da çaga ata-enesiniň emlägine eýelik etmäge haklymy?
7. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň we onuň ata-enesiniň emläkleri aýry- aýry bolsa, olar bir-birleriniň emläklerinden peýdalanyp bilerlermi?
8. Nähili zatlar kämillik ýaşyna ýetmedikleriň şahsy emlägi hasaplanýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## 30- njy tema Zähmet kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary







**Her bir şahs zähmet çekmek, erkin kär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goralmak hukugyga eýedir.**

*37-nji maddadan.*







**“On sekiz ýaşa dolmadyk şahslar zähmete degişli hukuk gatnaşyklarda uly ýaşdaky işgärler bilen deň hukukda bolýarlar, zähmeti goramak, iş wagty, dynç alyşlar we başga zähmet şertleri ugrunda olar üçin zähmet baradaky kanunlar we başga normatiw resminamalarda bellenilen goşmaça ýeňilliklerden peýdalanýarlar”.**

*240-njy maddadan.*







### Ugrukdyryjy soraglar we ýumuşlar

*1. 1. Ýokardaky suratlarda görkezilen çagalar nähili işler bilen meşgullanýarlar?*

*2. Konstitusiýada getirilen maddalar bilen tanyşan ýagdaýda, siziň ýaşytdaşyňyz ynha şu kärlerden haýsylarynda işle-*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*megi mümkinligi barada öz pikiriňizi bildiriň. Pikiriňizi esaslandyrmaga çalyşyň.*

3. *Eger-de ýaşytdaşlaryňyz şu kärlerden haýsydyr birini saýlap alyp işe girse, oňa nähili şertler döredip bermeli diýip pikir edýärsiňiz?*
4. *Çagalaryň ýaşlykdan zähmete çekilmegi jemgyýet üçin peýdalymy? Munuň gowy we ýaramaz taraplaryny aýdyp beriň.*
5. *Mekdepdäki okuwyňyza päsgel bermän ýagdaýynda işläp, özbaşdak pul gazanmagyňyz üçin mümkinçiligiňiz bar diýip hasaplaýarsyňyzmy?*
6. *Hak tölenýän işde işlemek üçin ata-enäniň razylygy hökman gerekmi?*
7. *Siziň pikiriňizçe siziň işläp tapan puluňyza kim eýelik etse gowy? Sizmi ýa-da ata-eneňiz? Näme üçin?*

Ýurdumyzyň Konstitusiýasynda her bir adam zähmet çekmäge, erkin hünär saýlap almak hukugyna eýe bolsa-da, Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksiniň 77-nji maddasyna görä, işe kabul etmäge on alty ýaşdan ýol berilýär. On bäş ýaşy dolan çagalar ata-enesinden biriniň ýa-da olaryň ýerini tutýan adamyň ýazmaça razylygy bilen, lukmançylyk gözegçiliginden geçirilip işe kabul edilýär.

Şonda-da bu iş olaryň saglygyna we ahlak edebine zyýan ýetirmeýän, okuwlaryna päsgel bermeýän, ýeňil bolmalydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleri zähmet işine çekmekden gözlenýän esasy maksat ýaşlary zähmete taýýarlamak we olary kär saýlamaklaryna itergi bolmalydygy üns merkezinde bolmaly.

**Zähmet kanunçylygyna görä iş wagty 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan çagalara hepdesine 36 sagatdan, 15 ýaşdan 16 ýaşa çenli bolan okuwçylar üçin hepdesine 24 sagatdan geçmeýän edip bellenilýär.**

Zähmete degişli hukuk gatnaşyklarynda bolsa on sekiz ýaşy dolmadyk çagalar uly ýaşlylar bilen deň hukuga eýedirler. Olar iş wagty, dynç



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



alyşlar we beýleki zähmet şertleri boýunça olar üçin zähmet hakyndaky kanunlarda we kadalaşdyryjy resminamalarda kesgitlenen goşmaçalardan we ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Olaryň bellenilenden artyk ýük götermeklerine we daşamaklaryna ýol berilmeýär.

Nedir ata-enesiniň, hossarlyk we hemaýatçy organyň razylygy bilen kiçi kärhana işe ýerleşdi. Az-kem wagt geçenden soň ol işden boşajaklygy hakynda kärhananyň ýolbaşçysyna duýduryp arza berdi. Kärhananyň ýolbaşçysy Nediriň arzasyny yzyna gaýtardy we ata-enesiniň arzasyny alyp gelmegini sorady.

*Muňa siziň garaýşyňyz nähili? Kärhananyň ýolbaşçysy dogry edipmi?*

Şeýle hem okuwdan boş wagtlarynda işleýän okuwçylaryň iş wagtynyň dowamlylygynyň on alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan çagalaryň iş wagtynyň iň köp dowamlylygynyň ýarysyndan köp bolmagy mümkin däl. Galyberse-de, çagalar gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere we dynç alyş günlerindäki işlere çekilmeli däldir.

Ondan başga-da, işi okuw bilen utgaşdyryp alyp barýan kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin iş berijiler zerur şertleri döretmelidirler.

Şol bir wagtyň özünde hem okap, hem işlemegi halaýan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin ýurdumyzyň zähmet kanunçylygynda birnäçe ýeňillikleriň berilýänligini aýtmak gerek. Olara goşmaça dynç alyş günleriniň berilmegini, gysgaldylan iş hepdesini we beýlekileri mysal getirmek bolar.

Eger umumy bilim berýän mekdeplerde okaýan çagalar hepdede alty gün işleseler, olara okuw ýylynyň dowamynda azyndan otuz alty iş güni möçberinde dynç alyş berilmelidir.

Iş bolman boş gezilen wagt üçin okuwçylara iş ýerinde alýan ortaça iş hakynyň azyndan elli göteriminden az bolmadyk mukdarda hak tölenilýär.

Okuwçylar üçin iş haky saklanan ýagdaýda kesp-hünär kolležlerinde döwlet synaglaryny tabşyran mahalynda ýigrimi iş gününden kem bolmadyk dynç alyş berilýär.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ussahanahyň ýolbaşçylygy on bäş ýarym ýaşly ýetginjegi gaz bilen kebşirleýjiniň şägirtligine özbaşdak işe kabul edipdir. Lukmançylyk gözegçiliginde lukman (haýsy ugurdanlygyny görkezmändir) bu ýetginjegiň önümçilik praktikasyny geçmegi mümkin diýen güwänama berýär. Onuň üçin alty sagatlyk iş güni bellenýär (ýörite goşmaça tölegsiz). Birnäçe wagt geçenden soň prokuroryň kömekçisi zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik tertibinde barlag geçirip, tümen prokuraturasynyň üsti bilen ussahananyň müdirine ýazmaça kesgitnama goýberýär we onda ýetginjegi başga işe geçirmegi hem-de ýetginjekleriň zähmetini goramak boýunça kanunçylygyň bozulýan halatlarynyň soňuna çykylmagyny talap edýär.

*1. Prokuroryň talaby esaslymy?*

*2. Ussahananyň ýolbaşçylygy tarapyndan zähmet hakdaky kanunçylygyň nähili bozulan halatlary ýüze çykarylypdyr?*

*3. Şuňa meňzeş ýagdaýlarda biziň kanunçylygymyzda sud tarapyndan hukuk jogapkärçiliginiň haýsy görnüşi göz öňünde tutulypdyr?*

Mekdebiň synpdan synpa geçiş synaglaryny tabşyrýan wagtynda ortaça iş hakyny saklamak bilen dört günden alty güne çenli işden boşadylmagy mümkin.

Özbegistan Respublikasy kämillik ýaşyna ýetmedikleri zähmete çekmegi tertibe salmak we çaga zähmetinden peýdalanmagy çäklendirmek boýunça ençeme halkara hukuk resminamalaryna goşulan. Özbegistan Respublikasy, şol sanda, 2008-nji ýylyň 4-nji aprelindäki ÖRK – 140- sanly Kanun bilen “Işe kabul etmek üçin iň kiçi ýaş barada”ky Konwensiýany (Ženewa, 1973-nji ýyl, 26-njy iýun), 2008-nji ýylyň 8-nji aprelindäki ÖRK – 144-sanly Kanuny bilen bolsa, “Çaga zähmetiniň agyr şekillerini gadagan etmek we ýok etmäge degişli howlukmaç çäreler barada”ky Konwensiýany (Ženewa, 1999-njy ýyl, 17-nji iýun) ratifikasiýa etdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



***Pähimler hazynasyndan!***

Altyn we kümüşi bolmadyk adam garyp däl, belki aňy-huşy we kär-hünäri bolmadyk adam garypdyr. (*Majididdin Hawofy*)

## Düşündiriň!

Islendik zähmet adamdan şahsy erk-gaýraty talap edýär we adam tarapyndan şahsan amala aşyrylýar, şu sebäpli-de islendik zähmete ýaramly şahs bir wagtyň özünde hukuk ukybyna we aragatnaşyk ukybyna eýe bolmagy mümkin.

## Döredijilikli iş

*Siz kärhana ýolbaşçysy, diýip çak ediň. Size 14 ýaşly we 16 ýaşly iki çaga işe ýerleşmek üçin ýüzlendi.*

*Siziň hereketleriňiz nähili bolmaly? Siz olara nähili işleri hödürläp bilersiňiz? Olara nähili şertler döredip beren bolardyňyz? Olara nähili ýeňillikler beren bolardyňyz? Eger olar işden boşamak boýunça arza berseler, nähili resminamalary talap eden bolardyňyz?*

## Berkitmek we gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ýurdumyz kanunçylygyna esasan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary näçe ýaşdan işe almak mümkin?
2. On bäş ýaşa dolan çagalar işe nähili ýerleşýärler?
3. Çagalaryň nähili şertlerde zähmet çekmeklerine ýol berilmeýär?
4. Zähmet kanunçylygyna esasan 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan çagalara iş wagty hepdesine näçe sagat, 15-den 16 ýaşa çenli çagalara näçe sagat edip bellenýär?
5. Hem okap, hem zähmet çekýän kämillik ýaşyna ýetmediklere kanunçylygymyzda nähili ýeňillikler nazarda tutulan?
6. Bu ýeňillikler nähili bellenmelidigini düşündiriň.
7. Özbegistan Respublikasy kämillik ýaşyna ýetmedikleri zähmete çekmegi tertibe salmak we çaga zähmetinden peýdalanmagy çäklendirmek boýunça nähili halkara hukuk resminamalaryny ratifikasiýa etdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Bap boýunça umumy gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar.

1. Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygy kämillik ýaşyna ýetmediklere görä nähili prinsipe esasan çemeleşýär?
2. Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi adamyň doly ukyplylyga ýetmegini näçe ýaşdan kesgitläpdir?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri ýaş taýdan aragatnaşyga ukyplylygy anyklananda nämelere üns berlen?
4. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik çaga we onuň ata-enesi aýry-aýry emläklere eýelik etseler, olar bir-birleriniň emläklerinden peýdalanyp bilerlermi?
5. Nähili zatlar kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hususy emlägi hasaplanýar?
6. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň nähili şertlerde zähmet çekmäge ýol berilmeýär?
7. Zähmet kanunçylygyna esasan 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan çagalara iş wagty hepdesine näçe sagat, 14-den 16 ýaşa çenli çagalara näçe sagat edip bellenen?

**Adalgalara laýyk kesgitlemeleri bellik ediň.**

***1. Kämillik ýaşyna ýetmediklere***
***2. Ýetginjekler we zähmete ukyply çagalar***
***3. Raýatlyk hukugy ugry***
***4. Tussag jezasy***
***5. Jerime***
***6. Ahlak düzediş işleri,***
***7. Azatlykdan mahrum etmek***
***8. Kämillik ýaşyna ýetmediklere görä***

***a)*** *aşakdaky esasy jezalar ulanylmagy mümkin: jerime, ahlak düzediş işleri, tussag, azatlykdan mahrum etmek.*

***b)*** *fiziki we ýuridik şahslar emläge degişli we degişli bolmadyk gatnaşyklary we haryt-pul gatnaşyklaryny tertibe salýan hukuk normalary özünde jemlän ugur.*

***ç)*** *bu 16 ýaşa dolan, zähmete ýaramly kämillik ýaşyna ýetmedikleri zähmete mejburlap çekmekdir.*

***d)*** *16 ýaşa dolan, kämillik ýaşyna ýetmediklere bir aýdan üç aýa çenli möhlete bellenýär.*

***e)*** *goşmaça jezalar we ölüm jezasy bellenmegi mümkin däl.*

***ä)*** *öz ata-eneleri barada gamhorlyk etmäge mejburdyrlar.*

***f)*** *bu jenaýat eden adamdan döwletiň hasabyna pul almakdyr.*

***g)*** *jeza görnüşi kämillik ýaşyna ýetmediklere görä 6 aýdan 10 ýyla çenli möhlete bellenýär.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Bap boýunça test nusgalary

1. **14 ýaşa dolan kämillik ýaşyna ýetmedikler aşakdaky haýsy jenaýatlaryň subýekti bolmagy mümkin?**
   1. Öz gulluk wezipesini öz peýdasyna ulanmak;
   2. Adam ogurlamak;
   3. Buýruk ýa-da başga görkezmeleri ýerine ýetirmek;
   4. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden gaçmak;
   5. Transpot serişdesini alyp gaçmak.

   a) 1, 2, 3, 4, 5; b) 1, 3, 4, 5; ç) 3, 4, 5; d) 2, 4, 5.

2. **Emansipasiýa nämäni aňladýar?**
   a) Latynçadan alnan bolup, deň hukuklylygy gazanmak, tabynlykdan gutulmak diýen manyny aňladýar;
   b) Bu jogapkärçiligiň bir görnüşi bolup 16 ýaşa dolan şahslar çekilýär;
   ç) Latynçadan terjime edilende “goragçy”, “aklawçy” diýen manyny aňladýar;
   d) Fransuzçadan terjime edilende “garalawçy” diýen manyny aňladýar.

3. **Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslar nähili ýagdaýlarda doly aragatnaşyk ukybyna eýe bolýarlar?**
   1) Suduň karary bilen emansipasiýa edilensoň;
   2) Kämillik ýaşyna ýetmedikler doly aragatnaşyk ukybyna eýe bolmaýarlar;
   3) 18 ýaşa dolmazdan kanuny nikalaşan raýat, nikalaşan wagtdan başlap doly aragatnaşyk ukybyna eýe bolýar;
   4) Kämillik ýaşyna ýetmedik şahslar käbir gurama bilen zähmet şertnamasyny düzenlerinden soň.

   a) 1, 2; b) 1, 2, 3; ç) 1, 3; d) 1, 4.

4. **Zähmet depderçesine işe birinji gezek girende iş başlanandan näçe gün gijikdirmezden doldurylmaly?**
   a) 1 gün; b) 3 gün; ç) 5 gün; d) 7 gün.

5. **Aşakdakylardan kimlere synag möhletini bermek mümkin däl?**
   1) Göwreli aýallara;
   2) Çagasy 3 ýaşyna çenli bolan aýallara;
   3) Alternatiw gullugy geçýänlere;
   4) Köp çagaly aýallara;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5) Administrasiýanyň başlangyjy bilen başga işe geçirilen işgärlere;
6) 6 aýlyk möhlete zähmet şertnamasyny düzen işgärlere.
a) 1, 2, 3, 4, 6; b) 1, 2, 3, 5, 6;
ç) 1, 2, 3, 4, 5, 6; d) 1, 2, 4, 5, 6.

**6. Işe ýerleşende administrasiýa nähili resminamalar tabşyrylmaly?**
1) 12 ýaşdan 14 ýaşa çenli: ata-enesinden biriniň ýa-da olaryň ornuny tutýanlaryň ýazuw üsti razylygy, okaýan ýerinden maglumatnama, saglygy barada şahadatnama, harby bilet ýa-da harby hasapda duranlygy baradaky şahadatnama;
2) 16-18 ýaşa çenli: ata-enesinden biriniň ýa-da olaryň ornuny tutýanlaryň ýazuw üsti razylygy, okaýan ýerinden maglumatnama, saglygy barada maglumatnama, pasport ýa-da dogulyş hakynda şahadatnama, ýaşaýan ýerinden maglumatnama;
3) 18 ýaşdan: pasport, zähmet depderçesi ýa-da soňky wagtlarda näme bilen meşgullananlygy barada ýaşaýan ýerinden maglumatnama;
4) 15 ýaşa çenli: ata-enesinden biriniň ýa-da olaryň ornuny tutýanlaryň ýazuw üsti razylygy, okaýan ýerinden we saglygy barada maglumatnama, dogulyş hakynda şahadatnama.
a) 1, 2, 3, 4; b) 2, 3, 4; ç) 1, 3, 4; d) 1, 2, 4.

**7. 18 ýaşa dolmadyk şahslara näçe kalendar günlük ýyllyk uzaldylan dynç alyş berilýär?**
a) 10 kalendar günlük; b) 15 kalendar günlük;
ç) 20 kalendar günlük; d) 30 kalendar günlük.

**8. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahs işe ýerleşdi. Bir aý geçmänkä işden boşamak barada direktora arza berdi.**
a) Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 37-nji maddasyna görä mejbury zähmet gadagan edilýär, gurama ýolbaşçysy kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň arzasyna gol çekmeli;
b) kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan şahslaryň razylygy bolmagy talap edilýär;
ç) ýerlerdäki hossarlyk we howandarlyk komitetleri bilen ylalaşylmaly;
d) Zähmet kanunçylygyna görä direktor kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy işden boşatmagy üçin ata-enesiniň ýa-da olaryň orunlaryny tutýanlaryň razylyklaryny almaly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**9. Aşakdakylardan administratiw jogapkärligiň görnüşini görkeziň.**

a) Jerime, belli bir hukukdan mahrum etmek, hakyny tölemek şerti bilen zadyny alyp goýmak;
b) Jerime, belli bir hukukdan mahrum etmek, ahlak düzediş işleri, gulluk wezipesini çäklendirmek;
d) Duýduryş bermek;
e) Jerime, azatlykdan mahrum etmek.

**10. "Aw etmek hukugyndan mahrum etmek" haýsy jogapkärlik görnüşine girýär?**

a) Administratiw; b) Düzgün-nyzam;
ç) Jenaýat-tertip; d) Raýat.

**11. Eger 14 ýaşly kämillik ýaşyna ýetmedik şahs işe ýük daşaýjy bolup kabul edilen bolsa, ol bir wagtyň özünde näçe agyrlykdaky ýüki götermegi mümkin?**

a) 10 kg; b) 5 kg; ç) 4,1 kg; d) 7 kg.

**12. Administratiw saklap durmak näçe sagada çenli bolmagy mümkin?**

a) köpi bilen 1 sagat; b) köpi bilen 3 sagat;
ç) köpi bilen 24 sagat; d) köpi bilen 3 sutka.

**13. Eger 16 ýaşly ýa-da 18 ýaşa dolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedik şahs gaty agyr jenaýat etse, onda näçe ýyla azatlykdan mahrum etmek mümkin?**

a) 12 ýyl; b) 15 ýyl;
ç) 10 ýyl; d) Ömürlik azatlykdan mahrum etmek.

**14. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda ähli raýatlaryň zähmet çekmäge mejburdyklary ýazylan maddany görkeziň.**

a) 6-njy madda; b) 37-nji madda;
d) 41-nji madda; e) beýle madda ýok.

**15. Kanuna garşy sosial hereket ýa-da hereketsizlik nähili atlandyrylýar?**

a) Jenaýat; b) Administratiw hereket;
ç) Düzgün hereketi; d) Raýat hereketi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLERIŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

- 14 ýaşy dolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedikleriň (kiçi ýaşdaky çagalaryň) ýa-da hossarlykda bolýan raýatlaryň kanuny wekilleriniň – ata-eneleriniň, perzentlige alanlaryň ýa-da hossarlarynyň ýaşaýan jaýy kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýa-da hossarlykda bolýan raýatlaryň ýaşaýyş jaýy hasaplanýar.
- Raýatlaryň öz hereketleri bilen raýatlyk hukugyna eýe bolmagy we olary amala aşyrmagy, öz raýatlyk borçlaryny ýüze çykarmagy we olary ýerine ýetirmek ukyby (kämillik ukyby) ol kemala gelenden soň, ýagny 18 ýaşy dolandan soň doly ýüze çykýar.
- 18 ýaşy dolmazdan nika bozulsa hem aragatnaşyk ukyby doly saklanyp galýar. Emma nlka hakyky däl diýlip tapylsa, sud kämillik ýaşyna ýetmedik äriň (aýalyň) suduň kesgitlän wagtyndan başlap aragatnaşyk ukybyny ýitirenligi hakynda karar kabul etmegi mümkin.
- 18 ýaşa dolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedikler ylalaşyklary öz ata-eneleriniň, perzentlige alanlaryň ýa-da hossarlarynyň razylygy bilen baglaşanlarynda hakyky diýlip hasaplanylýar.
- 14-den 18 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler ata-eneleriniň, perzentlige alanlaryň ýa-da hossarlarynyň razylygy bolmasa-da, aşakdaky işleri özbaşdak edip bilerler:
  – öz iş hakyna, talyp hakyna we beýleki girdejilerine eýelik edip;
  – ylym, edebiýat ýa-da sungat eseriniň, oýlap tapyşlaryň ýa-da öz intellektual işiniň kanun bilen goralýan awtorlyk hukugyny amala aşyryp;
  – kanuna laýyklykda kredit edaralaryna goýum goýup we olary talap edip;
  – maýda gündelik ylalaşyklary, mugt peýdalanmaga gönükdirilen, notarial tassyklanmagy ýa-da döwlet tarapyndan bellige alynmagy talap edilmeýän ylalaşyklary, kanuny wekil ýa-da onuň razylygy bilen üçünji şahs tarapyndan haýsydyr bir maksat ýa-da erkin eýelik etmek üçin berlen serişdelere eýelik etmek boýunça ylalaşyklar.
- 14-den 18 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler ýokardakylara laýyklykda öz düzen ylalaşyklary boýunça özbaşdak ýagdaýda emläk taýdan jogapkär bolýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



- Sud ata-eneleriň, perzentlige alanlaryň ýa-da olaryň hossarlarynyň haýyşlary esasly bolanda, olaryň haýyşyna laýyklykda ýaşy 14-den 18-e çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň öz iş  hakyna, talyp hakyna ýa-da beýleki girdejilerine özbaşdak ýagdaýda eýelik etmek hukugyny çäklendirmegi ýa-da mahrum etmegi mümkin.
- 16 ýaşy dolan kämillik ýaşyna ýetmedik şahs zähmet şertnamasy boýunça işleýän bolsa ýa-da  ata-enesiniň, perzentlige alanlaryň ýa-da hossarlarynyň razylygy bilen telekeçlik işi bilen meşgullanýan bolsa, ol doly aragatnaşyk ukyply diýlip hasaplanyp bilner.
- Kämillik ýaşyna ýetmedik ýetginjegiň doly aragatnaşyk ukyply diýlip yglan edilmegi – emansipasiýa – suduň karary bilen amala aşyrylýar. Bular ýaly kämillik ýaşyna ýetmedik şahsyň borçnamalary boýunça, hususan-da onuň ýetiren zyýanynyň netijesinde gelip çykýan borçnamalar boýunça ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutujylar däl-de, eýsem onuň özi doly jogapkär bolýar.
- Çaganyň bähbitlerine garşy gelýän ýagdaýlardan daşary, her bir çaga maşgalada ýaşamak we terbiýe almak, öz ata-enesini tanamak, olaryň gamhorlygyndan peýdalanmak, olar bilen bile ýaşamak hukugyna eýedir.
- Çaga öz hukugyny we kanuny bähbitlerini goramak hukugyna eýedir. Çaganyň hukugy we kanuny bähbitleri onuň ata-enesi, ata-enesi ýok bolsa, olaryň ornuny tutujylar, hossarlyk we hemaýat edýän edaralar, prokuror, sud tarapyndan amala aşyrylýar.
- Maşgalada çaganyň bähbitlerine degişli islendik mesele çözülende çaga öz pikirini aýtmaga, şeýle hem, islendik sud seljermesi ýa-da administratiw ara alyp maslahatlaşylanda çykyp geplemäge haklydyr.
- Çaga at ata-enesiniň ylalaşmagy boýunça atasynyň adyna görä berilýär. Familiýasy ata-enesiniň famailiýsyna garap kesgitlenýär. Ata-ene dürli familiýalarda bolsa olaryň ylalaşmagyna görä çaga atasynyň ýa-da enesiniň familiýasy berilýär. Ata-enäniň islegine görä, çaga atasynyň ýa-da ene tarapyndan milli däplere görä babasynyň ady boýunça familiýa berilmegi hem mümkin.
- Çaganyň ady we familiýasy ata-enäniň bilelikdäki arzasyna görä çaga 16 ýaşyna dolýança çaganyň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen (atasynyň ýa-da enesiniň familiýasyna) üýtgedilip bilner. 16 ýaşy dolan çaganyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

adyny ýa-da familiýasyny üýtgetmeklik diňe onuň öz razylygy bilen amala aşyrylýar.

- Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň kanunda bellenilen tertipde peşgeş, miras hökmünde alan emlägi, şeýle hem şahsy zähmeti we telekeçilik işi netijesinde gazanan zatlary olaryň hususy emlägi hasaplanýar.
- Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň şahsy peýdalanýan zatlary ( geýim-gejim, önümçlik gurallary, okuw esbaplary we beýlekiler) olaryň hususy emlägi hasaplanýar.
- 18 ýaşy dolmadyk şahslar zähmete degişli hukuk gatnaşyklarynda uly ýaşly işgärler bilen deň hukukdan peýdalanýarlar.
- 16 -dan 18 ýaşa çenli bolan işgärlere hepdede 36 sagat iş güni bellenilýär.
- 15-16 ýaşa çenli bolan (tomusky dynç alyş döwründe işleýän 14 ýaşdan 16 ýaşa çenli bolan okuwçylar üçin) şahslar üçin hepdede ýigrimi dört sagatdan geçmeýän iş güni bellenlilýär.
- Administratiw jogapkärçilige administratiw kanun bozma ýol berlen pursadynda 16 ýaşy dolan şahslar çekilýärler.
- Jenaýat edilen wagta çenli 13 ýaşy dolan şahslar jogapkärçiligi agyr-laşdyrýan ýagdaýlarda bilkastlaýyn adam öldürendikleri (JK-nyň 97-nji maddasynyň 2 -nji bölegi) üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.
- Jenaýat eden pursadyna çenli 14 ýaşy dolan şahslar aşakdaky jenaýatlar üçin jogapkärçilige çekilýärler:

– bilkastlaýyn adam öldürendikleri;
– bilkastlaýyn bedene agyr şikest ýetirendikleri;
– namysa degilmegi;
– zorluk bilen adaty bolmadyk ýagdaýda islegiň kanagatlandyrylmagy;
– adam ogurlanlygy;
– talaňçylyk, kezzapçylyk;
– emlägi bilkastdan zaýalamak ýa-da oňa düzedip bolmajak derejede zyýan ýetirilmegi;
– azatlykdan mahrum ediş jaýlaryndan gaçylmagy;
– ok atýan ýaraglaryň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň, radioaktiw materiallaryň bikanun eýelenilmegi;
– demir ýol, deňiz, derýa, howa ulaglaryny ýa-da aragatnaşyk serişdelerini bozup, ýaramsyz ýagdaýa getirilmegi;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



– ulag serişdesiniň alyp gaçylmagy;
– neşekeşlik ýa-da psihotrop maddalaryň bikanun eýelenilmegi;
– günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda huligançylyk edilmegi.

## „ÖZBEGISTANYŇ DÖWLET WE HUKUK ESASLARY “NDAN MESELELER

**1.** Mekdebi radio hünärini hem ele almak bilen tamamlan okuwçy: "Zawoda işe girmezden ozal zawod oňa näçe sagat iş wagtyny bellemeli" diýlen sowaly çözmek üçin Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna ýüzlendi, emma Konstitusiýadan soragyna jogap tapmady. Ýaş işçiniň haýsy kanundan jogap tapmagy mümkin? Konstitusiýa näme üçin esasy kanun diýilýär?

**2.** Özbegistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda jemgyýetiň we döwletiň durmuşynyň iň möhüm meseleleri halkyň ara alyp maslahatlaşmagyna hödürlenýär, umumy sese (referendum) goýulýar diýlip görkezilýär.

Haýsy meseleler umumyhalk sese goýulmagy bilen çözülýär?

**3.** Özbegistan Respublikasynyň ýygyndy komandasynyň agzasy N. ýaňy 18 ýaşy dolup, durmuşynda ilkinji gezek saýlawa gatnaşmalydy. Emma ýaryşa gatnaşmak üçin başga şähere gidenligi sebäpli ol saýlawa gatnaşyp bilmeýärin diýip gynandy.

Şeýlelikde, N. saýlawa gatnaşarmy? Eger gatnaşsa, nähili görnüşde öz hukugyny amala aşyrar?

**4.** Respublikamyzyň Konstitusiýasy we "Emläk hakyndaky" kanun raýatlaryň hususy emläge eýeçiligini aňladýar, ýaşaýyş jaýlary hem hususylaşdyryldy. Bu kanundan peýdalanyp, raýat M. jaýynyň otaglaryny öz islegine görä üýtgedip başlady, käbir diwarlary alyp taşlady, iki otagy birleşdirip, uly bir otag etdi, aşhanany balkona göçürdi. Ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat ediş bölüminiň işgärleri M.- e duýduryş berip, ähli otaglary ozalky ýagdaýa getirmegi buýurdy. Bu jaýda başgalaryň hem ýasaýandygyny oňa aýtdylar.

Aýdyň, bu ýerde kim mamla?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.** M. atly raýat, Ýekesaraý tümen prokuraturasyna goňşusy S.-iň öz şärigi bilen bilelikde jenaýat etmäge taýýarlyk görýändigini mälim etdi. Prokuror sülçä S.-i tussag etmegi buýurdy.

Aýdyň, prokuror dogry buýruk beripmi?

Sülçi Konstitusiyanyň haýsy maddasyna garşy hereket etdi?

**6.** O. atly raýat işden öýüne gaýdyp gelende käbir zatlarynyň ogurlanandygyny gördi. Ogrynyň şu mähellede ýaşaýan M. diýen adamdygyna ynanyp, onuň gapysyny döwüp, öýündäki zatlaryny alyp gitdi. .

Aýdyň, O. Konstitusiýanyň haýsy maddasyna garşy hereket etdi? Ol nähili iş etse kanuny bolardy?

**7.** Kolležiň 15 ýaşly talyplaryny kursdaşlary Şöhrat we Agzam doglan günlerine çagyrypdylar. Stoluň üstünde bir çüýşe spirtli içginiň peýda bolanyny gören Batyr “Näme üçin spirtli içgi goýduňyz, bize içmek mümkin däl. Onuň üçin jerime salarlar,” diýdi.

– Goýsaňyzlaň, eger biz köçede, jemgyýetçilik ýerlerinde içsek jerime salýarlar, biz bolsa öz öýümizde ahyryn – diýip, Bahadyr aýtdy. Onda Bahram:

– Ikiňizem nädogry aýdýarsyňyz. Bize spirtli içgi içmek bolanok. Nirede içsegem barybir ata-enelerimize jerime salarlar- diýdi.

Bu ýerde kim mamla, aýdyň?

**8.** Alyşir aw tüpeňini alyp tokaýa gitdi. Tokaýyň golaýynda ol iki sany gazy atyp öldürdi. Şol wagt düzgün bozujyny tokaý sakçysy tutup, degişli organa tabşyrdy.

Tokaý gözegçilik inspeksiýasy Alyşire tokaý hojalygynda aw awlamagyň kadalaryny bozanlygy üçin aşakdaky çäreleriň birini ulanmaly:

10 müň som jerime, tüpeňini we atylan gazlary alyp galmak.

Alyşire haýsy görnüşdäki çäre görüler?

**9.** Mekdep okuwçylarynyň bir topary tebigaty goramak işi bilen meşgullanýardylar. Mekdebiň golaýyndaky suwda zyýanly zatlaryň akyp barýandygyny görüp, balyk gözegçilik inspeksiýasyna habar etdiler.

Agyr netijeleriň öňüni almak boýunça çäreleriň çalt görülendigini



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



göz öňünde tutup, kärhananyň zyýanly maddalary suwa taşlan wezipeli adamlaryna edara ediş çäresini görmek bilen çäklenildi.

Aşakdaky administratiw çäräniň haýsyny şu mysalda ulanmak bolar? Eger käbir raýatlar tarapyndan şeýle düzgün bozulmasyna ýol berilse nähili çäreler görüler?

Eger balyklar köp mukdarda heläk bolan bolsa, kärhananyň ýolbaşçylaryna nähili çäreler görülerdi?

A) jerime;

B) düzediş işleri;

Ç) elinden almak.

**10.** A. diýen gullukçy işden boşamak hakynda "öz razylygy bilen" diýip arza ýazdy. Birnäçe wagt geçenden soň direktor ony çagyryp, arzany gaýtadan ýazmagy we işden boşaýanlygynyň sebäbini görkezmegi talap etdi. A. razylyk bermedi.

Şu ýagdaýda kim mamla?

**11.** T. atly sürüji öz wezipesine sowuk-sala seredenligi üçin gymmatbaha enjamyň hatardan çykmagyna sebäpkär boldy. Kärhananyň ýolbaşçysy oňa käýinç bermek bilen bir hatarda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, jerime töletmek çärelerini gördi. T. razy bolmady.

Kärhananyň ýolbaşçysynyň hereketi kanunymy?

**12.** Iş wagtynyň tamamlanmagyna bir sagat galanda 17 ýaşly N. işden gaýtmak üçin gapynyň öňüne gelende bölüm başlygy "Heniz ir dälmi?" diýip sorady.

Bölüm başlygynyň Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksiniň haýsy maddasyny bilmegi hökman?

**13.** 16 ýaşly işgär S. 6 aý işländen soň zähmet rugsadynyň berilmegini sorap kärhananyň ýolbaşçysyna ýüz tutdy. Ýolbaşçy heniz 6 aýyň dolmanlygyny hasaba alyp rugsat bermedi.

Ýolbaşçynyň hereketi zähmet kanunçylygyna ters gelýärmi ýa-da ýokmy?

**14.**Zähmet kodeksinde aşakda görkezilen gullukçylara haýsy



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

görnüşdäki iş wagty ulanylýar ( gusgaldylan, doly däl iş wagty):

A) näsaglap ýatan enesine sereden işgäre;

B) 16 ýaşly işgäre;

Ç) ýaş çagaly işgäre;

D) zyýanly işde işleýän  işgäre;

E) önümçilikden aýrylman okaýan işgäre.

**15.** Sehiň müdiri 16 ýaşly işçä işden daşary işlemek üçin buýruk berip, iki hepde işlemegini sorady. Emma işçi razylyk bermedi. Sehiň müdiri oňa käýinç yglan etdi.

A) Şu ýagdaýda seh müdiriniň hereketi kanunymy?

B) Eger kanuny bolmasa işçi nirä ýüz tutmaly?

**16.** F. atly raýat birnäçe gün öz öýüniň aýnasyndan iki sany ýetginjegiň goňşusynyň maşynynyň töwereginde ýörenini gördi. Günleriň birinde goňşusynyň maşynynyň iki tigriniň ogurlananyny eşitdi. Goňşusynyň „Kim ogurlady-ka?“ — diýen soragyna F.: „Kim ogurlasyn, anha, şol iki ýetginjek ogurlady”- diýip jogap berdi.

F. mamlamy?  Eger ol şübhelenen bolsa kime ýüz tutmalydy?

**17.** Şöwkediň atasy yzygiderli ýagdaýda arak içip başlady. Günleriň birinde ol 8-nji synpda okaýan ogluna mejbur edip arak guýup berdi. Şöwket gözi garaňkyrap, ýüregi bulaşyp, çydaman köçä gaçyp gitdi. Ony gören milisiýa işgäri iş ýörediş ýazgylarynda düzgün bozulanlygyny görkezdi. Ertesi irden Şöwkediň atasyny milisiýa çagyryp, çäre görüljekdigini aýtdy.

Şöwkediň atasynyň garşysyna nähili jeza çäresi ulanylar?

Bu ýerde nähili düzgün bozulmasy boldy?

**18.** Mamasy başga ýurda göçüp gidenligi sebäpli 12 ýaşly agtygyna ýaşaýyş jaýyny sowgat berdi. Agtygy bu jaýy bir zada çalyşmakçy. Onuň çalyşmaga hukugy barmy? Raýatlyk kanuny bu hukuk gatnaşygyny kanuny diýip hasaplaýarmy?

A) hawa, hakly, çünki ol emlägiň  eýesi;

B) ýok, heniz onuň  18 ýaşy dolmandyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# KÄBIR ÝURIDIK ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜGI

**ADWOKAT** — (lat.) günälenýäniň aklawçysy, sud seljermesinde ol ýa-da beýleki şahsyň işini alyp baryjy, hukuk meseleleri boýunça maslahatlar beriji ýurist.

**AGTARYŞ** — derňew, sorag etmek arkaly we içeri işler organlary tarapyndan gaçyp ýören günäkäri, jeza çekmekden gaçan tussagy, dereksiz ýiten şahsyýeti tapmaga gönükdirilen çäreleriň jemi.

**ALIMENT** — zähmete ýarawsyz bolup, özbaşdak güzeran görýän maşgala agzalaryna ýakyn adamlar tarapyndan tölenilip durulýan kömek puly.

**AMNISTIÝA** — sud seljermesinde bolanlaryň bir böleginiň kanun esasynda doly ýa-da bölekleýin azatlyga çykarylmagy.

**APELLÝASIÝA** — şikaýat etmek, närazylyk bildirmek.

**ARAÇY** — taraplaryň arasyndaky düşünişmezlikleri sudsyz ýola goýujy, ylalaşdyryjy, bitarap aralykçy.

**AUDITOR** — telekeçilik banklarynyň işini barlamak üçin ygtyýarlyk.

**BUÝRUK** — döwlet dolandyrylyşynda ulanylýan resminamalaryň bir görnüşi.

**DERŇEW** — haýsy-da bolsa bir wakanyň sebäbini we günäkärini anyklamaga gönükdirilen iş.

**DELILNAMA** — bir wakany, hadysany ýa-da bolan wakany tassyklamak, oňa güwä geçmek maksady bilen birnäçe adam tarapyndan düzülen resminama.

**DYNÇ ALYŞ WAGTY** — işgäriň işden boş bolan we öz islegine görä peýdalanmagy mümkin bolan wagt.

**DEKLARASIÝA** — (latyn) beýanat, girdežisi we baýlyklary hakynda salgyt tölemäge çekilen şahsyň arzasy.

**DAWA** — özüniň raýatlyk hukugyny goramak hakynda sud arkaly edilen arznama.

**EKSPERTIZA** — meseleleriň ekspertler tarapyndan derňelip öwrenllmegi.

**EKSTERNAT** — (latyn) daşky; bigäne; okuw jaýynda gös-göni okamadyk şahslar üçin okuw kursy boýunça ekzamenleri tabşyrmak üçin bellenilen tertip.

**EMANSIPASIÝA**—(latyn) jebir-zulumdan, garaşlylykdan, galp düşünjelerden gutulmak, deň hukuklylyga eýe bolmak, azatlyga çykmak.

**GOŞMAÇA IŞ (ORUNDAŞLYK)** — kärhanalarda esasy iş bilen bilelikde pul tölenilýän başga wezipede işlemek.

**GÜNÄ** — jemgyýetçlik düzgün-nyzamyna we ahlak normalaryna ters gelýän ýerliksiz hereket.

**GÜNÄLENÝÄN** — jenaýat jogapkärçiligine dahylly şahsyýet.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**HULIGANÇYLYK** — Jemgyýetçilik tertip-düzgünlerini äsgermän urup-ýenjip, bedene şikest ýetirilmegi.
**HUSUSY KESGITNAMA -** sud seljermesi wagtynda höküm bilen bir wagtda çykarylýan karar.
**HÖKÜM** — günäkäre jeza bermek ýa-da ony aklamak hakynda suduň çykaran karary.
**HUKUK** — döwlet tarapyndan bellenilen we goralýan kada-kanunlaryň ulgamy.
**HUKUK GATNAŞYGY** — gatnaşyjylaryň hukuklaryny we borçlaryny belleýän, kanun normalary bilen tertipleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşygy.
**JENAÝAT** — kanun bilen gadagan edilen, jeza berilmegine dogry gelýän, jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) jenaýat diýlip hasaplanýar.
**JOGAPKÄRLIK** — ýerliksiz hereketi üçin jogap berilmegini talap edýän ýagdaý.
**JEBIRLENIJI** — jenaýatly hereketiň netijesinde zyýan çeken adam.
**JEZA** — hukuk bozujy diýlip tapylan şahs babatda döwletiň adyndan suduň hökümi bilen ulanylýan, belli bir hukukdan we azatlyklardan mahrum etmekden ybarat bolan mejbur ediş çäresi.
**JERIME** — günäkärden döwletiň hasabyna kanunda bellenen mukdarda pul öndürilip alynmagy.
**KANUN** — döwlet häkimiýetiniň ýokary organy tarapyndan bellenilen tertipde kabul edilýän kadalaşdyryjy nama.
**KASAM ETMEK** — ant içmek, bir zady etmek üçin resmi ý-da dabaraly ýagdaýda wada bermek, wepaly bolmak.
**KAST ETMEK** — günäniň görnüşleriniň biri. Şunda jenaýatçy öz etmişiniň jemgyýete howpludygyny bilýär, zyýanly netijelerini görýär we ony aňdüşünjelilik bilen amala aşyrýar.
**KODEKS** — (latyn) hukugyň bir şahasyna degişli kanun-kadalaryň toplumy.
**KONSTITUSIÝA** —(latyn) gurluş, döwletiň esasy kanuny. Ol döwletiň sosial - syýasy, döwlet gurluşyny, organlar sistemasyny, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny aňladýar.
**KONWENSIÝA** —(latyn) ylalaşyk, köptaraplaýyn halkara şertnamalarynyň bir görnüşi.
**KONTRABANDA** — (kontr we banda) harytlaryň döwlet serhedinden bikanun ýol bilen geçirilmegi.
**KEZZAPÇYLYK**— emlägiň aldamak we başga ýollar bilen eýelenmegi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**LISENZIÝA** — (latyn) erkinlik, hukuk, rugsat bermek. Meselem, oýlap tapyş üçin berilýän tehniki resminama, söwda bilen meşgullanmak üçin berilýän rugsatnama.

**MIRAS** — aradan çykan adamyň emläginiň öz garyndaşlarynyň ýa-da beýleki ýakyn adamlarynyň ygtyýaryna geçmegi.

**OBLIGASIÝA** — gymmatbaha kagyzyň görnüşi bolup, onuň eýesi ozal bellenen mukdarlarda ýyllyk girdeji alyp durýar.

**ÖLÜM JEZASY** — iň ýokary jeza çäresi. Bu jeza wagtlaýyn häsiýete eýe bolan adatdan daşary jeza çäresi hasaplanýar.

**PARITET** — ( latyn) deňlik, dürli döwletleriň pul birligindäki ýa-da agyrlyk ölçeglerindäki deňölçeglilik.

**PATENT** — belli bir möhletiň dowamynda nähilidir bir iş bilen meşgullanmak üçin berlen resminama.

**PENÝA** — borçnamanyň öz wagtynda ýerine ýetirilmänligi üçin berilýän sanksiýa, tölenilýän summa.

**POŞLINA (PAÇ)** — döwlet we beýleki organlar tarapyndan ýerine ýetirilen işler üçin öndürilip alynýan pul ýygymy.

**PEŞGEŞ** — şahsyň öz emlägini başga şahsyň peýdasyna mugt bermegi hakynda şertnama.

**PARZ** - (arapça) borç, borçnama, ähli musulmanlaryň ýerine ýetirmegi hökmany bolan talaplaryny we normalaryny aňladýan din-hukuk kategoriýasy.

**PERMAN** — döwlet baştutany tarapyndan çykarylýan resminama.

**REPLIKA** — (latyn) gaýtalaýaryn, jogap berýärin. Gysgajyk pikirlenme, protest, närazylyk, jogap.

**SANKSIÝA** — hukuk bozulmasy babatda döwlet tarapyndan ulanylýan ätiýaçlyk çäresi.

**SESSIÝA** — (latyn) mejlis, geňeş, ygtyýarly organlaryň guramaçylyk-hukuk işiniň bir görnüşi.

**SUBSIDIÝA** — (latyn) subsidium — kömek, döwlet býujetiniň hasabyna ýerli häkimiýet organlaryna, ýuridik we fiziki taraplara berilýän kömek.

**SORAG** — derňewde sorag etmegiň we sud mejlisinde şahsdan görkezme hem-de düşündiriş almagyň serişdesi.

**ŞAÝAT** – bolan hadysany hut gözi bilen gören, bilenlerini aýdyp bermek üçin sud seljermesine çagyrylan adam.

**ŞERTNAMA** – iki ýa-da birnäçe şahsyň arasyndaky özara gatnaşyklary bellemek, olary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakyndaky ylalaşyk.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**ŞAHSYÝETIŇ ELDEGRILMESIZLIGI** — raýatyň konstitusion şahsy hukuklaryndan we azatlyklaryndan biri.
**ŞEREKET** — bir işi bilelikde etmek maksady bilen birleşen adamlaryň hyzmatdaşlygy, ýoldaşlyk birleşigi.
**TALAŇÇYLYK -** özgäniň emlägini talamak maksady bilen hüjüm edip, bedene şikes ýetirilmegi.
**TAMAKINLIK**—maddy bähbitlilik, açgözlük, baýlyk artdyrmak ugrunda edilýän jenaýatçylyk hereketi.
**TERRORÇYLYK AKTY** — döwletiň howpsuzlygyna garşy, konstitusion gurluşyň esaslaryna garşy gönükdirilen jenaýat.
**UMUMY EMLÄK** — kanunçylyga görä iki ýa-da ondan köp adama degişli emläk.
**UMUMY SAÝLAW HUKUGY** — kanunda bellenen ýaşa ýeten raýatlaryň häkimiýetiň wekilçilikli organyna bolýan saýlawlara gatnaşmak hukugyny berýän saýlaw hukugynyň sistemasy.
**WESÝETNAMA** — emlägi mirasdarlara geçirmek hakyndaky wesýetiň ýazgysy ýazylan resminama.
**WYŽDAN AZATLYGY** — bu raýatlaryň islän dinine ynanmak ýa-da hiç bir dine ynanmazlyk hukugy.
**ÝURIDIK (HUKUK) AKT** — döwlet organlary, wezipeli şahslar tarapyndan öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çykarylýan buýruk .
**ÝURIDIK (HUKUK) JOGAPKÄRÇILIGI** — jeza bermek; ýuridik borçnamalaryny bozan şahs, günäkär babatda kanunda göz öňünde tutulan sanksiýalaryň ulanylmagy.
**ÝURIDIK (HUKUK) FAKTLAR** — hukuklaryň we borçlaryň ýüze çykmagy, üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy bilen bagly bolan ýagdaýlar.
**ÝURIDIK (HUKUK) ŞAHS** — raýatlyk hukuklarynyň we borçnamalarynyň anyk subýekti.
**ÝURISKONSULT** — (latyn) hukukşynas, kärhanalarda we edaralarda ýuridik meseleler boýunça maslahatçy hökmünde işleýän hünärmen, ýurist.
**ÝUSTISIÝA** — sud guramalarynyň işini bildirýän giň manydaky hukuk düşünjesi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# MAZMUNY

Derslikden peýdalanmak boýunça umumy görkezmeler ... ..................................... 3
1-*nji tema.* Özbegistan Respublikasy – özbaşdak döwlet ...................... ................... 4

*I BAP*
**ŞAHS, JEMGYÝET WE DÖWLET**

*2-nji tema. Şahs*.........................................................................................10
*3-nji tema.* Jemgyýet.....................................................................................15
*4-nji tema.* Döwlet ........................................................................................20
*5-nji tema.* Döwletiň funksiýalary ..................................................................25
*6-njy tema.* Döwletiň dolandyryş şekli .............................................................30
*7-nji tema.* Döwletiň gurluş şekli ....................................................................35
*8-nji tema.* Syýasy düzgün (režim). Döwlet organlary. Döwlet mehanizmi .... ......40
*Bap boýunça test nusgalary* .............................................................................46

*II BAP*
**RAÝATLYK JEMGYÝETI WE HUKUK DÖWLETI**

*9-njy tema.* Raýatlyk jemgyýeti ......................................................................48
*10-njy tema.* Hukuk döwleti...........................................................................53
*Bap boýunça test nusgalary* .............................................................................58

*III BAP*
**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ GURALYŞY**

*11-nji tema.* Özbegistan Respublikasynda döwlet dolandyryşy ..............................60
*12-nji tema.* Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti ...........................................65
*13-nji tema.* Özbegistan Respublikasynda kanun çykaryjy organ..............................70
*14-nji tema.* Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýet organlary.......75
*15-nji tema.* Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy ..........................................80
*Bap boýunça test nusgalary* . .............................................................................86



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*IV BAP*

## AHLAK WE HUKUK. HUKUK GATNAŞYKLARY

*16- njy tema.* Ahlak we hukuk ........................................................................90
*17-nji tema.* Hukuk normalary ........................................................................95
*18-nji tema.* Hukuk ugurlary ........................................................................100
*19- njy tema.* Hukuk gatnaşyklary ........................................................................105
*20-nji tema.* Özbegistan Respublikasynyň kanun çeşmeleri..................................110
*21-nji tema.* Hukuk aňy we hukuk medeniýeti ...............................................115
*Bap boýunça test nusgalary* ........................................................................121

*V BAP*

## KANUN BOZMA WE ÝURIDIK JOGAPKÄRLIK

*22-nji tema.* Kanun bozma ........................................................................124
*23-nji tema.* Ýuridik jogapkärlik........................................................................129
*24-nji tema.* Hukuk goraýjy döwlet organlary ................................................134
*25-nji tema.* Adalat ministrligi. Adwokatura we Notarial edaralar .......................140
*26- njy tema.* Ýaragly Güýçler we ýaşlary harby-watançylyk ruhunda terbiýelemek ........................................................................146
*Bap boýunça test nusgalary* ........................................................................152

*VI BAP*

## KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLERIŇ HUKUKLARY, BORÇLARY

*27-nji tema.* Raýatlyk kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary ........................................................................154
*28-nji tema.* Jenaýat kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary ........................................................................159
*29- njy tema.* Maşgala kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary ........................................................................164
*30- njy tema.* Zähmet kanunçylygynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary ........................................................................169
*Bap boýunça test nusgalary* . ........................................................................175
Goşmaça: Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklary we borçlary.........................178
“Özbegistanyň döwleti we hukuk esaslary”ndan meseleler ..................................181
Käbir ýuridik adalgalaryň düşündirişli sözlügi... ................................................185



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

K–21 **Özbegistanyň döwlet we hukuk esaslary:** 8-synp üçin/Awtorlar topary; Jogapkär redaktorlar: — T: “Huquq va Jamiyat”, 2019 – 192 b.

ISBN 978-9943-5875-7-1

**OMINA ABDURAHMANOVNA KARIMOVA**
**NARGIZA QAMARITDINOVNA ISMATOVA**
**SHUHRATBEK ERGASHEVICH SARIQOV**
**OMINA ERGASHEVNA AMANOVA**

# O‘ZBEKISTON DAVLATI VA HUQUQI ASASLARI

*O‘zbekiston Respublikasi Xalq ta’lim vazirligi umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 8-sinf o‘quvchilari uchun darslik sifatida tavsiya etgan*

"Huquq va Jamiyat" nashriyoti, 2019,
Toshkent, Yunusobod 6, Jumamasjid ko‘chasi

Terjime edenler: *G.Abdullaýewa, K.Hallyýew*
Redaktor *J.Metýakubow*
Tehniki redaktor *A.Umarowa*
Kompýuterde sahaplaýjy *K.Hallyýew*
Korrektor *J. Metýakubow*

Litsenziya AI №022, 27.10.2018 yil.

Çap etmäge 2019-njy ýylyň 5-nji awgustynda rugsat edildi. Möçberi 70×901/16. Kegli 12,5, 11 şponly. “Tayms” garniturasy, Ofset çap ediliş usul. Çaplisti 12,5. Neşir listi 13,0. 1067 nusgada çap edildi. Buýurma №19-13

"Huquq va Jamiyat" nashriyoti matbaa bo‘limi.
Toshkent, Yunusobod 6, Jumamasjid ko‘chasi.
Guvohnoma №10-2750, 13.06.2017 yil

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýol-başçysynyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýol-başçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE